**Ç.Ýusupow, Ş.Hudaýberdiýew**

# PEDAGOGIKA WE PSIHOLOGIÝA

(umumy düşünjeler)

Professor B.B.Basarowyň redaksiýasy bilen

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
„Ylym” neşirýaty
2014

UOK 37+159.9:378
Ý 90

**Ýusupow Ç., Hudaýberdiýew Ş.**
Ý90 **Pedagogika we psihilogiýa.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy– A.: Ylym, 2014. – 180 sah.

Ç. Ýusupow we Ş. Hudaýberdiýew tarapyndan taýýarlanan bu okuw gollanmasy ýokary okuw jaýlarynyň talyplary we mugallymlary hem-de pedagogika we psihologiýa bilen gyzyklanýan ähli okyjylar üçin niýetlenendir.

TDKP №302, 2014 KBK 74.00+88 ýa 73

© Ç.Ýusupow, Ş.Hudaýberdiýew, 2014
© "Ylym" neşirýaty, 2014



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama*:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama*:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Hormatly Prezidentimiziň bilim ulgamyny dünýä ülňülerine laýyk ösdürmek, berilýän bilimiň hilini kämilleşdirmek, ösüp gelýän ýaş nesliň sowatlylyk derejesini ýokarlandyrmak boýunça alyp barýan syýasatyny durmuşa geçirmek bilim ulgamynyň işgärleri üçin wajyp wezipeleriň biri bolup durýar.

Bilim ulgamynyň işgärleri hormatly Prezidentimiziň öz öňlerinde goýan bu wezipelerine düşünýärler we bu ugurdan işleriň giň toplumyny alyp barýarlar.

Olaryň ilkinjisi we iň möhümleriniň birisi – berilýän bilimiň hilini we pedagogik işiň netijeliligini ýokarlandyrmak bolup durýar. Berilýän bilimiň hilini ýokarlandyrmak meselesi, öz gezeginde, okuw kitaplarynyň we gollanmalarynyň, olaryň many-mazmunynyň täzeligi, döwür bilen, durmuş bilen baglanyşykly bolmalydygyna syrygýar.

Häzirki döwürde ýurdumyzda innowasion täzeliklere we özgertmelere giň ýol açyldy. Bilim ulgamynda asyrlara barabar işler alnyp barylýar. Bu zatlaryň ählisini ýaşlaryň gursagyna guýmak meselesi ulgamda döredijilikli zähmet çekýän mugallymlaryň paýyna düşýär.

Hormatly Prezidentimiziň görkezmelerinden ugur alyp, onuň giň tagallalaryna daýanyp ýurdumyzyň tejribeli mugallymlary, alymlary ýokary okuw mekdepleriniň talyplary we mekdep okuwçylary üçin okuw kitaplaryny, gollanmalaryny ýazmaklygy dowam etdirýärler.

Biz hem hormatly Prezidentimiziň görkezmelerinden ugur alyp, talyp ýaşlar üçin şeýle ruhdaky pedagogika we psihologiýa dersinden okuw gollanmasyny ýazmaklygy maksat edindik.

Gollanma iki bölümden ybarat bolup, ,,Pedagogikanyň umumy meseleleri” we ,,Psihologiýanyň umumy meseleleri” diýlip atlandyrylýar.

Pedagogika we psihologiýa ylymlary ýaşlary okatmak, terbiýelemek we döwrebap, kämil şahsyýetleri kemala getirmek işinde möhüm dersler hökmünde häsiýetlendirilýär we ýokary okuw mekdepleriniň okuw meýilnamalarynda öz beýanyny tapýar.

Gollanmada ady agzalan dersler boýunça geçilýän temalar bilen baglanyşykly adalgalara, düşünjelere giň orun berildi. Şol adalgalar, düşünjeler pedagogika we psihologiýa derslerine degişli temalar özleşdirilende, öwrenilende talyplar üçin möhüm ylmy maglumat bolup hyzmat edip biler diýen nukdaýnazardan ugur alyndy.

Okuw gollanmasy pedagogika we psihologiýa dersleri boýunça taýýarlanylan okuw maksatnamalaryna laýyk getirildi hem-de olardaky özleşdirilmesi göz öňünde tutulýan temalaryň mazmunyndan ugur alyndy.

Okuw gollanmasy ýazylanda häzirki güne çenli ulanylyp gelinýän okuw kitaplaryndan, gollanmalaryndan, esasan hem, professor B.B. Basarowyň we pedagogika ylymlarynyň kandidaty, dosent Ş. Haljanowyň işlerinden ugur alyndy we peýdalanyldy.

Okuw gollanmasy diňe bir bilim ulgamynyň işgärleri, okuwçy we talyp ýaşlar üçin däl-de, bu ugurlar bilen gyzyklanýan dürli hünärdäki adamlar üçin hem peýdaly gollanma bolup hyzmat eder.

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow:**

***„Ýaşlarymyzyň dünýä standartlaryna laýyk hünär öwrenmekleri üçin ähli mümkinçilikleri dörederis“.***

***„Ýaşlykda bilim-hünär almak her bir ynsan üçin parzdyr.***

***Kämil ylym-bilim durmuşymyzyň manysy, çözülmeli meseleleriň açarydyr“.***

## PEDAGOGIKANYŇ UMUMY MESELELERI

**Pedagogikanyň predmeti.** Her bir ylmyň öz öwrenýän predmeti bolýar. Mysal üçin, taryh ylmy adamzat jemgyýetiniň döreýşini hem ösüşini öwrenýär. Psihologiýa ylmynyň predmeti psihikanyň döreýşiniň, ösüşiniň, kemala gelşiniň, şeýle hem adamy taryhy şahs hökmünde häsiýetlendirýän aňyň psihologik kanunalaýyklyklaryny öwrenmekden ybaratdyr. Pedagogika ylmy kämil şahsyýeti terbiýeläp ýetişdirmegiň meseleleri bilen iş salyşýar. Başgaça aýdylanda, pedagogikanyň predmeti ýaş nesle ylym-bilim, edep-terbiýe bermegi häzirki döwrüň talaplaryna laýyk, Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwrüniň şertlerine kybapdaş ýola goýmagyň kanunlary bilen düzgünlerinden, olaryň içerki sazlaşyklaryndan hem gatnaşyklaryndan ybarat bolup durýar.

Pedagogika ylym-bilim, tälim-terbiýe, edep-ekram bilen baglanyşykly möhüm meseleler bilen iş salyşýar, irki wagtlardan tä şu döwre çenli toplanan tejribeleri, häzirki döwürde amal edilýän, geljekde durmuşa geçirilmeli işleri öz içine alýar. Pedagogika ylmy ýurduň bilim ulgamyny herekete getirýän, ony ilerledýän güýçdür. Gysgaça aýdylanda, pedagogika ynsan

terbiýesi hakyndaky ylymdyr. Bu „peýdagogos“ diýen grek sözünden gelip çykan düşünje bolup, ilkibaşda ol „çagany mekdebe gatnadýaryn” diýen manyda ulanylypdyr. Sebäbi Gadymy Gresiýada gul eýesiniň çagasyny mekdebe äkidip-getirýän ýörite hyzmatkär gul bolupdyr. Soňabaka, adamzat jemgyýetiniň ösmegi bilen pedagogika başdaky manysyny üýtgedip, giň mana eýe bolup başlaýar. Ol jemgyýetçilik ylymlarynyň düzüminde esasy orunlaryň birini eýeleýär. Türkmenlerde pedagogika düşünjesi tälim-terbiýe, edep-ekram, edim-gylym ýaly aňlatmalaryň üsti bilen berilipdir.

Beýleki ylymlar ýaly, pedagogika hem adamzat jemgyýetiniň ýaşaýyş islegine, durmuşyň öňe süren talaplaryna laýyklykda döräpdir hem ösüpdir. Çünki dowam edýän jemgyýetçilik önümçiligini saklamak, mundan beýläk hem ösdürmek üçin ýaş nesli durmuşa taýýarlamak, jemgyýetiň talaplaryna jogap berip biler ýaly şahsyýetleri kemala getirmek zerurlygy hiç wagt aradan aýrylmaýar. Şeýlelikde, terbiýe nesilleriň arasyndaky baglanşygy emele getirip, berkidip hem-de ösdürip durýar.

Berkararlyk ýyllary içinde bilimiň mazmuny döwrebaplaşdyrylýar, kämilleşdirilýär. Bu babatda bilim konsepsiýasynda öňe sürülýän pedagogik garaýyşlary, okuw-usulyýet täzeliklerini, „Bilim hakyndaky“ Türkmenistanyň Kanunyny (2013) we beýleki resminamalary görkezmek bolar.

Terbiýe bilen didaktika diýen düşünjeler ylymda biri-birinden tapawutlanýarlar. Bu iki düşünje bir-birinden parhlydyr, olaryň döreýşi-de deň däldir. Terbiýe adamzat jemgyýeti döräli bäri bardyr, didaktika (okatmak nazaryýeti) bolsa, ep-esli soň ýüze çykýar. Has takygy, jemgyýetde okuw-terbiýeçilik edaralaryna bolan zerurlyk dörän mahallarynda pedagogika ylym hökmünde kemala gelip başlaýar. Taryhy çeşmeleriň görkezişine görä, şunuň ýaly zerurlyk mundan dört ýarym müň

ýyl ozal gadymy Hytaýda, Hindistanda, Müsürde, Persiýada, birneme soňrak bolsa gadymy Gresiýada (Spartada we Afinyda) döräpdir.

Terbiýäniň ýok ýerinde jemgyýetiň ýaşamagy we öňe gitmegi mümkin däldir. Şol nukdaýnazardan seredeniňde, terbiýäni umumy we hemişelik kategoriýa diýip kabul etmek bolar. Bu bolsa terbiýäniň gadymylygyny we müdimiligini aňladýar.

Türkmenistanyň bir jemgyýetçilik gurluşyndan beýleki bir jemgyýetçilik gurluşyna geçýän döwürlerinde-de terbiýe özüniň ösüşi üçin giň mümkinçiliklere eýe bolýar. Şu ýerde terbiýäniň jemgyýetçilik-ykdysady gurluşlarynyň hemmesi üçin birmeňzeş bolan taraplarynyň, ýagny umumy alamatlarynyň bardygyny hem aýtmak gerek. Mysal üçin, ýaşuly nesil tarapyndan toplanylan tejribäniň ýaş nesle geçirilişi; belli bir ideologiýanyň emele getirilişi; ýaş nesliň saglygy barada edilýän aladalar; bilim bermek, sowatly, edepli edip ýetişdirmek ýaly işler jemgyýetçilik-ykdysady gurluşlarynyň ählisi üçin hem häsiýetli bolan taraplardyr. Şonda, öňde goýulýan maksat, geçirilýän işiň mazmuny, gurluşy, usullary başgaça, ýagny dürli-dürli bolup biler. Pedagogik nazaryýet barada aýdylanda bolsa, munuň özi bir ýa-da birnäçe adamyň bilelikde döreden ylmy işiniň jemi, gözleg-agtaryşlarynyň netijesi bolup durýar. Bu ýagdaý, öz gezeginde, häli-şindi ýüze çykyp duran çylşyrymly pedagogik hadysalardan nähili we neneňsi baş çykaryp boljakdygyny öwredýär, okuw-terbiýeçilik işine ýolbaşçylyk edip bilmegiň, ony dolandyryp hem ugrukdyryp durmagyň dogry ýollaryny salgy berýär. Pedagogik nazaryýet tejribede gabat gelýän hadysalary ylmy taýdan düşündirmäge-de ukyplydyr. Pedagogik nazaryýetiň güýji onuň ylym-bilim, tälim-terbiýe meselelerini öňdengörüjilik bilen beýän edip bilýänligindedir. Ol şeýle hyzmaty bitirip bilmese, onda ylmy nazaryýet güýçsüz

bolup galar. Pedagogik nazaryýet praktiki işde döredijilikli pikirlenmegiň esasy guralydyr.

Pedagogikanyň mazmuny barada aýdylanda, ol okuw-terbiýeçilik döwrüniň möhüm meselelerini öz içine alýar: sowatly, ruhy taýdan baý ynsanlary terbiýeläp ýetişdirmegiň geçmişde neneň ýola goýlanlygy, bu ugurda häzirki döwürde durmuşa geçirilýän çäreler, bilim ulgamy, mugallymyň ýeňil bolmadyk jogapkärli işi, bilimiň mazmuny, okatmagyň maksatlary, gurluşy, usullary, kemally şahsyýeti ýetişdirmegiň esasy ugurlary: akylly, ahlakly, zähmete ukyply ynsanlary kemala getirmegiň ýollary; maşgala terbiýesiniň pedagogik esaslary, mekdep işini dolandyrmagyň meseleleri we ş.m.

Terbiýeçilik işiniň esasy maksady kemally adamy terbiýeläp ýetişdirmeklige gönükdirilendir. Şonuň üçin bilim ulgamy mekdebiň, mugallymyň öňünde anyk wezipeleri goýýar. Sazlaşykly ösen şahsyýeti terbiýeläp ýetişdirmeklige gönükdirilen her bir okuw-terbiýeçilik işine döredijilikli çemeleşilmelidir.

Pedagogikanyň maksady sazlaşykly ösen şahsyýeti kemala getirmeklige tabyn edilendir. Bu bolsa ylymlaryň esaslaryny özleşdiren sowatly, daşarky we içerki faktorlar, ykdysady durmuşy we medeni meseleler babatynda-da sagdyn pikirli, berk bedenli, hünärmen adamlary terbiýeläp ýetişdirmekligi göz öňünde tutýar diýildigidir; garaşsyz türkmen diýaryna, onuň sabyrly, parasatly, agzybir halkyna buýsanç duýgusy bilen garamagy, ata Watanyň hatyrasyna zähmet çekmegi başarýan ruhubelent, ynsaply milli hünärmenleri taýýarlap ýetişdirmegiň ýollaryny salgy bermeklik diýildigidir.

Türkmenistanda onikiýyllyk umumy orta bilime geçmegiň konsepsiýasynda bellenişi ýaly, onikiýyllyk orta mekdebiň maksady döwrebap bilim bermek bilen bir hatarda, mekdebi

tamamlaýanlary durmuşa taýýarlamak, jemgyýete sazlaşykly goşmak, ösen şahsyýet hökmünde özüniň we ýurdunyň bähbitlerini gorap bilýän raýatlar edip ýetişdirmek bolup durýar.

**Pedagogika ylmynyň wezipeleri.** Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň: „Biz ata Watanymyzyň bagtly geljegini Türkmenistanyň ösüp gelýän ýaş nesli bilen baglanyşdyrýarys" diýmegi okuw-terbiýeçilik işiniň mazmunyny täzelemegi, bilim ulgamynda giň özgertmeleri geçirmekligi talap edýär, adamlarda ruhy birlik bilen kämil aňy terbiýelemegi baş maksat edip öňe çykarýar. Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwrüniň ruhy hem beden taýdan sagdyn, hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösen şahsyýeti kemala getirmek meselesiniuň, ýurdumyzyň bilim ulgamynyň we bütin türkmen jemgyýetiniň baş aladasyna öwrülendiginden, ýaş nesle ähli ugurlardan: akyl, ahlak, gözellik, zähmet, beden terbiýesini bermekligiň esasy wezipe edilip goýlandygyndan nyşandyr. Bu babatda „Bilim hakyndaky" Türkmenistanyň Kanunynda (2013) görkezilen üç basgançakly orta bilimiň mazmunyna girizilen täzelikleri mysal getirmek ýerlikli bolar.

Umumybilim maksatnamalary boýunça bilimiň şu aşakdaky basgançaklary bellenilýär:

1. Mekdebe çenli bilim (başlangyç bilime taýýarlygy hem goşmak bilen);
2. Başlangyç bilim (1-4-nji synplar);
3. Esasy orta bilim (5-10-njy synplar);
4. Umumy orta bilim (11-12-nji synplar).

Onikiýyllyk umumy orta bilimiň baş maksady:

Barha ösýän jemgyýetde ýaşamaga ukyply, jemgyýetiň bähbitlerini we özüniň şahsy bähbitlerini goramak üçin taýýar, bilimli, döredijilikli, zehinli şahsyýetleri kemala getirmek we ösdürmek;

Dünýä jemgyýetçiliginde Türkmenistanyň bilimde, ylymda, medeniýetde, sungatda, ýokary tehnologiýada we ykdysadyýetde ösen döwlet bolmagyny gazanmak bolup durýar.

Hormatly Prezidentimiziň öňe sürýän maksatnamalary türkmen halkynyň agzybirliginiň, asudalygynyň, abadanlygynyň kepilnamasy hem-de ýurduň ykdysady, durmuşy, syýasy we medeni ösüşiniň girewi bolup, bilime, terbiýä, taryha, medeni mirasa bolan garaýşyň anyklanmagy, beýleki möhüm meseleleriň çözgüdiniň görkezilmegi pedagogika ylmy üçin aýdyň ýörelge boldy.

Jemgyýetçilik durmuşynyň tutuşlygyna üýtgedilip gurulýan, on ýyllyklaryň dowamynda goýberilen kemçilikleriň aradan aýrylýan, ynsanperwerligiň türkmen durmuşynyň häzirki akymyna ornaşdyrylýan, türkmen halkynyň taryhyna, gündelik durmuşyna, ruhy baýlygyna, milli diline, däp-dessurlaryna aýratyn ähmiýet berilýän häzirki döwürde hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösen şahsyýeti terbiýeläp ýetişdirmek wezipesi ör boýuna galdy. Şeýle ýagdaýda döwrebap ýaş nesli kemala getirmek wezipesini öz üstüne alan bilim ulgamyny döwrüň talaplaryna laýyk guramagyň ylmy esasyny berip bilýän pedagogikanyň gymmaty has hem ýokarydyr. Durmuşyň öňde goýan deslapky talaplary pedagogika ylmynyň häzirki zaman wezipelerini anyklamaga mümkinçilik döretdi. Şol wezipeler:

– sazlaşykly ösen kämil şahsyýeti, jebis we agzybir adamlary terbiýeläp ýetişdirmegiň dürs ýollaryny agtaryp tapmakdan;

– okuw-terbiýeçilik işiniň döredijilikli, döwrebap usullaryny işläp düzmekden, şeýlelikde, terbiýeçilere, mugallymlara, ata-enelere, terbiýeçilik işi bilen meşgul bolýan beýleki adamlara tejribelik kömegini bermekden;

– öňdebaryjy pedagogik tejribäni, täzelikçi mugallymlaryň iş usullaryny öwrenmekden, umumylaşdyrmakdan hem-de bu ugurda zähmet çekýän hünärmenlere elýeterli etmekden;

– mugallymlar, mekdep ýolbaşçylary, bilim ulgamynyň ähli işgärleri üçin Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwrüniň talaplaryna laýyk gelýän okuw kitaplaryny, ylmy-usuly gollanmalary döretmekden;

– okuwçylaryň ýaş, fiziologik, psihologik aýratynlyklaryny, ukyplaryny, başarnyklaryny, ýykgyn edýän taraplaryny göz öňünde tutmak bilen ylym-bilim, tälim-terbiýe bermegiň ylmy esaslaryny işläp taýýarlamakdan;

– umumybilim berýän mekdepleriň, hünärment okuw jaýlarynyň işini üzül-kesil kämilleşdirmegiň, olarda okap bilim alýan, hünär öwrenýän ýaşlaryň her biriniň ykbaly bilen içgin gyzyklanyp, kimiň nämä ukyplydygyny, haýsy käre ymtylýandygyny anyklap bilmegiň, garaşsyz türkmen döwletine gerekli, şol bir wagtyň özünde-de olara hünär saýlamagyň dogry ýollaryny salgy berip bilmekden hem-de kyn meseleleriň çözgüdini tapyp bermekden ybaratdyr.

**Pedagogika ylmynyň pudaklary.** Tälim-terbiýe, ylym-bilim bermek, edep-ekram, edim-gylym öwretmek baradaky jaýdar pikirler ençeme asyrlaryň dowamynda beýik akyldarlaryň, filosoflaryň, şahyrlaryň eserlerinde, taryhy we medeni ýadygärliklerde, halk döredijiliginde ýaşap geldi. Pedagogika ylmy özbaşdak ylym hökmünde öňe çykandan soň, onuň öz içinde differensirleşme (bölünme) döwri başlanyp, bu baradaky ylym giden bir ulgama öwrüldi, ýagny pedagogikanyň pudaklary emele geldi.

1. Maşgala pedagogikasy – çagany maşgalada terbiýelemegiň esasy ugurlary bilen iş salyşýar, ata-enäniň, uly ýaşly adamlaryň tälim-terbiýe, edep-ekram öwretmekdäki tejribesini öwrenýär, nusga alarlykly bolanlaryny ile ýaýýar. Maşgala terbiýesiniň pedagogik esaslary baradaky ylmy-usuly gollanmalary döredýär.

2. Halk pedagogikasy – bilim bermek, tälim bermek, edep öwretmek babatynda halk köpçüligi tarapyndan müňýyllyklaryň dowamynda döredilen düzgünler, serişdeler hem-de usullar bilen iş salyşýar. Onuň täsir edijilik güýji ähli döwürlerde-de ýokary bolupdyr. Türkmen halk pedagogikasyny ylmy taýdan düýpli işlän belli alym – pedagog Gurban Pirliýewdir.

3. Mekdebe çenli çagalar edaralarynda terbiýelemegiň hem okatmagyň meseleleri bilen iş salyşýan pedagogika.

4. Mekdep pedagogikasy – okuwçylary döwrebap okatmagyň we terbiýelemegiň meselelerini ylmy esasly derňeýär.

5. Tebigy taýdan kemis bolan (ker, kör, kemakyl, lal) çagalar üçin ylmy esasly işlenip düzülen pedagogika:

a) Surdopedagogika – lal we ker çagalaryň pedagogikasy;

b) Tiflopedagogika – kör we görüşi pes çagalaryň pedagogikasy;

ç) Oligofrenopedagogika – akyl taýdan ýetmez çagalaryň pedagogikasy;

d) Logopediýa – peltek gepleýän çagalaryň pedagogikasy.

Akyl-huşunda, hereketinde, gepleýşinde ýetmezi bolan çagalar üçin ýörite okuw merkezleri, okuw gollanmalary döredilip, hünärli pedagoglar bilen üpjün edilýär.

6. Ýörite usulýet – aýry-aýry predmetleri okatmagyň usullaryny, serişdelerini öwrenýär. Mysal üçin, türkmen dilini okatmagyň usulýeti, taryhy okatmagyň usulýeti we ş.m.

7. Pedagogikanyň taryhy – terbiýäniň we pedagogika ylmynyň döreýşi hem ösüşi bilen baglanyşykly meseleleri derňeýär.

Ýokarda agzalanlardan başga-da, pedagogika ylmynyň ulgamynda hünär, bilim pedagogikasy, ýokary okuw mekdepleriniň pedagogikasy, harby pedagogika, sungat pedagogikasy, sport, lukmançylyk ýaly pudaklar döräp hem ösüp başlady.

**Pedagogikanyň beýleki ylymlar bilen arabaglanyşygy.** Pedagogika ylmy beýleki ylymlar bilen gönüden-göni arabaglanyşykda durýar. Çünki görnükli rus pedagogy K.D.Uşinskiniň belleýşi ýaly: „Eger pedagogika adamyny hemmetaraplaýyn terbiýelejek bolsa, onda ol ilki bilen adama hemmetaraplaýyn öwredilmelidir“[1]. Pedagogika ylmy filosofiýa, sosiologiýa, taryh, edebiýat, psihologiýa, adam anatomiýasy we fiziologiýasy, mekdep gigiýenasy bilen berk baglanyşyklydyr. Ol, zerur bolanda, özüne gerekli maglumatlary logika, matematika, ykdysadyýet, dil bilimini öwreniş ýaly ylymlardan hem susup alýar. Tebigat dünýäsiniň, adamzat jemgyýetiniň, ynsan aňynyň ösüşiniň umumy kanunlary baradaky ylym bolan filosofiýa pedagogikanyň taglymy esasy bolup durýar. Terbiýaniň kanunalaýyklygy, içerki arabaglanyşygy, özara gatnaşygy ýeneki ösüşlere dialektiki materializmiň kanunlarynyň hem düzgünleriniň esasynda ýüze çykarylýar. Umuman alnanda, pedagogika ähli babatda-da filosofiýa ylmyna daýanýar, ýaş nesle terbiýe hem bilim bermegiň çylşyrymly meselelerini ylmy nukdaýnazardan işläp düzmeklikde oňa esaslanýar.

Pedagogika özüniň käbir takyk meselelerini işläp düzende jemgyýet öwreniş ylmyna-da daýanmaly bolýar, çünki bu ylym hem ýaşaýyş-durmuş gurşawynyň şahsyýetiň kemala gelmegine edýän täsirini, adamlaryň arasyndaky ýola goýlan jemgyýetçilik gatnaşyklaryny derňeýär. Pedagogikanyň taryh, aýratyn hem onuň etnografiýa bölümi bilen arabaglanşygy-da, edebiýat, halk döredijiligi bilen örkli bolup durýanlygy-da aýratyn üns bererliklidir. Türkmen halkynyň öz aslyna dolanmagy üçin mümkinçiligiň dörän, milli galkynyşyň herekete gelen mahalynda medeni we ruhy gymmatlyklaryň pedagogika üçin uly ähmiýeti bardyr.

---

[1] К.Д.Ушинский. Собр.соч. в 11 т. 8 М.-Л. 1950. с. 23.

Şu ýerde adam anatomiýasynyň we fiziologiýasynyň pedagogika bilen arabaglanşygy barada-da durup geçmek gerek, çünki, ol pedagogikanyň hem, psihologiýanyň hem tebigy-ylmy esasy bolup durýar. Fiziologiýa ylmynyň gazananlary okatmagyň we terbiýelemegiň pedagogik esaslaryny öwrenmekde, okuw döwrüniň gurluşyny ylmy esaslarda düşündirmekde, okuw-terbiýeçilik işiniň mazmunyny kesgitlemekde hem-de beýleki möhüm wezipeleriň çözgütlerini anyklamakda aýratyn ähmiýete eýedir.

Pedagogika psihologiýa ylmy bilen has hem ýakyn arabaglanyşykdadyr. Eger psihologiýa adamyň içki dünýäsi hem onuň ösüş kanunlary bilen iş salyşýan bolsa, pedagogika şol şahsyň içki dünýäsine, adamkärçilik sypatlarynyň sagdynlaşmagyna täsir edýän serişdelerini, usullaryny açyp görkezýär. Eger psihologiýa adamyň gylyk-häsiýetindäki, özüni alyp barşyndaky ýetmezçiligi açyp görkezýän bolsa, pedagogika şol kemçiligi haýsy serişdeleriň, usullaryň kömegi bilen terbiýeläp boljakdygyny salgy berýär.

Pedagogika beýleki ylymlar bilen hem baglanyşyklydyr. Bu bolsa pedagogika bilen iş salyşýanlaryň şol ylymlardan belli derejede habarly bolmalydygyny, olardan ýerlikli peýdalanyp bilmelidigini aňladýar.

**Pedagogikanyň ylmy-barlag usullary.** Pedagogik ylmy-barlaglar täze-täze ylmy düşünjeleri emele getirmegi, ylym-bilim öwretmegiň, tälim-terbiýe bermegiň kanunalaýyklygyna akyl ýetirip bilmegi göz öňünde tutýar. Onuň usullary aýratynlykda alnan bir okuwçynyň ýa-da tutuş kollektiwiň durmuşy öwrenilende-de, öňdebaryjy pedagogik tejribe öwrenilende-de, haýsydyr bir ylmy-usuly iş mekdep tejribesine ornaşdyryljak bolnanda-da, beýleki düýpli ylmy-barlag işleri geçirilende-de giňden peýdalanylýar.

Okuw-terbiýeçilik işleri bilen baglanyşykly haýsydyr bir pikir ýöredilende-de, pedagogik okaýyşlardyr maslahatlarda çykyş edilende-de, ylmy-usuly häsiýetli makalalardyr ylmy habarlar ýazylanda-da, okuw kitaplarydyr gollanmalar döredilende-de, garaz, pedagogik döwür bilen baglanyşykly meseleler hakynda çynlakaý gürrüň edilende-de bu usullara esaslanmazlyk mümkin däldir. Pedagogik ylmy-barlaglaryň usullaryny tutuşlygyna alanyňda olar mugallymyň hünär kämilligi hem ussatlygy bilen berk baglanyşykly bolup, okuw-terbiýeçilik döwrüni kämilleşdirmeklige niýetlenendir.

*Pedagogik ylmy-barlaglaryň aşakdaky ýaly usullary bize mälimdir:*

**1. Syn etmek, gözegçilik usuly** gerekli maglumatlary toplamagy, öwrenmegi hem-de umumylaşdyrmagy göz öňünde tutýar. Ýöne, näme öwreniljek bolunsa, ol ymykly göz astyna alynmalydyr, ençeme gezek syn edilmelidir. Beýik akyldar Magtymgulynyň:

„Hemdem bolup, içgin- içgin sormaýan,
Näbilsin, bir görüp gitse daşymdan“

- diýip belleýşi ýaly, adamy öwrenmek pedagog üçin örän synçy bolmalydyr, ony ençeme gezek görmelidir, onuň içki dünýäsine aralaşmagy başarmalydyr.

Pedagogik ylmy-barlag işini geçirýän adam okatmagyň haýsydyr bir usulynyň peýdalylygy, okuwçynyň haýsy okuw dersi bilen aşa gyzyklanýanlygy, nämelere ýykgyn edýänligi, aýry-aýry okuwçylaryň okuwdan beýleki wagtlarda özlerini nähili alyp barýandyklary, edepliligi, çagalar we ýaşlar guramalaryndaky işjeňligi ýaly birtopar maglumatlary syn etmek, gözegçilik etmek usuly arkaly öwrenip bilýär. Ýöne Magtymgulynyň:

„Bildirmez adamyň parhy,
Syn bilen daşdan dogrusy“

- diýip belleýşi ýaly, diňe bir syn etmek arkaly öwrenilýän adamyň ýa-da başga bir zadyň ähli tarapy barada ýeterlik maglumat almak mümkin däldir. Mysal üçin, arakesmede, okuwdan beýleki wagtlarda okuwçynyň özüni alyp barşy barada käbir zatlary bilip bolýan hem bolsa, bu usulyň üsti bilen ynsanyň içki dünýäsine aralaşmak mümkinçiligi çäklidir. Şoňa görä, muny beýleki usullar bilen utgaşdyryp alyp barmak maslahat berilýär.

**2. Söhbetdeşlik usuly**, esasan, haýsydyr bir pedagogyň iş tejribesi öwreniljek bolnanda, okuwçynyň edepliligi anyklanylanda, şahsyýetiň kemala gelşiniň şertleri, ýollary bilinjek bolnanda we ş.m. ulanylýar. Ýüzbe-ýüz bolnup, ýürekdeşlik bilen edilýän hoşniýetli söhbetdeşlikler köp zady anyklamaga, gürrüňdeş bolunýan adamyň içki dünýäsine aralaşmaga mümkinçilik döredýär. Akyldar şahyr aýtmyşlaýyn, ol „Içgin-içgin sorsaň, magny seçelär“. Şonda söhbetdeşiň „dillenmegi“, öz pikirini erkin, doly we dogry beýan edip bilmegi üçin amatly şert döretmek mugallyma diňe üstünlik getirip biler.

**3. Sowalnama usuly** okuwçylaryň bir ýa birnäçe ugurdan alan biliminiň derejesini haýsydyr bir zada (aýdaly, kärendeçilige, telekeçilige, ruhy gymmatlyklara we ş.m.) bolan garaýyşlaryny, ahlak sypatlaryny, kesp-käre bolan höwesini hem-de beýleki taraplaryny anyklamakda ulanylýar. Bu usul tejribe geçirmezden öňürti käbir meseleleri anyklamak niýeti bilen hem guralýar. Sowalnamanyň, galapyn, ýazuw üsti arkaly geçirilýänligi üçin, onuň soraglaryny pugta oýlanyp düzmek möhümdir. Sowalnama hem beýleki usullar bilen bilelikde peýdalanylýar.

**4. Eksperiment** – tejribe geçirmek, synag etmek, iş ýüzünde barlap görmek diýmekdir. Munuň gözegçilik hem sowalnama usullaryndan käbir artykmaçlygy bar. Eksperiment ýeke bir bar bolan tejribäni öwrenmek hem umumylaşdyrmak bilen çäklenmän, eýsem, täze tejribeleri geçirip, ylym-bilim, tälim-

terbiýe bermegiň ozal bize mälim bolmadyk täze meselelerini öňe sürüp bilýär. Okatmagyň we terbiýelemegiň gurluşlarynyň, usullarynyň, serişdeleriniň peýdalylygy hut eksperiment arkaly ýüze çykarylýar. Türkmen milli mekdebiniň, milli ahlagynyň, milli ruhunyň talaplaryna laýyk döredilen maksatnamalardyr kitaplar hem tejribede barlanyp görülýär. Edep-ekramyň sagdynlaşýanlygy-da eksperiment arkaly barlanylýar. Şeýle tejribeler geçirilende, köplenç, 2-3 sany ugurdaş synp ýa-da mekdep alnyp, olaryň biri tejribe, beýlekisi gözegçi synp ýa-da mekdep bolup hyzmat edýär. Tejribe geçirilýän synpda ýa-da toparda eksperiment geçirýäniň hödürlän teklipleri, usullary ylmy-usuly taýdan özüni ödese, onda ol iş ýüzünde durmuşa ornaşdyrylýar.

**5. Mekdep resminamalaryny öwrenmek.** Muňa pedagogik geňeşiniň kararlary, umumymekdep ata-eneler ýygnaklarynda garalan meseleler, okuwçylar baradaky gündelikler we beýleki maglumatlar, synp dergileri, umuman, okuw-terbiýeçilik döwri bilen baglanyşykly bolan resminamalar degişli bolup, olary öwrenmegiň netijesinde okuwçylaryň düzgün-tertibi berjaý edişi, okuwa bolan höwesi, erjelligi, ýykgyn edýän tarapy, hüý-häsiýeti, akyl we beden taýdan ösüşi hem-de gaýry sypatlary anyklanylýar. Bu zatlar pedagogik ylmy-barlag geçirýän tarapa gymmatly maglumatlary berip biler.

**6. Okuwçylaryň ýazuw-grafiki işlerini öwrenmek.** Okuwçylaryň sapakda we ondan daşary ýerine ýetiren ýazuw işleri, ýagny düzmeleri, beýannamalary, barlag işleri, okuw-görkezme esbaplary, grafiki işleri, gürrüň bermeleri, çykyş etmeleri hem-de beýlekiler olaryň hersine häsiýetli bolan aýratynlygy ýüze çykarmakda möhüm ähmiýete eýe bolup durýar. Okuwçylaryň özbaşdak ýerine ýetiren ýumuşlary boýunça kimiň kimligini aýyl-saýyl etmek, her bir okuwçynyň

nähili derejede öňe gidýänligini yzarlamak mümkinçiligi-de bardyr.

**7. Edebi çeşmeleri öwrenmek.** Pedagogik ylmy-barlag degişli edebi çeşmelerden, neşir edilip çykarylan materiallardan ýerlikli hem döredijilikli peýdalanyp bilmegi talap edýär. Muňa Garaşsyz Türkmenistan döwletiniň, onuň Prezidentiniň, ýurdumyzyň Bilim ministrliginiň ýaş nesle döwrebap bilim hem terbiýe bermek hakyndaky görkezmeleri, maslahatlary, öňe süren teklipleri, ýurtda bilim ulgamyny üýtgedip gurmak baradaky kararlary, asyrlaryň jümmüşinde dörän pedagogik pähimler; „Kowusnama“, „Oguznama“, „Gorkut ata“, „Görogly“, „Wagzy-Azat“, „Hadyslar“ ýaly onlarça ýazuw-ýadygärliklerinde öňe sürlen pedagogik pikirler; Gündogaryň beýik danalarynyň, Abu Reýhan Biruny, Muhammet Horezmi, Ibn Sina, Mahmyt Zamahşary, Nasyr Hysrow ýaly ýüzlerçe akyldarlaryň, Oguz han, Seljuk han, Alp Arslan, Mälik şa, Soltan Sanjar ýaly türkmene döwletlilik, şan-şöhrat getiren beýik şalaryň, hanlaryň, batyrlaryň gahrymançylygyny, gaýduwsyzlygyny, Ärsak, Anuşirwan ýaly taryhda ýaşap geçen meşhur patyşalaryň, Nagyşbendi, Baýezit Bistamy, Owhadeddin Enweri ýaly alymdyr şahyrlaryň; Däli Domrul, Däli Garçar, Jygaly beg ýaly edebi keşpleriň, Hydyr, Kowus, Kyýas ýaly ýagşyzadalaryň, türkmeniň beýik söz ussatlary bolan — Nurmuhammet Andalyp, Döwletmämmet Azady, Magtymguly Pyragy, Seýitnazar Seýdi, Gurbandurdy Zelili, Mollanepes, Mämmetweli Kemine, Annagylyç Mätäji, Baýly şahyr, Kätibi we beýleki nusgawy şahyrlarymyzyň ajaýyp şygyrlarynyň ylym-bilim, edep-terbiýe, ahlaklylyk hakyndaky öwüt-ündewleri; ylmy-usulyýet ýygyndylarynda, „pedagogik okaýyşlarda“, „ylmy ýazgylarda“, gazet-žurnallarda berilýän pedagogik materiallar degişlidir.

**8. Matematik usul.** Bu usul hem pedagogik ylmy-barlaglaryň ulgamyna ornaşyp gitdi. Ol pedagogik hadysalaryň

mukdaryny kesgitlemekde-de, hilini, netijeliligini anyklamakda-da ähmiýetlidir. Gündelik geçirilýän sapaklarda okuwçylaryň her gezekki berýän jogaplaryny hasaba alyp, olary statistik taýdan işlemek hem ýetişigini hasaplap çykarmak gerek bolýar. Matematik hasaplap çykarmalar pedagogik ylmy-barlag geçirýan tarapyň iş usulynyň, öňe süren pikiriniň nähili derejede dürslügini anyklap bilmegine ýardam edýär.

Ýokarda pedagogik ylmy-barlaglaryň esasy usullary barada gysgaça durlup geçildi. Pedagogikanyň islendik meseleleri bilen baglanyşykly ylmy-barlaglar alnyp barlanda şu usullara esaslanylýar.

**Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwrüniň bilim ulgamy.** Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe halkymyzyň eşretli ýaşaýşyny üpjün etmäge gönükdirilen Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Döwlet adam üçindir“ diýen ynsanperwer ýörelgesi, döwrebap özgertmeleri üstünlikli durmuşa geçirilýär. Bu döwrebap özgertmelere, il-ýurt bähbitli işlere ýurdumyzyň bilim ulgamyny kämilleşdirmekden, jemgyýetiň geljegi bolan ylymly-bilimli, ýokary hünär taýýarlykly, giň dünýägaraýyşly nesilleri terbiýelemekden başlanyldy. Ýurdumyzda bilim-terbiýeçilik edaralarynyň işini kämilleşdirmek, bilim ulgamyny düýpli özgertmegi üpjün edýän işler durmuşa geçirilýär.

Orta mekdepleriň onikiýyllyk, ýokary okuw mekdepleriň bäş-alty ýyllyk okuw möhletlerine geçilmegi, ýokary okuw mekdeplerinde hem bakalawrlyk hem-de magistrlik derejeleriniň göz öňünde tutulmagy, çagalar baglarynyň toparlarynda çagalaryň, orta mekdepleriň synplarynda okuwçylaryň sanynyň kadalaşdyrylmagy, mugallymlaryň iş ýükleriniň azaldylmagy, orta mekdeplere täze dersleriň girizilmegi (milli miras, dünýä medeniýeti, modelirleme we grafika we ş.m.), jemgyýeti öwreniş, bedenterbiýe, ýaşaýyş-durmuş esaslary, ýokary okuw

mekdeplerinde filosofiýa, sosiologiýa, syýasaty öwreniş, ykdysady nazaryýet we beýleki ylymlary özünde jemleýän Türkmenistanyň jemgyýetçilik durmuşyny öwreniş dersiniň, durmuşyň talap edýän täze hünärleriniň girizilmegi, okuwa kabul etmegiň düzgünleriniň kämilleşdirilmegi, talyplaryň sanynyň artdyrylmagy, türkmenistanly ýaşlaryň dünýäniň abraýly ýokary okuw mekdeplerinde okamaklary üçin ähli şertleriň döredilmegi, ýurdumyzyň bilim ulgamyny dünýä ülňülerine laýyk getirmek babatdaky düýpli özgertmeleri geçirildi. Şol özgertmeleriň çäginde okuw meýilnamalarynyň we maksatnamalarynyň, okuw kitaplarynyň we gollanmalarynyň täzeden taýýarlanylmagy, bilim-terbiýeçilik edaralarynyň maddy-tehniki binýadynyň berkidilmegi okuw-terbiýeçilik işleriniň kämilleşmegine giň mümkinçilikler döretdi. Şeýle hem ýurdumyzda aspiranturalaryň, doktoranturalaryň, kliniki ordinaturalaryň açylmagy, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň täzeden döredilmegi we onuň işe başlamagy, Ylymlar akademiýasynyň garamagynda Tehnologiýalar Merkeziniň döredilmegi (2014), bilim ulgamyndaky özgertmeleriň ylmyň gazananlary bilen utgaşdyrylmagy bu barada ähmiýetli işler boldy.

Ýurdumyzyň ylym-bilim ulgamlaryny utgaşyklylykda döwrebap ösdürmek maksady bilen olaryň maddy-tehniki binýadyny pugtalandyrmaga aýratyn ähmiýet berilýär. Bilim-terbiýeçilik edaralarynyň doly kompýuterleşdirilmegi, okuwlaryň häzirki zaman usullarynda geçirilmegine mümkinçilik berýän multimediýa okuw enjamlary bilen üpjün edilmegi, milli internet ulgamynyň halkara internet ulgamyna çatylmagy çagalara, ýaşlara bilim berlişini dünýä derejesinde ýola goýmagyň anyk kepilidir.

Täze mekdep binalary gurlanda çagalara hem ýaşlara döwrebap bilim-terbiýe bermäge, hünär öwretmäge giň mümkinçilikleri döredýän hünär öwrediş, sport-sagaldyş

desgalarynyň tutuş toplumyny döretmäge aýratyn ähmiýet berilýär. Munuň özi beden taýdan sagdyn, giň gözýetimli, döwrebap hünärleri ele alan, hemmetaraplaýyn kämil ýaşlary kemala getirmekde ygtybarly esas bolup hyzmat edýär.

**Şahsyýeti kemala getirmegiň meseleleri.** „Şahsyýet“ diýen sözüň manysy „adam“ diýen sözüň manysyndan tapawutlylykda, eger adam tebigatyň bir biologik bölegi bolup durýan bolsa, onda „şahsyýet“ jemgyýetçilik häsiýetlerini hem öz içine alýar. Adam dünýä inende „şahsyýet“ hökmünde däl-de, adam hökmünde tanalýar, wagtyň geçmegi bilen, adam özüniň ösüş döwrüniň dowamynda birnäçe jemgyýetçilik sypatlaryna eýe bolýar. Şol jemgyýetçilik sypatlarynyň toplanan, kemala gelen we onuň jemgyýetde şu sypatlary bilen tanalyp başlan döwrüni şahsyýetiň kemala gelen döwri diýip bellemek bolar. Şahsyýetiň häsiýeti ömrüniň dowamynda toplanan endiklerdir we başarnyklaryň jemidir. Şeýlelikde, „şahsyýet“ adamyň jemgyýetçilik esasyny häsiýetlendirýän we ömrüniň dowamynda toplan jemgyýetçilik häsiýetiniň we başarnyklarynyň kemala gelmegidir. Şonuň üçin hem şahsyýetiň häsiýetleri käbir adamda has görnükli hem-de ýagty, başga birleriniňki bolsa, görünmeýän we beýleki şahsyýetlerden tapawutlanmaýan häsiýetde bolup biler. Şahsyýeti häsiýetlendirýän alamatlar (kriteriýalar):

– sagdyn we dogry hereketden;
– jogapkärçilikden;
– erkinlikden;
– şahsy mertebeden;
– indiwidual (hususy) aýratynlygyndan ybaratdyr.

Şahsyýetiň hemmetaraplaýyn ösmegine, kemala gelmegine birnäçe faktorlar täsir edýärler. Ol faktorlar:

1. Terbiýeden;
2. Ýaşaýyş durmuş gurşawyndan;
3. Nesle geçijilik ýa-da tohum yzarlamakdan ybaratdyr.

Şu ady agzalan 3 faktor adamyň, şahsyýetiň hemmetaraplaýyn kemala gelmeginde deň derejede, utgaşykly we şol bir wagtyň özünde täsirini ýetirip durýarlar. Mysal üçin, adam irden turup işe ýa-da okuwa diýip öýden çykanda, ulagda, köpçülik ýerlerinde, aýratyn duşuşykda oňa daş-töweregiň täsiri ýetip durýar. Okuwda oňa terbiýaniň täsiri ýetýär we tebigatyň bir bölegi hökmünde onda ene-atasyndan gepleýşiň, sözleýşiň käbir aýratynlyklaryny, häsiýet, daşky sypat aýratynlyklaryny, ukyplylyk-ukypsyzlyk, zehinlilik-zehinsizlik ýa-da aýratyn bir hünäre bolan söýgi aýratynlygy geçip biler. Nesilden-nesle geçýän keseller onuň şahsyýetine biologik faktoryň (nesil yzarlamagyň) ýetirýän täsiriniň netijesidir. Ylymda şu faktorlaryň 2-sine (terbiýe we daşky gurşaw faktory) daşky, 1-ne (neslegeçijilik ýa-da biologik faktor) içerki faktor hem diýilýär.

1. Terbiýe – şahsyýetiň ösmeginde esasy faktorydyr. Oňa biziň ata-babalarymyz hem uly ähmiýet beripdirler. Meselem, „Çaga eziz – edebi ondan hem eziz“ diýen nakyl we „Perzent üçin terbiýeden gowy miras ýokdur“ diýen Keý Kowusyň („Kowusnama“ eseri) öwüt-ündewleri muňa şaýatlyk edýär. Akyldarlarymyz Döwletmämmet Azady hem, Magtymguly Pyragy hem öz eserlerinde terbiýe meselesine uly üns beripdirler.

Häzirki döwürde ýaşlara terbiýe – maşgalada, mekdebe çenli çagalar edaralarynda, mekdeplerde, ýörite we ýokary okuw mekdeplerinde berlip, ol guramaçylykly, maksada gönükdirilen, ulgamlaşdyrylan häsiýetde geçirilýän pedagogik prosesdir.

2. Şahsyýetiň ösmegine nesil yzarlama ýa-da biologik faktoryň ýetirýän täsiri hem uludyr. Bu faktor bedeniň miraslyk esasy (genotipi) adamyň ösüş döwründe kabul edip alýan taraplary (fenotipi) bilen baglanşyp gidýär. Tutuş bedeniň, onuň aýry-aýry ulgamlarynyň fiziologik gurluşy, bir topar biologik indiwidual aýratynlyklary (derisiniň, saçynyň, gözüniň reňki, gurluşy, ýüz

keşbi we ş.m.) adam häsiýetiniň, onuň temperamentleriniň nesle geçijiligi bilen hem baglydyr. Adam bedeniniň ösüşinde nesle geçijilik bilen baglanyşykly käbir fiziologik, psihologik ýetmezçiliklere-de gabat gelinýär.

Adamlarda ýa-da käbir maşgalalarda aýratyn bir ugra üns bermeklik aýdymçylar maşgalasy, matematikler maşgalasy ýaly hadysalaryň hem-de biologik faktoryň şahsyýetiň ösmegine ýetirýän täsiriniň belli bir taraplarydyr.

3. Ýaşaýyş-durmuş gurşawy-da ähmiýetli faktordyr. Çaga dünýä inenden soň onuň ösüşine we kemala gelşine ýaşaýyş-durmuş gurşawy birsyhly öz täsirini ýetirip durýar. Ýaşaýyş-durmuş gurşawynyň neneňsidigine garap, adam tebigatdan alýan mümkinçiligini giňeldibem, ösdüribem, ösdürmänem biler.

Mekdep okuwçylarynyň gurşawy olaryň daş-töwereginde bolup geçýän wakalar, hadysalar, ýaşaýşyň maddy we medeni şertleri, ýaşaýan we okaýan ýeri, dostlary-ýoldaşlary, iş salyşýan adamlary, çagalar, ýetginjekler we beýleki jemgyýetçilik guramalary, önümçilik işi, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri we başgalar hyzmat edýärler.

*Mugallymyň esasy wezipeleri.* Okuwçylaryň bilim derejelerini, başarnyklaryny, ylmy dünýägaraýyşlaryny barlamak we olara baha bermek okuw-terbiýeçilik döwrüniň aýrylmaz bölegidir. Bu maksatly işleriň ýola goýulmagy, belli bir wagt aralygynda okuwçylaryň alan bilim-düşünjeleriniň berkemegini üpjün edýär, dürli dersler boýunça okuw maksatnamasynyň bölümleriniň temalary esasynda goýberilen kemçilikleri öz wagtynda düzetmekligi ýüze çykarýar. Ol kemçilikleriň öz wagtynda düzedilmegi okuwçylaryň bilim-düşünjeleriniň ýokarlanmagyna kömek edýär, okuw döwrüne bolan jogapkärçiligi artdyrýar, okuwçylary işjeňleşdirýär.

Okuwçylaryň bilim derejesini kesgitlemegiň usulyýetini oňaýly gurnamak olaryň sowatlylygyna durnukly täsir edýär.

Şeýle-de, tutuşlygyna okuw jaýynyň, her bir mugallymyň, hünärmeniň okuw döwrüne taýýarlygy okuwçylaryň durnukly ýagdaýda sowatly bolmagyna alyp barýar.

Okuwçylaryň bilim derejelerine baha bermekligiň mugallymlara däl-de, okuwçylara aýratyn täsiriniň bardygyna üns bermelidir.

Mugallymyň işjeňliginiň esasy görkezijisi- onuň okuwçylarynyň bilim derejesi, terbiýesi bilen baglanyşykly bahalandyrylýar. Mugallymyň okuwçynyň jogabyna görä goýan hakyky bahasy, okuwçynyň bu baha garaýşy, onuň okuwa bolan höwesini peseltmeli däldir.

Mugallym tarapyndan okuwçynyň okuwa bolan garaýşyna baha berilmese, onda okuwçynyň höwesi gaçar.

Eger-de, mugallym bilen okuwçynyň arasynda düşünişmezlik ýüze çyksa, birek-biregi diňlemezlik, okuwa höwesiň gaçmagy ýüze çykýar. Bu hili ýüze çykmalar mugallym tarapyndan hakykatyň gözlenilmeginiň şaýady bolýar. Bularyň sebäbi mugallymyň beren bahasy bilen okuwçynyň ylalaşmazlygynyň netijesidir. Käwagtlarda okuwçy mugallymyň beren bahasy bilen ylalaşmaýar, onda özüne ýokary baha bermek duýgusy döreýär. Esasan-da, şeýle duýgular, okuwçy kanagatlanarsyz baha alanda ýüze çykýar.

Şonuň üçin okuwçylaryň jogabyna pedagogyň adalatly garaýşy bolmalydyr, onuň jogap bermek baradaky aladasy göz öňünde tutulmalydyr hem-de okuwçynyň jogap bermekdäki synanyşygyna adalatly baha berilmelidir, okuwçynyň özüniň beren jogabynyň ýalňyşdygyna düşünmegi gazanylmalydyr.

Okuwçylaryň psihologik aýratynlyklarynyň mümkinçilikleri aýratyn bellenilmelidir. Okuw döwrüniň mazmunynyň we pedagogik işiň özara baglanyşykly görnüşleriniň esasynda, okuwçylaryň derejelerine, başarnyklaryna baha bermekde,

olaryň bilim-düşünjelerini barlamakda şu aşakdakylardan ugur alynmalydyr:

– gündelik barlag;

– tapgyrlaýyn barlag;

– jemleýji barlag, synaglar, hasaplar, döwlet synaglary, diplom işlerini goramak we ş.m.

Gündelik barlag geçirmeklik, okuwça baha bermegiň esasylarynyň biridir, okuw döwrüniň we onuň terbiýeçilik tarapynyň gowulanmagynyň serişdesidir. Ol mugallymyň okuwçynyň bilim derejesini hemişelik gözegçilikde saklamagyna kömek edýär.

Gündelik barlag diňe bir okuw materiallarynyň gaýtalanmak görnüşi bolman, okuwçylar tarapyndan geçilen materiallaryň özleşdirilmegine, berkidilmegine ýardam edýär. Okuwçylaryň gündelik sapaklara taýýarlanmaklaryna, bütin okuw ýylynyň dowamynda okuwa ünsli bolmaklaryna goldaw berýär. Mugallym tarapyndan her günki ýerine ýetirilýän gözegçilik, okuwçylaryň alan nazary bilimlerini amaly işlerde peýdalanmaklaryna kömek edýär.

Geçilen temalar boýunça gündelik sorag-jogap alyşmak sapagyň köp wagtyny almaly däldir, sebäbi täze temany düşündirmek hem wagty talap edýär.

Sapak döwründe gündelik geçilýän barlagda, okuwçylaryň beren jogabynyň syýasy tarapyna hem üns bermeli, sebäbi okatmak we terbiýe bermek okuw wagtynyň bitewi bir bölegidir.

Tapgyrlaýyn barlag okuw maksatnamasyna laýyklykda birnäçe temalar, bölümler geçilenden soň gurnalýar. Ýarym ýylyň dowamynda birnäçe gezek geçilýär. Tapgyrlaýyn barlag okuwçylarda bir topar soraglary ýatlamak we gaýtalamak mümkinçiliklerini döredýär, geçilen okuw materiallarynyň okuwçylar tarapyndan özleşdirilişi mugallym tarapyndan anyklanýar. Amaly, grafiki işlerde okuwçylaryň bilim-

düşünjesini barlamak, bu işe okuwçylaryň hemmesini çekmek maksady bilen ýerine ýetirilýär.

Mugallymyň okuw maksatnamasynyň kalendar-tematik meýilnamasy esasynda tapgyrlaýyn barlag meýilleşdirilýär. Tapgyrlaýyn barlagyň görnüşleriniň biri hem okuwçynyň bilimini çen bilen (möhletinden öň) anyklamakdyr. Bu barlag täze bilim başlamanka geçirilýär. Şeýlelikde, okuwçylaryň bilimine geçilen temalar boýunça göz ýetirilýär hem-de haýsy temalara üns berilmelidigine garalyp geçilýär, mugallym kalendar-tematik meýilnamalaryna düzedişler girizýär.

Okuw ýylynyň dowamynda geçilen okuw materiallarynyň okuwçylar tarapyndan özleşdirilişiniň netijesi jemleýji barlagda anyklanylýar. Hasap ýa-da synag almaklyk jemleýji barlagyň görnüşi bolup biler. Laboratoriýa we tejribe işleriň netijesinde baha goýulýar.

Okuwçylaryň gündelik we tapgyrlaýyn alan bahalary, synag alynmaýan dersler üçin esasy baha bolup biler. Ýyldan ýyla geçilende, ol bahalar synag bahalary görnüşinde bellenýär.

Jemleýji baha goýlanda, ilki bilen ýazuw-barlag işleriniň netijesiniň, çäkli soraglara berlen jogaplaryň esasynda tapgyrlaýyn barlaglaryň netijesi göz öňünde tutulmalydyr.

Ýokary okuw mekdeplerinde talyplaryň bilimini, başarnygyny, ylmy dünýägaraýşyny barlamaklygyň we olara baha bermegiň usullary şu aşakdakylardan ybaratdyr:

– dilden soramak;

– bilimini, ukyp-başarnyklarynyň özleşdirilişini ýazuw üsti bilen barlamak;

– eksperiment synaglary arkaly barlag;

– amaly barlag.

Bu usullaryň saýlanyp alynmagynyň sebäbi okuwçy bilen mugallymyň özara baglanyşygyny döretmek, okuwçylardan geçilen materiallary özleşdirişleri barada maglumat almakdyr.

Ýokarda bellenip geçilen beýan usullaryň bütin okuw döwründe utgaşdyrylmagy, okuw-terbiýeçilik döwrüni gowulaşdyrmakda we hünärmänleriň taýýarlyklaryny güýçlendirmekde täsiri uludyr.

*Mugallymyň jemgyýetdäki orny.* Jemgyýet, halk mugallyma birinji derejeli ähmiýet berýär, onuň asylly, jogapkärli käri bilen içgin gyzyklanýar, ýaşaýyş-durmuşy barada alada edýär. Sebäbi, mugallym ýaş nesli akylly-başly, edepli-ekramly edip ýetişdirmek bilen ýörite meşgul bolýan adam. Jemgyýeti ilerledýän, onuň ykdysady, ýaşaýyş-durmuş, medeni derejesini ýokarlandyryp, ýurduň syýasy durnuklylygyny, il abadançylygyny we agzybirligini pugtalandyryp biljek adamlary kemala getirýän mugallymdyr. Il içinde onuň mertebesi belentdir. Halk mugallyma özüniň iň eý görýän zady bolan çagasynyň ykbalyny ynanýar. Çünki ol mugallymyň yhlasly zähmeti bilen çagasynyň kemally adam – ylymly-bilimli, ýokary ahlakly, medeniýetli, hünärment adam bolup ýetişjegine ýüregi bilen ynanýar. Munuň özi mugallyma goýulýan belent sarpadyr, şol bir wagtyň özünde-de, onuň üstüne ýüklenýän uly jogapkärçilikdir.

Türkmenler geçmişde-de mugallyma uly sarpa goýupdyrlar, oňa aýratyn hormat bilen garapdyrlar, onuň sowadyna we öwredijilik ukybyna ýürekden ynanypdyrlar. Muňa türkmenleriň „baldan süýji" balasyny molla berende: „Eti seniňki" – diýip aýdan pähimi-de güwä geçýär. Hat-sowat öwredýän, tälim-terbiýe berýän adamyň gadyr-gymmatynyň bilinmegi türkmen halkynyň hemişe-de ylyma-bilime teşne bolup gelenligindedir, onuň ýaşaýan ýerlerinde gadymy siwilizasiýanyň ýokary göterilip, dünýä ylmynyň we medeniýetiniň ösmegine saldamly goşant goşan beýik danalaryň bolanlygyndadyr.

Gündogaryň beýik danalary – Horezminiň, Farabynyň, Birunynyň, Ibn-Sinanyň, Omar Haýýamyň öz döwürdeşleri we özlerinden soňkular üçin deňsiz-taýsyz halypa, ussat mugallym

bolandyklaryny aýtmak bolar. Mysal üçin, Gündogaryň beýik akyldary Faraby „mugallymlaryň mugallymy“ diýip atlandyrylýar. Oňa Güdogaryň hem Günbataryň belli alymlary „Ikinji mugallym“, „Ikinji Aristotel“ diýip baha beripdirler. Beýik Magtymgulynyň kakasy Döwletmämmet Azadynyň, sözüň hakyky manysynda, mugallym bolandygyny, onuň ilkinji türkmen alym-pedagogy diýlip hasap edilýändigini hiç kim inkär edip bilmez

*Mugallymyň hünär taýýarlygy we şahsy häsiýetleri.* Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Älem içre at gezer“ atly romanynda pedagogyň hakyky keşbi suratlandyrylýar:

„Mugallym sapak geçende özüni alyp barşy çaga terbiýesine uly täsir edýär. Her gezek birmeňzeş usuly, ençe gezek gaýtalanýan äheňi seçip alýan mugallym öz geçýän sapagyndan lezzet almaz. Okuwçylaryň kitap okanlaryndaky ýaly özlerini hereketsiz alyp barman, eýsem, olaryň hereketde bolmagyny, okanlarynda daşyndan, sesli okamagy, özlerini edil mekdep otagynda alyp baryşlary ýaly bolmagy olaryň endigine öwürjek bolmaly. Sapaga taýýarlanýan mugallym edil sahna çykjak artist ýaly bolmalydyr. Umuman-a, sapagyň özi asyl gyzykly oýun ýaly bolup geçmelidir. Elbetde, munuň özi dil, edebiýat, taryh derslerinde, başlangyç klaslarda şeýle bolup biler. Berlen bu sapak çaganyň aňynda şekillenip, ömürlik galýandyr“.

„Mugallymyň sapagy ussat bagşynyň aýdan aýdymyna meňzeş bolmalydyr.“

„Mugallym aýdýan zadyna özi ynanmaly hem-de ynandyrmagy başarmaly“.

„Bilimli, köp ugurdan baş çykarýan, oňat terbiýeli mugallym diňe okuwçylary üçin däl, eýsem hemmeler, her bir adam üçin mugallymdyr.“

„Mugallymyň özi elmydama bilim äleminde, beýik zatlar, maksatlar ugrunda göreşmelidir“.

„Mugallym hemişe intizar garaşylýan adam bolmalydyr“.

„Mugallym bolsaň, onda-da bilim ugrundan ýolbaşçy bolsaň, bir duran ýeriňde durmaly däldir. Hemişe öňe hereket etmelidir, täzeligiň gözleginde bolmalydyr...“

„Meniň mugallymym meniň öz halkymdyr“.

„Mugallym-aýratyn adam. Ol bilim baýlygyny adamlara bagyşlamalydyr. Onsoňam bilim şeýle baýlykdyr, ony ile näçe köp berseň, ol şonça-da artar gider.“

„Mugallym sözlerinde-de, özüni alyp barşynda-da sap ýürekli bolmalydyr, galplyga, ýasamalyga orun bolmaly däldir. Çagalaryň gözüniň alnynda birje gezek galp aýdan adam olaryň öňünde hemişe ýalançy adam bolup galar.“

„Mugallymyň çagalara berýän pentleri ýöne gury sözler bolman, eýsem onuň ähli edim-gylymlarynda, onuň şahsy mysalynda öz beýanyny tapmalydyr. Onuň häsiýetiniň iň ajaýyp taraplary çagalar üçin nusga bolmalydyr.“

Terbiýäniň dörän wagtyndan başlap, mugallymçylyk işi hem bar. Beýik çeh pedagogy Ý.A.Komenskiniň işlerinde biz, mugallymçylyk käriniň ajaýyplygy barada aýdan sözlerine duşýarys. Rus pedagogikasynyň görnükli wekili K.D.Uşinskiniň belleýşi ýaly, mugallymyň okuwçylara edýän terbiýeçilik güýjüni, hiç bir düzgünler we maksatnamalar, okuw mekdebiniň guramasy bilen çalşyp bolmaz. Ol şeýle ýazýar: „Mugallymyň şahsyýeti – bu ýaş kalp üçin peýdaly gün şöhlesi ýaly, hiç zat bilen çalşyp bolmaýar: terbiýeçiniň şahsyýeti, terbiýeçilik işiniň özenini düzýär“.

## Okatmagyň we bilim bermegiň nazaryýeti

**Didaktika** – bilim bermegiň we okatmagyň nazaryýetidir. Bilim bermegiň we okatmagyň nazaryýeti (didaktika) mekdep okuwçylarynyň bilimini, mugallymyň işiniň kanunalaýyklyklaryny açyp görkezýär we okuw pursatynyň many-mazmunyny, esas alýan ugurlaryny, usullaryny, gurnalyşyny häsiýetlendirýär. „Didaktika“ adalgasy grek sözi bolup, „okatmak, öwretmek, tälim bermek“ diýen manyny aňladýar.

Okatmak baradaky pikirler gadymyýetiň görnükli filosoflary we alymlary (Sokrat, Demokrit, Geraklit, Platon, Aristotel) tarapyndan hem öňe sürlüpdir.

Pedagogik pikiriň taryhynda ilkinji bolup okatmagyň nazaryýetini pedagogik ylym hökmünde ylmy bilimleriň ulgamyna girizen Ý.A.Komenskidir. Şol döwrüň mekdepleriniň işini nazary tarapdan derňäp, pelsepewi pikirleriň esasynda ol „Beýik didaktika“ (1658) atly meşhur işini ýazýar. Bu kitabynda pedagog okatmagyň guralyşynyň, prinsipleriniň (esas alynýan ugur), usullarynyň, mazmunynyň esaslaryny düzüp, umumy bilim baradaky pikirlerini orta atýar.

Wagtyň geçmegi bilen ýaş nesli jemgyýetçilik durmuşynyň talaplaryna laýyk edip kemala getirmek zerurlygy didaktika ylmynyň düýpli işlenmegine sebäp bolupdyr. Şoňa görä, pedagogika ylmynyň bu bölümi barada köp sanly garaýyşlar, ylmy-usuly işler (Žan Žak Russo, I.G.Pestalossi, K.D.Uşinskiý, L.N.Tolstoý we başgalar) peýda bolupdyr.

**Didaktika** – okatmagyň we bilim bermegiň nazaryýetidir. Eger onuň akyl hem ahlak terbiýesi bilen aýrylmaz baglanyşyklydygyny, ylmy dünýägaraýşyň edep-terbiýe işinden üzňe däldigini nazara alsaň, onda didaktika okatmagyň, bilim

bermegiň hem terbiýelemegiň nazaryýetidir diýip kesgitleme bermäge-de esas ýok däl.

Okatmak, öwretmek, bilim bermek işi didaktikanyň esasy predmeti bolup durýar. Şol möhüm iş okatmagyň degişli görnüşleriniň, usullarynyň, serişdeleriniň üsti bilen amala aşyrylýar. Şu ýerde „okuw işi“, „okatmak işi“, „pedagogik iş“, „okuw-terbiýeçilik işi“ diýen düşünjeleriň didaktikanyň süňňüne ornaşyp gidenligini hem ýatlap geçmek gerek. Okuw işi umumy düşünje bolup, ol okatmagyň ähli taraplaryny öz içine alýar. Okatmak işi okuw işi diýen düşünjä garanda, birneme anyklaşdyrylan düşünjedir, ol mugallym bilen okuwçynyň, öwredýän bilen öwrenýäniň, ussat bilen şägirdiň bilelikdäki işini göz öňünde tutýar. Pedagogik iş düşünjesi birneme seýregräk ulanylyp, oňa derek okuw-terbiýeçilik işi diýen düşünjäniň ylmy-tejribedäki dolanyşygy ýörgünlidir.

Okatmagyň has netijeli usullaryny agtaryp tapmak hem mekdep durmuşyna ornaşdyrmak, okuw işini tutuşlygyna kemally şahsyýeti terbiýeläp ýetişdirmeklige tabyn etmek didaktikanyň esasy wezipeleriniň biridir. Şu wezipäni durmuşa geçirmek üçin döredijilikli işleýän pedagogik kollektiwler, mugallymlar, alym-pedagoglar az däldir.

Didaktikanyň mazmuny giň hem köptaraplydyr. Bilimiň mazmuny hem onuň kämilleşdirilip durulmagy, akyl ýetiriş işi bilen okatmak işiniň häsiýetli aýratynlyklary, didaktikanyň hususy usulyýete bolan gatnaşygy, okatmagyň esas alynýan ugurlarydyr düzgünleri, usullarydyr serişdeleri, okuw işlerini guramagyň görnüşleridir. Okuwçylaryň bilimleriniň barlanylyşy hem bahalandyrylyşy bilen baglanyşykly meseleleriň bary didaktikanyň mazmunyna degişlidir.

Didaktikanyň esasy düşünjeleri (kategoriýalary):

1. Okuw işiniň düýp mazmuny.
2. Okatmagyň esas alynýan ugurlary.

3. Mekdepde bilim bermegiň mazmuny.
4. Okatmagyň usullary.
5. Bilim bermegi guramak.

**Okuw işiniň mazmuny.** Okuw işi – okatmak we okamak diýen ikitaraplaýyn hyzmatdaşlykdyr. Okuw işinde okuwçy adamlaryň taryhy-jemgyýetçilik tejribesiniň kesgitli taraplaryny: ideologiýasyny, syýasatyny, ylmyny, zähmet tejribesini, edebiýatyny, sungatyny, umumy we fiziki medeniýetlerini öwrenýär.

Okatmak mugallymyň we okuwçynyň bilelikdäki, hyzmatdaşlykdaky işidir: mugallym jemgyýetiň bähbidini ykrar edýär, şol jähtden ugur alyp, okuwçylary terbiýeleýär, okadýar. Mugallym ýaşuly nesil bilen okuwçylaryň arasynda özboluşly köpri bolup, ululary tejribesini, bilimini ýaşlara öwredýär.

Okatmagyň hili aşakdakylardan düzülýär:

– mugallymyň öz hünär dersini gowy bilmegi;
– onuň okuw -tebiýeçilik işini gurap bilşi;
– okatmagyň häzirki zaman usullaryndan habarlylygy;
– onuň okuwçylaryň aňynyň ösüşini, bilesigelijilik ukybyny bilşi;
– okuwçylaryň şahsy häsiýetleriniň döreýşinden habarlylygy.

Okamak – aktiw (işjeň) bilesigelijilik işidir, okuwçylaryň aňynyň ösýän ahlak we erk sypatlarynyň, şahsy häsiýetleriniň, temperamentiniň kemala gelýän döwrüdir.

Okatmak we okamak – bitewi okuw-terbiýeçilik işiniň dürli taraplarydyr.

Okamagyň özeni onuň mugallym üçin hem, okuwçy üçin hem daş-töweregi, özüni gurşap alýan dünýäni öwrenmeginiň bir görnüşidir. Ol dünýäni öwrenmegiň umumy kanunlaryna esaslanýar, olary bolsa filosofiýa ylmy öwredýär. Dünýäni öwrenmek ilki duýgy organlary arkaly, soňra abstrakt (ýöriteleşdirme, umumylaşdyrma arkaly) pikirlenme hem-de

durmuşa geçirmek ýaly ýollar arkaly amala aşyrylýar – bu hem okatmagyň usulyýet esasy bolup hyzmat edýär.

**Okatmagyň esas alynýan ugurlary (prinsipleri).** Okatmagyň esas alynýan ugurlary – başarnyklary, düýpli öwrenilip ulanylanda, okatmak üçin oňaýly şertleri üpjün edýän başlangyç didaktik işlerdir, gönükdiriji düzgünlerdir, terbiýäniň wezipesine laýyk gelýän okatmagy hem-de okamagy kesgitleýän ýörelgeleridir. Okatmagyň esas alynýan ugurlaryny bilmezlik ýa-da olary nädogry ulanmak, üstünlikli okatmakdan saklaýar, bilimleri ele almaklygy kynlaşdyrýar, şahsyýetiň kemala gelmegini bökdedýär.

Okatmagyň esas alynýan ugurlaryny atlandyrmak, häzirki zaman pedagogikasynda jedelli mesele bolsa-da, alymlaryň pikirine görä, ýokarda agzalanlar olaryň esasylary bolup hyzmat edýärler.

Okuw materialynyň mazmuny, olary öwrenmegiň usullary ylmy esasda amala aşyrylmalydyr. Eger bu şert üpjün edilmese, okuwçylar ylmy bilimleri ele alyp bilmezler, diýmek, önümçilige doly hukukly agza bolup gatnaşyp bilmezler. Hadysanyň düýp sebäbini, mazmunyny, predmetiň daşky keşbinden içki gurluşyny öwrenmäge geçmek ylmy öwrenmegiň ýoludyr. Mysal üçin, bagyň daşky görnüşini öwrenmek bilen çäklenmän, onuň içki gurluşyny, köpelişini, ösüşini, maddalaryň alyş-çalşygyny öwrenmek, bu bagy öwrenmäge ylmy taýdan çemeleşilendigini aňladar.

a) Ylmylyk ýörelge okuw-terbiýeçilik işinde ylmy bilimleriň tutýan orny bilen kesgitlenýär. Eger okuw materialy okuwçyny kanunlaryň, düşünjeleriň, formulalaryň, kesgitlemeleriň dünýäsine eltýän bolsa, şeýle bilime ylmy bilim diýilýär.

Ylmylyk ýörelge okuwçylaryň bilesigelijilik ukybyny guramakda aşakdaky talaplary öňe sürýär:

– hadysanyň düýp mazmunyny, syn edilýän daşky sypatlaryndan içki syrlaryny öwrenmäge geçilmelidigini pugta bilmeli.

– okuwçynyň ösüşinde ylmy bilimleriň täsirligini bilmeli.

– okuw materialyny has içgin düşündirmeli, okuwça hemmetaraplaýyn çemeleşmeli.

– Ylmy düşünjeleri okuwçynyň aňyna ýetirmekde umumylaşdyrmak, ulgamlaýynlygy üpjün etmek ýollaryny pugta bilmeli.

Okuw materialy güýçýeterli bolmasa, okuw işi manysyny ýitirýär. Okuw işinde güýçýeterlilik ýörelgesi aşakdaky talaplardan ugur alýar:

– täze okuw materialyny okuwçynyň öz bilýän zatlary, onuň şahsy tejribesi bilen baglanyşdyrmak;

– okuwçylaryň bilesigelijilik, psihiki işjeňligini, pikirleniş ukyplaryny öwrenmek;

– güýçýeterliligiň şerti hökmünde bilesigelijilik ukyplaryny kemala getirmek;

– okuwçynyň şahsyýetiniň ösmeginde öwrenilýän bilimleriň zerurlygyny, ähmiýetini düşündirmek.

b) Bilimlilik – bu daş-töwerekdäki predmetleriň, hadysalaryň aňda gaýtalanmagydyr. Okamagyň ulgamlaýynlygy, görkezme esbaplylygy şahsyýeti gurşap alan dünýä bilen onuň pugta baglanyşyklydygyny aňladýar. Dünýäde ähli hadysalar, predmetler özara baglanyşyklydyrlar, hemişe hereketdedirler.

Mugallymyň öz okadýan dersini oňat bilmegi, bilimleriň ulgamyna düýpli düşünmegi, temany oňaýly düşündirip bilmegi, sapagyň önümli bolmagyny başarmagy, okuwçynyň duýgy arkaly aňmagyny gazanmagy, görkezme esbaplary, tehniki serişdeleri degerli ulanyp bilmegi okuwçylary işjeňleşdirýär, olaryň okuw materiallaryny düýpli hem berk özleşdirmeklerine getirýär.

ç) Okuw materiallarynyň ýurduň jemgyýetçilik-syýasy durmuşy bilen baglanyşdyrylmagy, dünýä göz ýetiriş kanunlaryna we şahsyýetiň özüne ylmy nukdaýnazardan düşünmegi, şahsyýetiň ahlak sypatlaryny terbiýelemegi, akylyny kemala getirmegi, ösdürmegi okatmagyň terbiýeleýjilik ýörelgesiniň esasy düzgünleridir.

Mugallym okuw materialyny okuwçynyň durmuşy, özüni alyp barşy, bilesigelijiligi, endikleri, islegleri bilen utgaşdyrýar. Her bir sapagyň dowamynda okuwçynyň ukyplaryny görýär, onuň kämilleşmegi üçin şertleri döredýär – şeýlelikde, okatmagyň terbiýeleýjilik wezipeleriniň ýerine ýetirilişini üpjün edýär.

**Mekdepde bilimiň mazmuny.** Okuwçylaryň hemmetaraplaýyn ösüşini hem-de olarda ylmy dünýägaraýşy kemala getirmek üçin esas bolup hyzmat edýän bilimleriň, başarnyklaryň, endikleriň takyk kesgitlenen çägine bilimiň mazmuny diýilýär. Mekdep biliminiň mazmuny terbiýäniň maksady bilen kesgitlenilýär. Öz Watanyna, Prezidentine, halkyna wepaly, ylmy bilimleriň esaslary bilen ýaraglanan, başarnykly, oňat endiklerde terbiýelenen, ylmy dünýägaraýyşly, önümçiligiň esaslaryny bilýän, jemgyýetçilik durmuşy, öz halkynyň taryhy, medeniýeti we milli mirasy bilen tanyş raýatlary terbiýelemek mekdebiň esasy maksady bolup durýar. Bilimliligiň esasy düzgüni bolup umumy orta bilim hyzmat edýär. Orta bilim okuwçylarda tebigat, jemgyýetçilik bilimleri bilen bir hatarda adamyň pikirlenmek endiklerini, ukyplaryny hem ösdürýär.

Okuwçylara berilýän bilimleriň yzygiderliligi, ulgamlaýynlygy, çuňlugy olaryň ýaş we bilesigelijilik mümkinçilikleri bilen kesgitlenýär. Şonuň ýaly-da, orta bilim olarda bilesigelijiligiň ösmegine ýardam edýär.

**Okuw maksatnamasy** aýry-aýry okuw predmetleri boýunça berilmeli bilimiň, amaly başarnyklaryň we endikleriň

mazmunyny, ulgamyny kesgitleýär. Her bir okuw maksatnamasy, özüniň haýsy predmete degişlidigine laýyklykda, okuw predmetiniň maksadyny, wezipelerini, geçiriliş tertibini aýdyňlaşdyrýar. Bu resminamanyň başynda „Düşündiriş haty“ ýerleşdirilip, onda okuw dersiniň gurluş aýratynlygy, käbir usuly maslahatlar, mugallymdan edilýän talaplar görkezilýär.

Okuw maksatnamasy ylmylyk, millilik, taryhylyk okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryna laýyk bolmaklyk, yzygiderlilik, nazary bilim bilen amaly bilimiň utgaşyklylyk, dersara baglanyşyklylyk, döredijilikli çemeleşmeklik ýaly ýörelgeleriniň esasynda düzülýär.

**Okuw kitaby** – okuw maksatnamasynyň esasynda döredilip, okuwçylar üçin esasy gollanma bolup hyzmat edýär. Okuw kitabyna kömekçi serişde hökmünde bolsa hrestomatiýalar, gönükmeler, meseleler, diktantlar ýygyndylary, sözlükler döredilýär.

Okuw kitabynda berilýän bilimiň mazmuny, nazary materiallar, amaly ýumuşlar, soraglar, çyzgylar, tablisalar, diagrammalar we beýlekiler onuň serişdeleridir. Olar belli bir derejede differensirlenen ýagdaýda ýerleşdirilýär. Mysal üçin, ýumuşlaryň dürli nusgada, ýeňilräk ýa-da birneme kynrak edilip berilmegi we ş.m. Bu bolsa bilimiň demokratiýalaşmagynyň bir guralydyr, zehinli bilen ukyplyny ýüze çykarmagyň açarydyr, okuwçynyň akyl ýetirijilik mümkinçiligini, höwesini, ymtylyşyny ösdürmegiň özboluşly ýoludyr. Elbetde, şu ýerde mugallymyň başarnygy, ussatlygy ýüze çykýar, ol haýsy okuwçynyň haýsy bölüme, tema höwes bilen gyzyklanýandygyny, biljek bolup ymtylýandygyny anyklamaly bolýar, okuwçylar bilen aýratynlykda işlemegiň usulyny artdyrmaly bolýar.

Okuw kitabyna bildirilýän talaplar, esasan okuw maksatnamasyndan edilýän umumy talaplar bilen çalymdaşdyr. Ýöne, olara häsiýetli bolan aýratynlyklar hem ýok däl: okuw

kitaby okuw maksatnamasynyň esasynda ýazylýar, onda bilimiň mazmuny giňişleýin, jaýdar hem ylmy dilde, düşnükli edilip beýan edilýär; okuw kitaby didaktikanyň ýörelgeleriniň düzgünleriniň esasynda döredilýär; nazary materiallar amaly ýumuşlar bilen sepleşip gidýär; okuw kitaby okuwçylaryň ýaş, psihologik aýratynlyklaryna laýyk edilip döredilýär.

**Okatmagyň meýilnamasy we okuw dersleri.** Okuw meýilnamasy – resminama bolup, onda her bir synpda öwrenilýän dersler, olaryň tertibi, hersini öwrenmek üçin berilýän sagatlaryň sany, fakultatiw hem gyzyklanmalar boýunça geçirilýän okuwlar görkezilýär. Bu resminama bilen baglanyşykly düşündiriş hatynda okuw ýylynyň haçan başlanyp, näwagt tamamlanýanlygy, gündizki, gyşky, ýazky, tomusky dynç alyşlaryň möhletleri bellenilýär, mekdebiň özbaşdak çözmeli meseleleri barada maslahatlar berilýär. Şol resminama esasynda mugallymlaryň hepdelik iş ýüki anyklanylýar, sapaklaryň tertibi düzülýär.

**Okatmagyň synp-sapak ulgamy.** Gadymy Gresiýada okatmak hususy şekilde alnyp barlypdyr, orta asyrlara çenli sapaklar köp bolmadyk okuwçylar topary bilen geçirilipdir. XVI asyr Günorta-Günbatar ýurtlarynyň mekdepleriniň tejribelerini jemläp, Ý.A.Komenskiý okatmagyň klas-sapak ulgamyna nazaryýet taýdan esasnama berýär.

*Sapak* belli bir bellenilen tertipde, ýaş aýratynlyklary we taýýarlyk derejesi deň bolan hemişelik düzümdäki okuwçylar toparynda okatmagy guramagyň bir görnüşidir.

*Sapak* okuw-terbiýeçilik döwrüni guramagyň esasy görnüşidir, ony alyp barýan, dolandyrýan adam bolup mugallym öňe çykýar. Ol okuwçylara bilim berýär, onuň özleşdirilmegini gazanýar, okuwçylaryň hereketlerini, okaýyşlaryny yzygiderli barlap durýar.

Sapak, gezelençler (ekskursiýa), goşmaça sapak, amaly we laboratoriýa sapaklary, umumy sapaklar, seminar, önümçilik,

okuw we pedagogik nazaryýeti, hususy sapaklar, berkidiji, öý işi – bularyň bary okuwçyny okatmagyň guramaçylyk görnüşleri bolup hyzmat edýärler.

**Synp sapagynyň görnüşleri we tipleri:**

1. Garyşyk sapak – sapagyň düşündirmek, berkitmek, barlamak, jemlemek ýaly görnüşlerini utgaşdyrýar.

2. Täze bilim, täze okuw materialyny öwredýän sapak.

3. Amaly sapak – mysal-meseleleri çözmek, gönükmeleri işlemek, ýagny, okuwçyda gerekli endikleri berkitmek.

4. Jemleýji ýa-da gaýtalamak sapagy.

5. Barlag işlerini geçirýän sapak.

6. Sapakdan daşary okuw (çeper eserleri okamak).

7. Gezelenç görnüşinde geçilýän sapak.

*Okuwçylaryň okuw işlerini hasaba almak we bahalandyrmak.* Okuwçylaryň bilim derejelerini, başarnyklaryny, ukyplaryny, ylmy dünýägaraýşyny yzygiderli barlap hem-de bahalandyryp durmak okuw-terbiýeçilik döwrüniň aýrylmaz bölegidir. Okuwçylaryň bilim derejesini kesgitlemegiň usulyýetini dürs guramak olaryň sowatlylygyna durnukly täsir edýär, mugallymyň özüniň we okuwçynyň kemçiligini, üstünligini görmäge mümkinçilik berýär. Ine, şonuň üçin okuwçylaryň bilimini – geçilen temalary özlleşdirişini her gün barlamak hem bahalandyrmak hökmandyr. Oňa okuw sagadynyň üçden bir bölegini sarp etmek bolar. Täze tema geçilende ol takyk sowallara bölünse, şol soraglaryň esasynda öý işi soralsa, öňki geçilen temalardan goşmaça soraglar berilse (muny oturan okuwçylar hem berip biler) oňat netije berýär. Mugallym goýan bahasyny esaslandyrmalydyr, şonda pes baha alýan okuwça, onuň şahsyýetini kemsitmän, eýsem, taýýarlygyny birneme güýçlendirse oňat baha alyp biljekdigini düşündirmeli. Netijede, onuň özüne bolan ynamyny berkitmeli.

Sapak – okatmagyň esasy görnüşidir. Sapak – okuw işini guramagyň esasy görnüşi hasap edilýär. Ol ýaşy hem bilim derejesi deň bolan okuwçylaryň bir synpa jemlenip okadylmagyny, her bir okuw dersine degişli bolan maksatnama materialynyň böleklere (sapaklara) bölünip, belli bir yzygiderlilikde öwrenilmegini göz öňünde tutýar.

Sapak – özara baglanyşykly, aýry-aýry böleklerden ybarat bolup, onuň mazmuny belli bir yzygiderlikde beýan edilýär. Şol bölekler sapagyň elementleri diýlip atlandyrylýar. Sapak dört-bäş elementdenem, alty-ýedi elementdenem ybarat bolup biler. Onuň elementleriniň az ýa köp bolmagy sapagyň maksadyna, öwrenilýän materialyň mazmunyna, okatmagyň usullarydyr serişdelerine, okuwçylaryň taýýarlyk hem ösüş derejesine, mugallymyň işiniň döredijilikli häsiýetine, haýsy wezipeleriň öňde goýlanlygyna baglydyr. Başgaça aýdylanda, ýokarda sanalyp geçilenler sapagyň gurluşyny kesgitleýän zatlardyr.

Sapagyň görnüşleri diýlende olaryň täzeçe atlandyrylyşy göz öňünde tutulýar. Soňky ýyllarda mekdebiň tejribesinde olaryň dürli-dürli atlandyrylýandygyny görmek bolýar. Sapagyň görnüşleriniň dürli bolmagy türkmen pedagoglarynyň okuw-terbiýeçilik işine döredijilikli çemeleşýändikleriniň alamatydyr. Muny öňdebaryjy mugallymylaryň işleri bilen baglanyşykly geçirilýän „Pedagogik okaýyşlar“ (okuw-usulyýet maslahatlary), „Tegelek stoluň“ başynda edilýän söhbetdeşlikler, „Ýylyň mugallymy“ diýen ady almak üçin guralýan bäsleşikler we ş.m. subut edýär.

Sapak özüniň häsiýetine, mazmunyna, maksadyna, öňde goýan wezipesine laýyklykda dürli-dürli bolup biler: giriş sapagy, täze materialy öwrenmek sapagy, gaýtalamak sapagy, barlag işleri geçirilýän sapak we ş.m. Şeýle bolansoň, olaryň gurluşy hem dürli-dürli bolýar.

Giriş sapagy, esasan, ynsanperwer-jemgyýetçilik derslerinde uly hem çylşyrymly temalar boýunça geçirilýär, esasan hem, haýsydyr bir dersi öwrenmäge girişilen mahalynda guralýar. Şonda temanyň ýa bölümiň esasy meseleleriniň üstünde giňden durlup geçilýär. Şeýle sapak okuwçylaryň özbaşdak işlemäge bolan ymtylşynyň ösmegine goltgy berýär. Eger, mugallym türk dili boýunça giriş sapagyny gurnaýan bolsa, ol ilki bilen bu ders hakynda, ony öwrenmegiň zerurlygy barada birin-birin düşündirmeli bolýar. Gürrüňiniň dowamynda kimiň ata-enesiniň, dogan-garyndaşlarynyň haýsy daşary ýurt dilini bilýändigini, Türkiýä baryp gelendigini anyklaýar. Şondan soň Türkiýe Respublikasy, ýerleşýän ýeri, tutýan meýdany, ilaty, paýtagty, ýurduň dolandyrylyşy, beýik şahslary, medeniýeti, sungaty, däp-dessury, türkmen halky bilen ykdysady, medeni gatnaşyklary barada söhbetdeşlikler gurnalýar.

Täze temany öwrenmek sapagy geçirilende, mugallymyň ygtyýarynda bolan wagtyň agramly bölegi täze materialy öwrenmeklige sarp edilýär. Entek okuwçylara nätanyş bolan maksatnama materialy, esasan, mugallym tarapyndan beýan edilýär. Beýle diýildigi bir sapaga berlen wagty mugallym tutuşlygyna gürrüňe sarp edýär diýildigi däldir. Okuw işine synpyň ähli okuwçylary gatnaşdyrylýar.

Täze temany öwrenmek sapagynyň umumy gurluşy şeýle görnüşde bolup biler:

1. Sapagyň guramaçylyk basgançagy.
2. Mugallymyň umumy okuwy (geçilýän tema barada düşünje).
3. Soraglara jogap bermek.
4. Sapagy degişli edebi çeşmeler arkaly berkitmek.
5. Özbaşdak işlemek üçin öýe ýumuş tabşyrmak

Bilimi, başarnygy berkitmek sapagy öwrenilýän okuw materialynyň mazmunyna baglylykda guralýar, çünki

özleşdirilen her bir tema özüniň kem-kemden yzygiderli berkidilip durulmagyny talap edýär. Bu iş sapagyň gidişinde-de, ýörite guralýan sapakda-da amala aşyrylyp bilner. Her bir tema boýunça berkidilýän bilim, başarnyk, endik ençeme türgenleşik işleriniň üsti bilen geçirilýär. Şeýle edilende okuwçylar öz bilimlerini, başarnyklaryny, zerurlyk ýüze çykanda dildenem, ýazuw üsti bilenem beýan edip bilýärler.

Gaýtalamak sapagy özleşdirilen ylmy bilimleri umumylaşdyrmak bolup, ol belli bir ulgama salmaklygyň hyzmatyny ýerine ýetirýär. Şular ýaly sapaklar köp ýagdaýlarda uly bölümler, temalar geçilip gutarylandan soň, okuw çärýeginiň ahyrynda, okuw ýylynyň soňunda geçirilýär. Şeýle sapaklar okuwçylaryň bilimleriniň çuňlaşmagyna, amaly endikleriniň berkemegine ýardam berer.

Sapaklaryň ýokarda agzalyp geçilen görnüşlerinden başga-da barlag işleri (diktant, beýannama, düzme ýazdyrylanda, mysal, mesele işlenilende, - grafiki ýumuşlar ýerine ýetirilende), laboratoriýa-tejribe işleri geçirilende gurnalýan görnüşleri hem okuw işine ornaşyp gitdi. Elbetde, şolar ýaly sapaklaryň gurluşynyň nähili boljakdygyny olaryň içki mazmuny, geçiriliş tertibi, mugallymyň işiniň häsiýeti kesgitleýär.

*Okatmagyň usullary hakynda düşünje we olaryň häsiýetnamasy.* „Usul“ diýmeklik, maksada ýetmekligiň ýollarynyň, tärleriniň kesgitlenen derejede tertipleşdirilen işini aňladýar.

Okatmagyň usuly diýlip, mugallym bilen okuwçylaryň özara arabaglanyşykly işiniň ýollaryna, okuw döwründe bilimiň, terbiýäniň meselelerini çözmäge gönükdirilen işe aýdylýar.

Okatmagyň usullary okuw döwrüniň iň wajyp komponentleriniň biri bolup durýar. Işe laýyk gelýän usul bolmadyk ýagdaýynda okatmagyň meseleleriniň we

maksatlarynyň durmuşa geçirilmegini, okuwçylaryň okuw materialynyň mazmunyny özleşdirilmegini gazanyp bolmaz.

Ussat pedagoglar tarapyndan okatmagyň usullarynyň dürli görnüşleri kesgitlenilipdir.

Habar bermegiň we kabul etmegiň çeşmelerine laýyklykda: sözleýiş, görkezip okatmak we tejribe işleri bilen baglanyşykly usullara bölýärler (S.I.Perowskiý, Ýe.Ýa.Golant).

Didaktikanyň esasy meselelerine baglylykda: bilim almak; endikleriň we başarnyklaryň kemala gelmekligi; bilimleriňi ulanmak; döredijilik işi berkitmek; bilimi, başarnygy, endigi barlamak ýaly usullara bölýärler (M.A.Danilow, B.P.Ýesipow).

Okuwçylaryň bilimleri özleşdirişiniň akyl ýetiriş (öwreniş) işleriniň häsiýetine laýyklykda şeýle usullary öňe sürýärler: şekilli düşündiriş, reproduktiw, esasy meseläni düşündirmek, bölekleýin gözleýiş we barlag usullary (M.N.Skatkin, I.Ýa. Lerner).

Okatmagyň usullarynyň öwretmegiň usullary bilen bagly görnüşleri hem berilýär: jemleýji-habar beriş we ýerine ýetirijilik, düşündiriş we reproduktiw .... (M.I.Mahmutow). Görkezilen her bir häsiýetnamanyň kesgitli esaslary bardyr. Okatmagyň usullary belli bir häsiýetlere görä toparlara bölünýärler. Häzirki wagtda okatmagyň nazaryýetinde we amalyýetinde giňden ýaýran häsiýetnamalar şulardan ybarat:

– bilim almak bilen bagly (sözleýiş, görkezip okatmak we tejribe işleri bilen baglanyşykly);

– mugallymyň (okatmak usuly) we okuwçynyň (öwrenmek usuly) işleriniň görnüşlerine bagly;

– pikirleniş we akyl ýetiriş işjeňlik häsiýetlerine bagly (reproduktiw, düşündiriş-şekil, agtaryş, barlag);

– netije çykarmaklygyň görnüşlerine bagly (induktiw, deduktiw).

Okatmagyň usullary tutuşlygyna, okuwçylaryň akyl ýetirijilik başarnyklaryny ösdürmäge, özbaşdak döredijilikli oýlanyp bilmeklerini gazanmaga gönükdirilendir. Munuň özi okuw işindäki esasy meseledir. Okatmagyň şol bir usulynyň mugallymlar tarapyndan dürli-dürli peýdalanylýandygy mekdebiň tejribesinden bellidir.

Okuw döwründe okatmagyň usullary bir-birleri bilen bilelikde hem-de özara arabaglanyşykda amala aşyrylýar. Okuw materialynyň häsiýetine, bilim bermegiň wezipelerine, okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryna laýyklykda mugallymyň şol bir sapagyň dowamynda peýdalanýan wagtlary az bolmaýar. Şonda olaryň käbiri sapakda ulanylýan esasy usula kömekçi bolmak hyzmatyny ýerine ýetirip, okuw işiniň belli bir böleginde gysga wagtlyk ulanylýar.

Okuw döwründe peýdalanylýan iş usullary bitirýän hyzmatlary boýunça dürli-dürlüdir. Olaryň hersine häsiýetli bolan aýratynlyklary bardyr.

Bilimi dilden beýan edýän usullara okatmagyň düşündiriş, gürrüň, beýan etme, söhbetdeşlik, umumy okuw ýaly görnüşleri girýär.

Düşündiriş – maksatnama materialyny dilden beýan edýän usullaryň iň ýaýran görnüşidir. Ol mugallym tarapyndan okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryna, bilim derejelerine laýyklykda amala aşyrylýar. Okuw döwründe ylmy bilimleriň düzgünleri, kada-kanunlary, sapaga ilkinji gezek getirilen enjamlar, gurallar we beýleki esbaplar, öwrediljek bolunýan pedagogik hadysalar, düşünjeler, haýsydyr bir zadyň häsiýetli aýratynlyklary, aýtmasy we ýazmasy kyn bolan sözler, orta atylýan soraglar yzygiderli düşündirilip durulmagyny talap edýär.

Bu usuldan sapagyň başynda-da, bütin dowamynda-da peýdalanyp bolýar. Ol kämahal okatmagyň beýleki usullary

bilen bilelikde, kämahallar bolsa haýsydyr bir usula kömekçi hökmünde-de çykyş edýär. Düşündiriş - örän işjeň hereket edýän usuldyr.

Okuw işinde giňden ulanylýan gürrüňdeşlik (söhbetdeşlik) usuly geçilen temany okuw kitabyndaky ýaly edip gaýtalap aýdyp bermegi talap etmek bilen çäklense, onda ol usul okuwçynyň akyl ýetirijilik ukybyny ösdürip bilmez, emma hut şu usul okuwçynyň geçilen temany durmuş bilen baglanyşdyryp, özüçe döredijilikli edip aýdyp bermegini gazanan mahalynda, onuň akyl ýetiriş işini ösdürip hem kämilleşdirip biler. Şu pikiri okatmagyň beýleki usullary babatynda-da aýtmak bolar.

Bu usulyň ýüze çykmagy grek filosofy Sokratyň ady bilen baglanyşdyrylýar. Sokrat güýçli suhangöý, dilewar adam bolupdyr. Ol meýdançalarda, köpçüligiň üýşen ýerlerinde çykyş edip, diňleýjileriniň bütin durky bilen ünsüni çekmegi, gyzykly hem täsirli soraglary orta atyp, şol soraglaryň jogaplaryny hem diňleýjileriň özlerine aýtdyrmagy ökdelik bilen başarypdyr. Şeýlelikde, sorag-jogap arkaly gürrüň usulynyň esasyny goýupdyr.

Okatmagyň söhbetdeşlik usuly ähli synplarda ulanylýar. Ol başlangyç hem aralyk synplarda, ýokarky synplardaka garanyňda, ýygy-ýygydan peýdalanylýar. Söhbetdeşlik usulyndan peýdalanýan mugallym şu zatlara aýratyn üns bermelidir:

1. Mugallymyň orta atýan her bir soragy mazmuny we görnüşi (gurluşy) taýyndan dogry, okuwçylar üçin düşnükli hem gyzykly, özüne çekiji bolmalydyr.

2. Her bir sorag okuwçyny pikirlenmäge, oýlanyp jogabyny tapmaklyga gönükdirmelidir we alynýan jogabyň dogry hem döredijilikli häsiýetde bolmagyny üpjün etmelidir.

3. Soraglaryň logiki arabaglanyşykda orta atylmagy maksada laýykdyr, ýagny, ikinji sorag birinji soragyň dowamy bolmalydyr.

4. Sorag berip, oňa göwnüňdäki jogaby alyp bilmek uly sungatdyr. Bir wagtyň özünde iki ýa üç sorag bermek makullanylmaýar.

*Beýan etme usuly.* Okatmagyň bu usulyna gürrüň bermek usuly diýmegem bolar, sebäbi maksatnama materialynyň esasy mazmuny, adatça, mugallym tarapyndan gürrüň berilýär, şeýle hem, galapyn, monolog häsiýetinde beýan edilýär. Elbet-de, okuw materialynyň mazmunyny diňe aýdyp bermek, şol mazmun bilen okuwçylaryň ýüküni ýetirmek nazaryýetinden ugur alynsa, onda sapagyň täsir edijilik güýji has pes bolar. Şoňa görä bu usuly beýleki usullar bilen utgaşdyryp ulanmak, beýan edilýän okuw materialyny problemalaýyn häsiýete öwürmek, berilýän gürrüňiň täsir edijilik güýjüni artdyrmak üçin alada etmek göwnejaý hasap edilýär.

Beýan etme usuly özüniň emosional taýdan täsirliligi, aýdyň çeperçiligi, logiki taýdan belli bir yzygiderlikde gürrüň berlişi, beýleki usullar bilen ugurdaşlykda hereket edişi bilen tapawutlanýar. Mugallym okuwçylaryň maňzyna batyp duran mysallary, mümkingadar, degişli okuw-görkezme esbaplaryny, durmuşdan alan takyk mysallarynyň üsti bilen sadadan düşnükli edip beýan etmäge ymtylýar. Elbet-de, okuw işiniň bu görnüşi hem okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryna, taýýarlyk hem sowatlylyk derejesine kybap edilip durmuşa geçirilýär.

Söhbetdeşlik – pikir alyşmak, sala salmak, geňeş etmek niýeti bilen giňden peýdalanylýan usuldyr. Öwrenilýän temanyň haýsydyr bir meselesi dogrusynda pikir ýöredilende, bu usuldan peýdalanylýar, netijede okuwçylaryň şol meselä bolan garaýyşlary ýüze çykarylýar. Bu usul ulanylanda oňa gatnaşyjylar biri-birleriniň garaýyşlaryna, ymtylyşlaryna, isleglerine göz ýetirýärler. Her kim aňynda öz garaýyşlary bilen özgäniňkini deňeşdirip görýär, pikirleriniň dogry ýa-da nädogrulygy barada oýlanýar. Söhbetdeşligiň okuwçylary sapaga gyzyklandyrmakdaky, olaryň akyl ýetirijilik başarnyklaryny ýüze çykarmakdaky hyzmaty uludyr.

Mekdep umumy okuwy (leksiýa) – ýokary okuw mekdebiniň tejribesinden mekdebe geçen usuldyr. Ol adatça, ýokary synp okuwçylary bilen aýry-aýry dersler (edebiýat, taryh, biologiýa we ş.m.) öwrenilende geçilýär.

Bu usulyň ýokary okuw mekdebinde okalýan umumy okuwlardan tapawutly taraplary:

1. Mekdep umumy okuwy ýokary okuw mekdepleriniň umumy okuwyndan özüniň dowamlylygy bilen tapawutlanýar. Mekdepde okalýan umumy okuwyň wagty aňry gitse otuz minut dowam edip biler.

2. Mekdep umumy okuwynda diňe bir täze materiallar beýan edilip durulman, eýsem, geçilenleri gaýtalamak, berkitmek ýaly elementler hem öz beýanyny tapýar.

3. Mekdep umumy okuwynda maksatnamada göz öňünde tutulan meseleleriň bary diýen ýaly mugallym tarapyndan aýdyňlaşdyrylýar.

4. Mekdep umumy okuwy gidip duran mahalynda mugallym aýry-aýry okuwçylaryň ünsüni çekmek maksady bilen gysga wagtlyk sorag-jogap geçirip, olaryň okalýan umumy okuwa näderejede düşünýändiklerini anyklap biler.

*Görkezip okatmak usuly.* Görkezip öwretmeklige ähli döwürlerde-de aýratyn ähmiýet berlipdir. Ol okuwda hem durmuşda giňden ulanylypdyr. „Eşiden deň bolmaz gören göz bilen“ diýen halk pähimi ýöne ýerden döremändir. Halk paýhasy bilen dörän bu nakyl görüp öwrenmek, ýatda saklamak diýen manyny özüne siňdiripdir. Görkezip okatmak usulynyň häzirki okuw döwründe hem gymmaty örän uludyr.

Mugallym täze temany beýan edýän mahalynda degişli okuw-görkezme esbaplarynyň, geçirýän tejribeleriniň üsti bilen şol materialy has aýdyňlaşdyrýar, subut edýär, durmuşy ähmiýetini düşündirýär. Beýle diýildigi, görkezip hem eşitdirip öwretmek usuly diňe bir täze tema bilen baglanyşdyrylýar

diýildigi däldir. Bu usul okuw materialy berkidilende-de, gaýtalananda-da, özbaşdak işler guralanda-da, hat-da okuwçylaryň bilimleri barlanylanda-da giňden peýdalanylýar. Bu usul okuwçynyň jogaplarynyň anyk hem düşnükli bolmagy, olaryň sapaga gyzyklanyp, höwes bilen ýapyşmaklary üçin hem, alýan biliminiň nazary we amaly gymmatyna akyl ýetirmekleri üçin hem bähbitlidir. Mugallym okuw döwründe haýsy serişdäni görkezýän, nämäni eşitdirýän bolsa, okuwçynyň ünsüni şol serişdeleriň bitirýän hyzmatyna, görnüşine, reňkine we beýleki taraplaryna çekýär, şeýlelikde, sapagyň täsirli geçmegine şert döredýär.

Mugallym sapakda görkezjek serişdeleriniň maksadyny, bilim berijilik, terbiýeleýjilik gymmatyny kesgitleýär, onuň täsirli bolmagy ugrunda pugta oýlanýar, seçilip alnan her bir görkezme esbaby sapagyň haýsy ýerinde, näçe wagtlyk peýdalanjakdygyny, synp tagtasynda oňa degişli nähili goşmaça ýazgylar etjekdigini öňünden anyklaýar. Jemläp aýdanymyzda, görkezilýän hem eşitdirilýän her bir serişde mugallymyň düşündirip duran täsirli hem aýdyň sözi bilen sazlaşykly utgaşdyrylyp durulýar.

*Sapagyň tipleri (hili, görnüşi, nusgasy) we gurluşy.* Sapagyň tipleri (hili, görnüşi, nusgasy) okatmagyň belli bir şertlerinde sapagyň has maksadalaýyk tipini (hilini, nusgasyny) saýlap almaklyga kömek edýär. Sapagyň her bir tipiniň kesgitlenen görnüşi we aýratynlyklary bolup, sapagy dogry we täsirli düşündirmäge, berkitmäge, okuw materialyny gaýtalamaga we onuň özleşdirilişini barlamaga mugallyma kömek edýär. Pedagogika ylmynda sapagyň ähli görnüşlerini özünde jemleýän ýeke täk häsiýetli sapak ýokdur.

Sapagyň has ýaýran we peýdaly häsiýetnamasy didaktikanyň maksatlaryna laýyklykda öwrenilýän okuw materialydyr. Şunuň esasynda sapaklar şeýle tiplere bölünýärler: okuw materialyny düşündiriş sapagy; başarnyklary, endikleri emele getiriş we

berkidiş sapagy; jemleýji, gaýtalamak sapagy; okuwçylaryň bilimlerini barlap baha goýmak sapagy; garyşyk sapagy.

Her bir sapagyň tipi aýratyn gurluşa eýedir. Muňa doly düşünmek üçin, okuw materialynyň ähli tapgyrlary: düşündiriş, berkidiş, gaýtalamak, barlag hem-de garyşyk sapagyň mysalynda seredip geçeliň.

**Garyşyk sapagyň gurluşy:**

1. Sapagyň başyny guramak, guramaçylyk döwri.
2. Sapagyň meselelerini goýmak.
3. Täze okuw materialyny düşündirmek.
4. Berkitmek we gaýtalamak.
5. Alnan netijeleri barlamak we sapagyň jemlerini jemlemek.
6. Öýe iş tabşyrmak.

Garyşyk sapaklar başlangyç synplarda netijeli bolýar, mugallym şol döwürde her okuw sagadynda çagalary işe çekýär, olaryň täze materialy, öýe tabşyrylan işi özleşdirişini barlaýar, berkitmek üçin ýumuşlar berýär, çagalaryň temany özleşdirişini barlap bahalandyrýar, sapagy jemleýär.

Elbetde, orta we ýokary synplarda hem mugallymyň öňünde şeýle meseleler durýar, ýöne olary her sapakda şeýle yzygiderlikde geçmeklik zerurlygy döremeýär. Meselem, mugallym täze materialy geçende, guramaçylyk döwrüne, berkitmäge we gaýtalamaga üns bermese-de bolar, sebäbi, okuwçylar eýýäm sapak geçiliş tertibini özleşdirýärler.

Täze materialy düşündirmek sapagynyň gurluşy:

1. Sapagy guramaçylykly başlamak.
2. Täze materialy geçmeklige taýýarlyk: ýörite taýýarlanan soraglaryň, ýumuşlaryň üsti bilen öňki geçilen temany barlamak.
3. Sapagyň öňünde goýan meseleleri.
4. Täze materialy düşündirmek.

5. Täze materialyň özleşdirilişini barlamak maksady bilen soraglar, ýumuşlar bermek, özbaşdak we tejribe işlerini ýola goýmak.

6. Sapagy jemlemek we öý işini tabşyrmak.

Berkitmek sapagynyň gurluşy:

1. Guramaçylyk döwri.

2. Sapagyň öňünde goýan meseleleri.

3. Öý işini barlamak we geçilen materialy gönükmeleriň, amaly işleriň, ýumuşlaryň, özbaşdak işleriň üsti bilen berkitmek.

4. Sapagy jemlemek we öýe iş tabşyrmak.

Gaýtalamak sapagynyň gurluşy:

1. Guramaçylyk döwri.

2. Mesele goýmak.

3. Okuw materialyny gaýtalamak.

4. Sapagy jemlemek we öýe iş tabşyrmak.

Häzirki zaman sapagyna bildirilýän talaplar:

1. Sapagyň bilim beriji, terbiýeleýji we ösdüriji häsiýetleri bolýar. Okuwçynyň hemmetaraplaýyn kemala gelmegine täsirini ýetirýär: bilimleriniň üstüni dolýar, akyl ýetirijilik mümkinçiliklerini we başarnyklaryny ösdürýär, şahsyýetiň dünýägaraýşyny, ahlak, gözellik häsiýetlerini kemala getirýär, zähmete bolan gatnaşygyny terbiýeleýär.

2. Sapagyň geçilişi ulgamlaýyn düzülýär: kesgitlenen görnüsde sapagy başlamak, maksadyny we meselelerini goýmak, düşündirmek, berkitmek we gaýtalamak, öý işi. Sapaklaryň bölekleriniň arabaglanyşygy bolmaly, biri beýlekisiniň yzyndan gelmeli.

3. Sapak okatmagyň ýörelgelerine laýyk gelýär: ol terbiýeçilik täsirini ýetirýär, ylmy häsiýetli bolýar, elýeterli, materialy akyl ýetirip, berk özleşdirmäge ýardam berýär, başarnyklary we endikleri kemala getirýär.

4. Sapagyň mazmuny okuw maksatnamasyna laýyk gelýär.

5. Sapaga taýýarlyk görlende we geçilende okatmagyň we terbiýelemegiň häzirki zaman psihologik-pedagogik we okuw-usulyýet talaplary nazara alynmalydyr.

Ondan başga-da, mugallym mekdebiň ýagdaýyny: enjamlaryny, tehniki serişdelerini, ýerli durmuşy we tebigy şertlerini we ş.m. hem göz öňünde tutmaly bolýar.

Sapaga taýýarlygyň we geçirilişiň üstünligi synp-sagat ulgamynyň şertlerinde okuw döwrüniň esaslarynyň gurluşyna düşünmekden ybaratdyr.

Her bir sapagyň maksatlary aýdyňlaşdyrylýar, meseleleri göz öňünde tutulýar. Meselem, sapakda üçburçluk barada düşünje berilýär. Bu maksat: üçburçlugy görmek, tanyşmak, beýleki görnüşleriň içinden üçburçlugy tapmak, bu geometrik şekiliň alamatlaryny ýatda saklamak we ş.m. ýaly birnäçe takyk meseleleriň üsti bilen amala aşyrylýar.

Her bir sapak bilimden daşary terbiýeleýji maksatlary we meseleleri hem öz içine alýar. Olar okuw materialynyň mazmunynda kesgitlenilişi ýaly, okuwçynyň şahsyýetini terbiýelemegiň we ösdürmegiň umumy maksatlaryny öz içine alýar.

Mugallym anyk terbiýeleýji meseleleri kesgitleýär. Meselem, sapagyň maksady obýekti derňemek bolsa, onda okuwçyda syn etmegi terbiýelemek; sapakda birnäçe gönükmeler ýerine ýetirilse, özbaşdak işlemek endiklerini emele getirmek; meseläniň çözgüdini bilelikde çözmeli bolsa, köpçülikleýin (kollektiwleýin) terbiýesi; anyk bir ýagdaý çözülende, döredijilik elementlerini ýüze çykarmak we ş.m.wezipe edilip goýulýar.

Okuwça okamagy, özbaşdak bilim almaklygy öwretmek ýaly esasy meseleler, umumy meýilnama boýunça däl-de, her sapakda çözülmeli meseledir.

## Terbiýäniň esaslary

*Terbiýäniň döreýşi we ösüşi.* Terbiýäniň öz gözbaşyny adamzat jemgyýetiniň dörän mahallaryndan alyp gaýdýanlygyny biz öň ýatlap geçipdik. Alymlaryň tassyklamaklaryna görä, Türkmenistanyň çäklerindäki taryhy-arheologik ýadygärlikler, ata-babalarymyzyň bize galdyryp giden medeni we ruhy gymmatlyklary iňňän gadymky döwürlere degişlidir. Öwrenmezden we öwretmezden, tälim almazdan we tälim bermezden, paýhas bilen zähmet siňdirmezden şeýle ýadygärlikleriň, medeni we ruhy mirasyň, ýaşaýyş-durmuş üçin zerur bolan beýleki zatlaryň döredilip bilinmejekdigi öz-özünden düşnüklidir.

Käbir taryhy maglumatlara ser salyp göreliň.

Biziň eýýamymyzdan öňki 3-nji müňýyllygyň ahyrlarynda, 2-nji müňýyllygyň başlarynda Altyndepede 10 müň töweregi ilat ýaşap, onda senetçilik, söwda-satuw işleri ösüpdir, ol ýerde ullakan ybadathana-da bolupdyr, hat-ýazuw hem ýüze çykypdyr. Ýedi müň ýyl mundan ozal Änewiň töwereklerinde ak bugdaýyň ekilenligine amerikan arheologlarynyň gözleg-agtaryş işleri güwä geçýär.

Parfiýa döwletiniň merkezi bolan Nusaýdan hem-de beýleki ýerlerden tapylyp ýüze çykarylan we ylmy nazaryýetden öwrenilen taryhy-arheologik tapyndylar b.e. öňki müňýyllyklarda ata-babalarymyzyň nämeler bilen meşgul bolandyklary, nesillere nämeleri öwredendikleri, ylym-bilimiň, tälim-terbiýäniň nähili bolandygy barada pikir ýöretmäge mümkinçiliik berýär. Taryhçy alymlaryň gelen netijelerine görä, diňe bir Nusaý bilen baglanyşykly 2 müňden gowrak resminamalar äşgär edildi. Olaryň arasynda mermerden, altyndan, kümüşden, şirmaýydan, aýnadan, agaçdan, dag hrustalyndan çeperçilik bilen ýasalan önümler, zygyr matasynyň bölekleri, ybadathanaly medeni

toplumlar, dabara zallary, gulluk otaglary, owadan suratlar, altyn çaýylan dürli heýkeller, aýalyň mermerden ýasalan heýkeli, täsin nagyşlar bilen bezelen diwarlar; çakyr, ýag, galla, ýarma saklamak üçin ýasalan göwrümi 250-280 litre barabar bolan humlar, üzüm we çakyr bilen tölenýän tölegler hakyndaky salgyt resminamalary ýaly gymmatly materiallar bar. Köp sýužetleriň grek esasynyň barlygyna garamazdan, olaryň çeperçilik taýdan ýerine ýetirilişi gündogar häsiýetindedir. Bu ýerde iki sany däbiň – ýerli we ellin däpleriniň sazlaşykly utgaşýanlygy bellidir. Nusaý gür ilatly şäher bolup, onda hünärmentçilik we sungat gülläp ösüpdir, oňa gadymy dünýäniň ençeme ýurtlaryndan harytlar getirilipdir. Türkmen alymy, arap dilinde ýazan awtor Makdisiniň bu paýtagt barada ýazanlaryndan şeýle mysallar getirilýär: „Nusaý uly, sagdyn we owadan şäher, suw bol, ýaşaýyş şertlerine baý, onda agaçlar bir-birine çyrmaşýar, olarda miweler oňat, metjit owadan, çörek arassa, bazar hatar-hatar ýerleşýär, onda gymmat bahaly we seýrek zatlar bar. Olar bir dine uýýarlar, zatlar mydama arzan, şonuň bilen birlikde olarda edebiýat, gelip çykyş bar. Şol ýerde bagsyz we akar suwsuz öý ýok“[2]. Nusaýa Ürgenç-Horezm döwletinden iň baý kitaphanalaryň bir iniň göçürilip getirlendigi barada maglumatlar bar. Parfiýanyň özüne häsiýetli grek sungatyndan garaşsyz çeperçilik mekdebi bolupdyr. Muňa parfiýa suratçysynyň çeken suratlary-da, Köne Mürçede, Änewde, Abywerdde gurlan öýleriň, jemgyýetçilik jaýlarynyň arhitektura ýadygärlikleri güwä geçýär.

Bularyň hemmesi şol döwürde ýörite mekdepleriň bolandygynyň subutnamasydyr.Dogry, tozgunçylykly uruşlar, keseden edilen çozuşlar zerarly taryhy we medeni ýadygärlikler ýykylyp-ýumrulyp gidipdir, okuw jaýlaryny döreden, onda ylym-bilim beren, edep-terbiýäni ýola goýan, kesp-kär

[2] Şol ýerde, 19 s.

öwreden adamlaryň atlary bize gelip ýetmändir. Herhal, gadymy Merwde, Horezmde meşhur kitaphanalaryň, ylym ojaklarynyň, ýarag ussahanalarynyň, suw desgalarynyň döräp hem ösüp başlamagy, demri, bürünji, kümüşi işläp bejermek işleriniň möwç alyp gitmegi, meşhur söwda ýoly bolan „Beýik ýüpek ýolunyň“ türkmen topragynyň üstünden geçmegi ylym-bilimiň, medeniýetiň, sungatyň ösüşiniň subutnamasydyr,tälim-terbiýäniň sagdynlaşandygynyň alamatydyr.

Şu ýerde hat-ýazuwyň gadymylygy barada ýene-de gürrüň etmek bolar. Taryhçylaryň berýän maglumatlaryna görä, Altyndepede hat-ýazuw ýüze çykypdyr, Parfiýa döwletiniň hat-ýazuwy bolupdyr, onuň öz puly zikgelenipdir, gadymy Merwde-de şeýle bolupdyr, gadymy Horezmde horezm elipbiýinde ýazylan resminamalar tapylypdyr.

Belli bolşy ýaly, Türkmenistanda 1996-njy ýylda tutuşlygyna türkmen elipbiýine geçilýär. Şol wagta çenli halkymyz rus elipbiýinden peýdalanyp geldi. Arap elipbiýinden öň – orta asyrda, entek araplar türkmen iline gelmänkä, uýgur ýa-da Orhon-Ýeniseý ýazuwy bolupdyr. 17-18-nji asyr türkmen edebiýatynyň görnükli wekilleri Şakandy, Şeýdaýy, Andalyp ýaly şahyrlar hem bu barada örän täsin pikirleri bize galdyryp gidipdirler. Eger Şakandy 3 müň ýaşly türkmen elipbiýinde 24-25 belginiň bolandygyny bellän bolsa, Şeýdaýy oguz-türkmen hatynda 25 harp bolup, onuň 7-si çekimli, 18-si çekimsiz, bu elipbiýiň 3 müň ýaşy bolupdyr diýip ýazypdyr. Şol hatyň ulanylyşdan galmagy yslamyň aralaşmagy bilen baglanyşyklydyr. Entek harp ýazuwy döremänkä, ýagny uýgur ýa-da Orhon-Ýeniseý ýazuwyndan öň hat-habaryň „Beýannama (Salamnama), tak-taknama, düwünnama, tagmanama, şekilnama, nokatnama ýaly görnüşleri adamlaryň arasyndaky aragatnaşyk serişdesi bolup hyzmat edipdir“ diýen pikir hem üns bererliklidir.

Diýmek, b.e. öňki müňýyllyklarda Türkmenistanyň çäklerinde ýaşan taýpalar, esasan, maldarçylyk, ekerançylyk bilen meşgul bolupdyrlar. Olaryň misden, bürünçden, hatda demirden ýasalan gurallary-da bolupdyr. Zergärçilik ösüpdir, hasaplaşyk işleri haryt hem pul arkaly geçirilipdir. Arameý diliniň esasynda sogdy hem horezm ýazuwy döräpdir. B.e. ozalky IV asyryň ortalarynda bu ýere grek serkerdesi Aleksandr Makedonskiý leşger çekip gelipdir. Bu bolsa jemgyýetçilik ösüşini birnene bökdäpdir. Emma, şonda-da Türkmenistanyň birentek ýerleri garaşsyzlygyny ýitirmändir. Biziň e.ö. döwre degişli ýazuw ýadygärligi – „Awesta“ atly kitap döräp, onda tebigat hakda, pelsepewi oýlanmalar, zatlaryň gelip çykyşy, gurluşy baradaky pikirler, ekerançylyk, adam zähmetiniň ähmiýeti hakyndaky garaýyşlar, lebzi halallyk, okamagyň we bilim almagyň zerurlygy, ýagşy niýetli bolmagyň, akylly-başly hereket etmegiň zerurlygy ýaly ahlak sypatlary baradaky pikirler bar. Gadymyýetde ata-babalarymyzyň beýleki ýurtlar bilen medeni aragatnaşykda bolanlygyny hem aýtmak gerek. Muňa Änewden, Altyndepeden, Amederýa boýundan, Merwden, Orhon-Ýeniseý boýlaryndan tapylan taryhy-medeni ýadygärlikler (altyn-kümüş bezegleri, ymaratlar, halylar we başgalar) hem güwä geçýär. Şol gymmatlyklar b.e. öňki III-I müňýyllyklardan habar berýär.

Şu aýdylanlardan ugur alyp, şeýle netijä gelmek bolar:

1. Tälim-terbiýe bermek, ylym-bilim, kesp-kär öwretmek işi öz gözbaşyny örän gadymy döwürlerden, ýagny b.e. öňki müňýyllyklardan alyp gaýdýar.Esasan hem, ýaş nesle il-günüň ýaşaýyş-durmuş şertleri bilen baglanyşykly bilim berlipdir.

2. Ýaşaýyş-durmuş üçin zerur bolan ugurlardan kesp-kär öwredilipdir. Şol ugurlar, esasan, maldarçylyk, ekerançylyk, gurluşyk, senetçilik, sungat, alyş-çalyş bilen baglanyşykly bolupdyr.

3. Il-ulusyň asudalygy, garaşsyzlygy ugrunda göreşmäge ukyply, sagdyn, söweş tälimlerinden baş çykaryp bilýän gujurly hem gaýduwsyz adamlary terbiýeläp ýetişdirmek esasy wezipe edilip goýlupdyr.

4. Bilim bermek, hat-sowat öwretmek niýeti bilen ýörite elipbiý döredilipdir.

5. Türkmenleriň ata-babalary beýleki halklar bilen ykdysady we medeni aragatnaşygy ýola goýup, ony ösdürip hem kämilleşdirip gelipdir. Bu bolsa şol ugurlardan baş çykaryp bilýän, işine ökde, ugurtapyjy, sowatly adamlary terbiýeläp ýetişdirmegi talap edipdir.

*Terbiýäniň manysy, ýörelgeleri, ulgamy.* Pedagogikanyň bu bölümi nämäni öwredýär? Onuň öňki bölümler bilen arabaglanyşygy nähili? Terbiýe sözüniň düýp manysy näme? Türkmen halky ençeme asyrlaryň dowamynda kalbynda beslän, arzuw edip gelen garaşsyzlygyna eýe boldy. Kän wagt geçmänkä, özüniň parasatlylygy, syýasy durnuklylygy, agzybirligi hem asudalygy bilen bütin dünýä özüni tanatdy. Indi ýurduň ykdysadyýetini ilerletmek, syýasy ýagdaýyny berkitmek, durmuş-medeni derejesini ýokary götermek wezipesi ör boýuna galdy. Şol möhüm wezipeleriň çözgüdi bolsa, köp babatda, ylym-bilim, tälim-terbiýe işiniň näderejede ýola goýlanlygyna bagly bolup durýar.

Pedagogikanyň „Terbiýäniň esaslary“ diýen şu bölümi talyplary – geljekki pedagoglary ýaş nesle tälim-terbiýe bermegiň esasy ugurlary bilen tanyşdyrmaklygy maksat edinýär: ol talyplaryň aňynda ylmy garaýyşlaryň giden bir ulgamyny, ahlak sypatlaryny, zähmetsöýüjiligi, gözellik düşünjelerini emele getirmegi öz öňünde baş wezipe edip goýýar, ýurduň çagalar guramasynyň, Magtymguly adyndaky ýaşlar birleşiginiň işleri mekdep ýolbaşçylarynyň, tutuş pedagogik köpçüliginiň durmuşa geçirýän okuw-terbiýeçilik çäreleri,

maşgala terbiýesiniň esaslary bilen tanyşdyrmagy göz öňünde tutýar.Tälim berýänleriň terbiýäniň esas alynýan ugurlarydyr usullaryndan peýdalanmagyny ýola goýmak hem, synasy sagdyn nesli terbiýeläp ýetişdirmegiň usullary bilen tanyşdyrmak hem, beýleki terbiýeçilik çäreleriniň geçirilişi bilen habarly etmek hem şu bölümiň çäginde galýar. Umumylaşdyryp aýdylanda, „Terbiýaniň esaslary“ terbiýäniň mazmunyny, onuň meselelerini öz içine alýan bölümdir. Ýöne şu bölüme onuň çäginde öwrenilýän beýleki temalara pedagogikanyň öňki bölümleridir temalary bilen berk arabaglanyşykly bolan meseleler hökmünde garamak gerek. Okuw döwrüni terbiýeçilik döwri bilen bitewi bir zat diýip düşünmek hem, olaryň ikisiniň hem bir maksada –hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösen şahsyýeti kemala getirmek işine tabyn edilendigini ýatlamak gerek.

Terbiýe döwrüniň esasy manysy tälim-terbiýe işiniň inçe kanunlaryny, içki arabaglanyşygyny, özara gatnaşygyny ýüze çykarmagy, näme edeniňde terbiýerçilik işiniň netijeliligini ýokarlandyryp boljakdygyny salgy bermegi göz öňünde tutýar. Elbetde, okuw döwrüniň talaplaryna laýyk edip ýola goýmak üçin, terbiýäniň nazaryýetinden hem, tejribesinden hem ýeterlik derejede baş çykaryp, pedagogik işde ondan döredijiliklki peýdalanyp bilmek hökmandyr. Terbiýeçilik işi bilen meşgul bolýan her bir pedagoga döwrüň talap edýän adamlaryny terbiýeläp ýetişdirmegiň ýeňil bolmadyk ýollaryny ymykly öwrenmeklik hökmany ýagdaýdyr.

Jemgyýetçilik durmuşynyň ösüşi, öňde goýlan talaplary, ýaş nesle ylym-bilim, tälim-terbiýe bermegiň häsiýetini kesgitleýän esasy zatlardyr. Başgaça aýdylanda, okuw-terbiýeçilik işi tutuşlygyna ýurduň ykdysady, syýasy, durmuş ýagdaýyna laýyk edilip ýola goýulmagyny talap edýär. Türkmenistan garaşsyzlygyna eýe bolandan soň, ykdysadyýetiň dürli pudaklary boýunça tejribeli hünärmenleriň, syýasatyň we sosial

durmuşyň derwaýys meselelerinden baş çykaryp bilýän hakyky watançylaryň gerekligi ýeterlik derejede duýuldy.

Ýokarda bellenip geçilişi ýaly, okuwçylar okuw döwründe terbiýelenýärler, ýagny olar akyl, ahlak taýdan ösýärler hem kämilleşýärler, zähmet endiklerini ele alýarlar, gözellik düşünjelerine eýe bolýarlar, berk bedenli-berdaşly bolup ýetişýärler. Emma, şeýle-de bolsa, terbiýeçilik döwri bilen okuw döwrüni biri-birinden parhlandyrýan aýratynlyklar ýok däl. Mysal üçin, okuwçylaryň aňynda halklaryň dostlugy baradaky duýgy-düşünjäni, hakyky ynamy terbiýelemek işi matematikadan „trigonometrik funksiýalar“ ýa-da türkmen diliniň grammatikasyndan „çalyşmalar“ diýen temany öwredeniň bilen deň däldir. Mugallym şol temalary öwredenden soň, olary okuwçylaryň neneňsi özleşdirendigini indiki sapakda barlap hem belli bir netijä gelip bilýär. Emma okuwçylaryň aňynda halklaryň dostlugy baradaky düşünjelerini welin, bir hepdede, bir aýda kemala getirip hem barlap bolmaýar diýip aýdyp bolar.

**Terbiýeçilik işiniň kanunalaýyklyklary.**

1. Terbiýäniň jemgyýetiň, önümçiligiň talaplaryna laýyk gelmegi, şonuň ýaly-da, jemgyýetiň mümkinçiliklerine laýyk gelmegi.

2. Terbiýäniň maksadynyň, mazmunynyň we usullarynyň birligi, bütewiligi.

3. Terbiýelenýänleri döredijilikli işlere işjeň gatnaşdyrmak.

4. Döredijilikli işe işjeňligi höweslendirmek.

5. Terbiýelenýäniň şahsyýetini sylamak bilen birlikde, oňa bolan ýokary talap edijiligi utgaşdyrmak.

6. Ösüşiň göz öňünde tutulýan geljegini(perspektiwa) düşündirmek we üstünliklere şatlyk duýgusyny oýarmak.

7. Terbiýelemek döwründe okuwçyda bolan oňat sypatlary ýüze çykarmak we şolara daýanmak.

8. Terbiýelenýänleriň ýaş we şahsy aýratynlyklaryny nazara almak.

9. Kollektiwde, kollektiw üçin we kollektiw arkaly terbiýelemek.

10. Terbiýelemek işinde mekdebiň, maşgalanyň, jemgyýetçiligiň tagallalarynyň birligini gazanmak.

*Terbiýeçilik işiniň hereketlendiriji güýçleri.* Pedagogik işi guramaklyk ýaramaz ýüze çykmalary we delilleri ýeňip geçmek, göze ilýän peýdaly başlangyçlary tassyklamaklyk ýaly hereketlendiriji güýçlerden durýar. Mekdep bilen maşgalanyň terbiýesiniň deň gelmezligi, mekdebiň käbir talaplaryna maşgalanyň garşylykly hereketleri terbiýeçilik işine ýaramaz täsir edýär. Okuwçylaryň ähli habarlary öwrenmek babatda ýüze çykýan garşylyklary terbiýeçilik işiinde hakyky kynçylyklary ýüze çykarýar. Okuw wagtynyň çäkliligi we habarlaryň çäksizligi çagalaryň kabul edijligine, nerw ulgamlaryna, olaryň ösüşine täsirini ýetirip biler. Şonuň üçin hem habarlaryň akymynda öz bilimiňi özbaşdak artdyrmaklyk ukybynyň zerurlygy ýüze çykýar. Toplumlaýyn terbiýe bermek şahsyýetiň akyl taýdan (intellektual) sowatlylygyny, erkinligini ösdürmegi talap edýär.

*Terbiýe, öz-özüňi terbiýelemek we gaýtadan terbiýelemek.* Terbiýe we öz-özüňi terbiýelemek – şahsyýeti kemala getirmegiň ýeke-täk işiniň (prosesiniň) iki tarapy hökmünde çykyş edýär. Öz-özüňi terbiýelemek diýip, şahsyýetiň akyl ýetirmek bilen, maksatly edilen özbaşdak işi esasynda daşky gurşawa ýetirýän täsirine aýdylýar. Psihologlaryň we pedagoglaryň barlaglary şahsyýetiň diňe bir özüni gurşap alan dünýäsini däl-de, eýsem özüni hem kemala getirmekde uly güýjüniň barlygyny subut etdi.

Öz-özüňi terbiýelemek şahsyýetiň ösmeginde iň ýokary zerurlyk bolup durýar. Bu zerurlyk, aýratyn hem, şahsyýet

edilýän talaplary kabul etmäge taýýar däl bolsa, şol bir ýaşdaky okuwçylaryň hemmesinde bir wagtda döremeýär.

Öz-özüňi terbiýelemegiň zerurlyklary, esasan hem, ýetginjeklik döwründe ýüze çykýar.

Okuwçylaryň öz-özüni terbiýelemeginde mekdep iki funksiýany ýerine ýetirýär: öz-özüňi terbiýelemegiň şertlerini döredýär we bu işi guraýar.

Terbiýelemek we gaýtadan terbiýelemek işleri özara baglanyşyklydyr. Gaýtadan terbiýelemek şahsyýetiň kemala gelmeginde nädogry dörän garaýyşlary, pikirleri, oňaýsyz hereketleri täzelemek maksadyna eýerýär.

Gaýtadan terbiýelemek işi: okuwçynyň nerw ulgamynyň ösüşiniň yza galaklygyny kesgitleýär; tertibini täzelemäge täsir edip biljek ýollary, serişdeleri gözleýär; köpçülikleýin işlerine işjeň gatnaşmagyny gazanýar.

**Terbiýäniň esasy ugurlary, ýörelgeleri (prinsipleri).**

1. Terbiýäniň maksadaokgunlylyk hem ynamlylyk ýörelgeleri – her bir terbiýeçilik işiniň aýdyň maksadynyň bolmalydygyny aňladýar. Haýsydyr bir terbiýeçilik işi durmuşa geçirilende nämäniň göz öňüne tutulýandygyna, onuň netijesiniň nähili boljakdygyna göz ýetirmek zerurdyr. Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistan döwletiniň alyp barýan daşary hem içeri syýasatyna akyl ýetirmezden, oňa ynanmazdan, gurnalýan her bir terbiýeçilik işini maksadalaýyk edip geçirmek mümkin däldir. Bu bolsa alnyp barylýan terbiýeçilik çäreleriniň aýdyň hem düşnükli maksadynyň bolmalydygyny aňladýar.

2. Terbiýäniň durmuş hakykaty bilen arabaglanyşyklylyk ýörelgesi – okuw mekdeplerinde göz öňünde tutulýan hem amal edilýän islendik terbiýeçilik işiniň döwletimiziň syýasy, ykdysady, maddy, medeni durmuşy we dünýä ösüşleri bilen baglylykda bolmagyny aňladýar. Terbiýeçilik işinde ýaş nesliň aňyna siňdiriljek bolýan garaýyşlar durmuş hakykaty bilen

gabat gelmedik mahallarynda ynamsyzlyk döreýär, terbiýe berýän bilen terbiýelenýäniň pikirleri biri-birine garşy gelýär, bu ýagdaýda terbiýeçä alyp barýan işinde şowsuzlyk garaşýar.

3. Terbiýeçilik işinde talaplaryň birlik ýörelgesi – esasy iki zady göz öňünde tutýar. 1 – kollektiwiň öz içinde terbiýeçilik işi bilen meşgul bolýanlaryň täsir edijilik hereketleriniň ylalaşykly bolmagyny, agzybirlik bilen bir ugra gönükdirilmegini talap edýär. 2 – mekdebiň, maşgalanyň, jemgyýetçilik guramalarynyň bilelikde hereket etmekligi nazara alynýar.

4. Okuwçynyň ukybyny, başarnygyny nazara almak ýörelgesi – her bir okuwçynyň akyl hem beden mümkinçiligini, zehinini hem höwesini ýüze çykarmagy, şoňa görä olaryň hersine aýratynlykda çemeleşmekligi göz öňünde tutýar.

5. Okuwçylaryň pikirini öwrenmek, teklibini goldamak hem oňa ýolbaşçylyk etmek ýörelgesi – okuwçylar bilen arany ýakynlaşdyrmagyň, ýürekdeşligi ýola goýmagyň ähtibarly ýoludyr. Haýsydyr bir temadan terbiýeçilik çäresini taýýarlamak, geçirmek babatynda okuwçylaryň orta atýan teklipleri öwrenilmäge hem goldanylmaga mynasypdyr.

6. Okuwçydan edilýän talaby onuň gadyr-gymmatyna sarpa goýmak bilen utgaşdyrmak ýörelgesi – her bir ýaş ynsandan başaryp biljek, onuň güýjüne, mümkinçiligine laýyk gelýän işi talap etmek bilen bir hatarda, onuň mertebesine sarpa goýmak, ynsanlyk hukugyny gorap saklamak bilen ugurdaşlykda alyp barmaklygy göz öňünde tutýar.

7. Her bir adamda bar bolan gowy taraplary görüp, tapyp we oňa daýanyp bilmek ýörelgesi – terbiýeçilik işiniň iň gymmatly we möhüm tarapydyr. Çaganyň içki dünýäsine aralaşmaklygy başaran ussat pedagog şol gowy tarapy görüp, oňa daýanyp bilýär.

8. Köpçülikde terbiýelemek ýörelgesi – çagada köpçülik bilen bile hereket etmek, işlemek, okamak isleglerini artdyrmak

endikleriniň ösdürilmegini talap edýär. Köpçülik her bir çaganyň guramaçylyk ukybyny ýüze çykarmaga, kimiň kimligini bilmäge mümkinçilik döredýär, kimiň nämä ukyplydygyny hem äşgär edýär.

Terbiýäniň usullary dürli-dürlüdir. Olaryň hersini kim babatda, näwagt, nädip peýdalanmalydygyny pedagogyň özi gowy bilmeli, çünki bu iş onuň ussatlygyna bagly bolup durýar. Täsir ediş usullaryny netijeli edip ulanyp bilmek – munuň özi pedagogyň sabyrlylygy, parasatlylygy, geçirimliligi, ynsanperwerligi, onuň özüne erk edip bilmegi bilen baglanyşyklydyr. Bu pedagog üçin örän möhüm bolup, ol ata-babalaryň asylly sypatlaryny dowam etdirmegi, terbiýeçilik işi babatynda-da aslyňa dolanmagy talap edýär. Döwletmämmet Azadynyň öwredişi ýaly, giň göwrümli bolmaklygy, sesiňe bat berip gürlemezligi, gaty-gaýrym sözleri diýmezligi başarmak gerek. Bu ýeňil däl, ýöne durmuşa geçirmesi zerur iş. Mugallym temany düşündirip duran wagty okuwçylaryň biri kitabyň sahypalaryny agdaryp başlaýar. Bu ýagdaý okuwçynyň işiniň kadaly gitmegine ters gelýär, ýöne mugallymdan gaty-gaýrym söz diýmekden saklanmaklyk talap edilýär. Pedagogika şeýle ýagdaýda düşündirişiň arasyny böläge-de, biraz dymyp durmagy we özüňiň pedagogdygyňy ýada salmagyňy, soňundan ýene sözüňi dowam etdirmekligi maslahat berýär. Munuň özi, göräýmäge, owunjak zatdyr welin, ýöne onuň ýüze çykyp biläýjek näsazlygyň öňüne böwet basyp bilmegi gaty mümkindir, asla terbiýeçilik işinde ownuk zat ýokdur.

Her bir täsir ediş usulynyň netijeliligi ony pedagogyň ýüze çykan hadysa, onuň häsiýetine laýyklykda şol pursatyň özünde ulanyp bilmegine köp derejede baglydyr. Bir ýagdaýda örän gowy netije beren täsir ediş usulynyň başga bir ýagdaýda netijesiz bolup çykýanlygy terbiýeçilik işiniň tejribesinden bellidir.

*Görüm-görelde usuly* ynsanyň aňyna, özüni alyp barşyna iňňän uly täsir edýär. Görelde bolmak üçin görelde alarlykly hereket etmek, gep-sözünde, edep-ekramynda, geýim-gejiminde, bir söz bilen aýdylanda, ähli babatda nusga bolmagy başarmak gerek. Bu hemmelerden öňürti mugallym üçin iň derwaýys sypatdyr. Göreldeli hereket, ahlak päkligi, belent adamkärçilik, ynsaply, wyždanly, halal bolmak – bu zatlaryň hemmesi onuň mertebesini belende göterýär, söziniň täsir edijiligini artdyrýar.

*Ynam etmek usuly.* Çaga tebigaty özüniň ykrar edilmegini, şahsyýete sarpa goýulmagyny, tabşyrylan ýumuş ýerine ýetirilende, özüne ynam edilmegini talap edýär. Şu kanunalaýyklyk ony işde synap görmäge, jemgyýetçilik ýumuşlaryny tabşyrmak bilen oňa täsir etmäge amatly şert döredýär. Beýleki adamlaryň – ýoldaşlaryň, köpçüligiň, il-günüň bähbidini aramaklyga nähili garaýandyklaryny ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär.

*Maslahata, öwüt-ündewe gulak asmaga ýardam etdirmegiň täri* okuwçydan erkliligi, pedagogdan uly ussatlygy talap edýär.

*Düşündirmek, öwretmek, edip görkezmek* terbiýäniň täsirli usullary hökmünde okuw-terbiýeçilik işiniň başlangyç döwründe giňden, soňky döwürlerde bolsa, birneme seýregräk ulanylýar.

*Öwüt-ündew, wagyz-nesihat* giňden ulanylýan usullar bolup, olar adamyň kalbyny arassalamak, akyl-paýhasyny dürs ugra gönükdirmek niýeti bilen ulanylýar.

*Söhbetdeşlik* Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe ýurtda ýöredilýän daşary we içeri syýasat, ykdysady, ýaşaýyş-durmuş ýagdaýlary, milli galkynyş hereketi we gaýry meseleler bilen baglanyşykly çäreler geçirilende giňden peýdalanylýar.

*Ynandyrmak usuly* dürli ýollar bilen amala aşyrylýar: düşündirmek, subut etmek, delillendirmek, köpçüligiň garaýşyny

beýan etmek, gürrüňi edilýän wakalara, hadysalara meňzeş mysallary aýdyp bermek we ş.m.

*Öz-özüňi terbiýelemegiň usullary* käbir alamatlary irki wagtlarda – çaganyň mekdebe çenli bolan döwründe, amaly hereketlerinde, özbaşdaklygyň dörän mahallarynda peýda bolup başlaýar. Çaga özüniň başaryp bilmedik zadyny başarjak bolup, goýberen hatasyny düzetjek bolup, edepli boljak bolup dyrjaşýan pursatlarynda, „Munym bolanok, ýene bir gezek düzetjek bolaýyn“ diýen içki pikir, ýüregi bilen ymtylyş ýüze çykýan mahallarynda, arassa hem gelşikli geýinmegi halaýan, gowy görünmäge ymtylýan, özüne üns berýän mahallarynda öz-özüne täsir etmegiň alamatlary ýüze çykyp başlaýar diýip bolar.

Ynsanyň öz-özüni terbiýeläp başlamagyna sebäp bolýan içerki we daşarky täsirler az däldir.

*Esasy düşünjeler we terbiýäniň klassifikasiýasy.* Klassifikasiýa – munuň özi usullary olaryň gatnaşyklary, birmeňzeşlikleri babatda toparlara bölmek, olary ýerlerinde goýmak bilen baglanyşykly işlenen shematik bitewilikdir.

Klassifikasiýa terbiýeçilik işiniň dogry we yzygiderli alnyp barylmagyna itergi berýän möhüm faktordyr. Ol üç sany uly topara bölünýär. Şol toparlaryň ilkinjisine şahsyýetiň aňyny kemala getirýän usullar diýilýär. Däp boýunça bu topara söz üsti usullar hem diýilýär. Çünki, esasy täsir ediş serişdesi bolup söz hyzmat edýär.

Söz üsti usullaryna söhbetdeşlik usuly hem degişlidir. Şahsyýetiň aňyna täsir ediş işiniň gidişinde söhbetdeşlik usulynyň täsiri uludyr. Terbiýelenýäniň ünsüni işe, dogry herekete çekmekde, haýsydyr bir waka, hadysa baha bermekde, söhbetdeşiň pikirini anyklamakda bu usul degişli netije berýär. Tematik söhbetdeşlikden başga-da, toparlaýyn hem-de köpçülikleýin söhbetdeşlikleri hem durmuş tejribesinde giňden peýdalanýarlar.

Umumy okuw (leksiýa bermek) usuly - söz üsti usullarynyň ýene-de bir görnüşi hasaplanylýar. Düşündirmek ýa-da gürrüň bermek usullary söhbetdeşlikden umumy okuwa geçiş köprüsi bolup hyzmat edýär. Umumy okuw usulynyň mümkinçilikleri söz üsti usulynyň beýleki usullaryna garanda, has köpdür. Umumy okuw düşündirmegi, gürrüň bermegi, söhbetdeşligi, hatda, jedelleşme usullarynyň elementlerini hem özünde jemleýär.

Sözüsti usullarynyň içinde çekişme usulynyň (disputyň) hem ýeterlikli paýy bardyr. Bu usul şahsyýetiň oýlanmak ukybyny, pikir ediş başarnygyny artdyrmaga gönükdirilendir. Uly ýaşly mekdep okuwçylary bilen geçirilýän çekişmeler has hem netijeli bolar.

Görelde usuly hem sözüsti usullar toparyna girýär. Görelde usulynyň artykmaç tarapy onuň hakyky durmuş bilen, durmuşda bar bolan şahsyýetleriň ömri we durmuşy bilen berk baglanyşyklydyr. Görelde usulyny öz ýerinde, gerek wagtynda ulanyp bilmek, munuň özi, terbiýeçiniň ussatlygyndan nyşandyr.

*Ahlak terbiýesi.* Ahlak – adamyň özüni alyp barşyny, gylyk-häsiýetlerini kesgitleýän düzgünlerdir. Ol adamlaryň bir-birine bolan garaýşyny, Watana, halka, jemgyýete, döwlete, maşgala ş.m. bolan garaýyşlaryny kesgitleýär. Ahlak meselesi bilen etika, psihologiýa, pedagogika ylymlary iş salyşýarlar. Etika – ahlagyň döreýşini, ynsanyň ahlak garaýyşlaryny, ýörelgelerini, ösüş kanunlaryny; psihologiýa – adam aňynda ahlak ynanjyň, duýgynyň, hüý-häsiýetiň we ş.m. emele geliş şertlerini, kanunalaýyklygyny; pedagogika – ahlak terbiýesiniň mazmunyny, maksadyny, usullaryny we serişdelerini öwrenýär.

Ahlak adamzat jemgyýetiniň ösüşiniň önümidir. Ilkinji gezek ahlak düwünçekleri gadym zamanlarda emele gelipdir. Irki döwürlerde-de nädogry hereketleri gadagan etmek, köpçülik bolup ýazgarmak ýaly çäreler ulanylypdyr. Şoňa görä,

köpçüligiň kabul eden kadalaryna, düzgünlerine tabyn bolmak gerek bolupdyr. Jogapkärçilik, bolçulyk, dogruçyllyk ýaly ahlak sypatlary her kes üçin zerur bolupdyr, köpçüligiň ykbaly adamlary biperwaý galdyrmandyr. Soňabaka ahlak kadalary barha ösüp, kämilleşip başlapdyr.

Biziň zamanymyzda hem ýaşlary belent ahlaklylyk ruhunda terbiýelemek möhüm wezipeleriň biridir. Ahlak terbiýesiniň esasy maksady örňäp-ösüp barýan nesilde ahlak kadalary, düzgünleri baradaky duýgy-düşünjeleri, özüňi alyp barmagyň endiklerini emele getirmekdir, şol kadalar, düzgünler esasynda hereket etmegi öwretmekdir.

Ahlak terbiýesiniň mazmunynda orun tutýan esaslar:

– ata Watana, ene topraga, onuň halkyna, diline, taryhyna, maddy, medeni we ruhy gymmatlyklaryna çyn söýgi döretmek esaslary;

– halklaryň dostlugy;

– ynsanperwerlik meselesi;

– edep;

– zähmetsöýüjilik.

*Zähmet terbiýesi we hünäre gönükdirmek.* Dogry goýlan zähmet terbiýesi - öwretmek we hünäre gönükdirmek, jemgyýete, önümçilige peýdaly zähmete okuwçylaryň gatnaşmagy - akyl hem beden taýdan ösen, kämil şahsyýetiň kemala gelmegine ýardam berer. Okuwçynyň mekdebi tamamlandan soňky durmuşynyň nähili bolmagyna seretmezden, zähmet endikleri oňa islendik ýerde zerurdyr.

Öwretmegiň önümçilik zähmeti bilen birikdirilmegi eýýäm kiçi synplardan başlap ýola goýulmalydyr. Munda çaganyň diňe bir zähmet ukyby artman, eýsem onuň jogapkärçiligi, zähmete bolan söýgüsi artar. Şu ýerde ata-babalarymyzyň „Ýigide müň dürli hünär hem azdyr“ diýen parasatly jümlesini ýatlamaklyk ýerlikli bolar. Çünki, eliňde hünäriň bolsa, sen eýýäm jemgyýete

peýda berip bijek şahsyýet. Önümçilik işiniň adamyň beden ösüşine peýdaly taraplarynyň barlygyny hem ýatdan çykarmaly däldir.

Zähmet adamyň akyl başarnyklaryny, düşbüligini, ýitiligini, duýgurlygyny, döredijilik ukyplaryny ösdürýär.

Zähmet terbiýäniň bir görnüşi hökmünde durmuşda öz ornuňy tapmaga we käriňi dogry saýlamaga itergi berýär.

Zähmet – ýaş nesli sazlaşykly ösen, kemally adamlar edip ýetişdirmegiň esasy ugurlarynyň biridir. Ol agzybir, asuda hem jebis türkmen halkynyň röwşen geljegi üçin zähmet çekmäge ukyply, ruhubelent hem başarjaň şahslary kemala getirmegi göz öňünde tutýar. Ata Watanyň, il-günüň bähbidi, ýaşaýyş-durmuşyň eşreti, her bir ynsanyň bol-telki ýaşamagy üçin, işe ukyply bolmagyň zerurlygy baradaky düşünjeleri ýaşlaryň aňyna guýmagy, olaryň islegine hem endigine öwürmegi maksat edinýär.

Terbiýeçilik işiniň bu ugry öz gözbaşyny maşgala ojagyndan alyp gaýdýar, mekdebe çenli terbiýeçilik edaralarynda, soňra mekdepde maksada gönükdirilip dowam etdirilýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasynda bellenilişi ýaly, her bir raýatyň döredijilikli zähmet çekmäge, öz islegine görä hünär saýlap almaga, iş ýerini anyklamaga, bitirýän işiniň möçberine hem hiline görä hak almaga bolan hukugy düşündirilýär. Mekdep maşgala bilen berk arabaglanyşykda bolup, okuwçylaryň zähmete bolan isleglerini öwrenýär, olaryň ymtylyşlaryny ösdürmegi hem berkitmegi guraýar. Bu şeýle işlerden ybarat:

1. Mekdepde zähmet terbiýesi, ozaly bilen, ýaş nesliň okuw zähmetini dogry guramakdan, onuň düýpli bilim almagyny ýola goýmakdan;

2. Zähmet terbiýesini bermekde zähmet okuwynyň aýratyn ähmiýeti bardyr. Mekdepde zähmet okuwy esasan üç ugurdan

alnyp barylýar: hyzmat ediş zähmeti; oba hojalyk zähmeti; tehniki zähmet;

3. Okuwçylara zähmet terbiýesini bermekde, olaryň zähmet çekýän adamlara hormat goýmaklaryny gazanmakda synpdan daşary geçirilýän dürli terbiýeçilik çäreleri aýratyn ähmiýete eýedir.

*Watançylyk we dostanalyk terbiýesi.* Ösüp gelýän nesliň ahlak taýdan özüni alyp barşyndan edilýän talaplaryň arasynda Watana çuňňur söýgini terbiýelemek meselesi uly orun tutýar. Watany söýmek diýmek öz Watanyňy, watandaşlaryňy, onuň ähli gymmatlyklaryny söýmek, ýurt ýolbaşçysyna hormat goýmak, oňa ak ýürekden gulluk etmek, ýurduň baýlyklaryna aýawly garamak, olaryň ömrüni uzaltmak üçin ähli tagallalary etmek, Watanyň ykdysady kuwwatyny galdyrmak üçin göreldeli zähmet çekmek, Watanyň duşmanlaryny ýigrenmek, Watanyň goragy üçin öz şirin janyňy pida etmeklige taýýar bolmak diýmekdir. Watansöýüjiligi takyk işler bilen, oňat okamak bilen, göreldeli tertip-düzgünlilik bilen ýüze çykarmak has göwnejaý bolýar.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe ýaş nesli watançylyk ruhunda terbiýelemekde ata-babalarymyzyň asyrlaryň jümmüşinde döreden we bize miras galdyran şol hazynasyna, ýagny onuň watançylyk däplerini özünde jemleýän halk döredijiligine ýüzlenmek artykmaçlyk etmez. Halk döredijiligi watançylygy wasp edýän, watana wepalylygy ündeýän nusgalara baýdyr.

Watançylyk temasy halk döredijilik eserleriniň hemmesinde diýen ýaly öz beýanyny tapýar. Olaryň üsti bilen halk çagalary watançylyk-gahrymançylyk ruhunda terbiýelemekligi maksat edinipdir.

Watançylyk, dostanalyk terbiýesi jemgyýetiň we maşgalanyň durmuşy bilen baglanyşdyrylyp amala aşyrylýar. Sapagyň we sapakdan daşary geçirilýän çäreleriň dowamynda

Watanyň we halkyň taryhyny öwrenmek, edebiýaty bilmek, milli däp-dessurlary, kitaby we sungaty wagyz etmek arkaly bu terbiýäniň esaslaryny ýaş nesliň aňyna guýmak bolar. Öz Watanyňy söýmän, ýagny watançy bolman, dostana bolmagyň mümkin däldigini ýatdan çykarmak bolmaz.

Dostanalyk – ähli halklara we halkyýetlere deň göz bilen seretmekligi, dost-doganlyk gözi bilen seretmekligi aňladýar.

*Ylmy dünýägaraýşy kemala getirmek.* Häzirki zaman ýaşlarynyň ylmy dünýägaraýşyny terbiýelemek pedagogikanyň esasy meseleleriniň biri bolup durýar. Ylmy dünýägaraýyş şahsyýete töweregindäki bolup geçýän durmuşa dogry düşünmäge we ony kabul etmäge, oňa ylmy taýdan baha bermäge ygtyýar berýär. Bu – köptaraply, giň düşünje bolup, her bir ynsanyň akylly-başly, sowatly, düşbi, ugurtapyjy bolup ýetişmegini göz öňünde tutýar.

Şahsyýetiň intellektual ösüşi onuň akyl terbiýesine baglydyr. Ol diňe terbiýeçileriň şahsyýete gönüden-göni edýän täsiriniň netijesi bolman, eýsem ony gurşap alýan gündelik durmuş hakykatynyň täsiriniň hem netijesidir.

Ösüp barýan şahsyýetiň aňyny, akyl ýetiriş ukybyny ösdürmek, adamzat jemgyýetiniň ösüşiniň ähli döwürlerinde maşgalanyň, mekdebiň we halklaryň öňünde ýüze çykýan iň möhüm wezipeleriň biri bolup gelipdir.

Halk pedagogikasy şahsyýetiň akyl taýdan ösmegi üçin, onuň bar bolan ylymlary öwrenmegi, olardan ýerlikli baş çykarmagy gerek diýip öwredýär. Halk döredijiligine salgylanylanda, akyl – bu güýçlüligiň, batyrlygyň ugurtapyjylygyň özeni bolup durýar. Özi hem ol bilimiň üsti bilen hasyl bolýar. Diňe akylyň, akyllylygyň üsti bilen şahsyýet öz maksadyna ýetýär. Şonuň üçin hem halk içinde bilimli, akylly, dana adamlaryň hormaty aýratyn bolupdyr. Nesillere olary köp diňlemek, şeýle adamlaryň

diýeni bilen bolmak ündelipdir. Sebäbi, olar durmuşdan dogry baş çykaryp bilýän adamlar bolupdyrlar.

*Gözellik terbiýesi* – ýaş nesliň tebigat dünýäsiniň, adamzat jemgyýetiniň hem onuň ýaşaýyş durmuşynyň süňňüne ornaşan gözellikleri görüp, olara düşünip, guwanyp, baha berip, başardygyndan, goşant goşup bilmegini göz öňünde tutýar. Bu ugurdaky gatnaşyk zähmet terbiýesi bilen sepleşip gidýär. Çünki, tebigat dünýäsiniň eçilen gözellikleridir täsinliklerine akyl ýetirmek, medeni we ruhy gymmatlyklaryny döretmäge gatnaşmak – bularyň hemmesi, esasan, yhlasly zähmetiň netijesinde mümkin bolýar. Gözellik terbiýesi ynsanyň ruhubelent bolmagyny üpjün edýär, daşky gözellik bilen içki gözelligi utgaşdyrýar.

Türkmenistanyň okuw mekdeplerinde, ozaly bilen, mekdebe çenli çagalar terbiýeçilik edaralarynda, umumybilim berýän mekdeplerinde gözellik terbiýesini halkyň ýokarda bellenip geçilen mirasynyň esasynda alyp barmak döwrüň öňe çykaran talaplarynyň biridir.

Ýaş nesle berilýän gözellik terbiýesini häzirki döwrüň talaplaryna laýyk edip ýola goýmakda, okuw-terbiýeçilik edaralary bilen bir hatarda, Türkmenistanyň medeni merkezleriniň, mekdepden daşary terbiýeçilik edaralarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň hem ähmiýeti uludyr. Olaryň mümkinçiliklerinden ýerlikli peýdalanyp, çagalaryň we ýetginjekleriň gözellik babatdaky düşünjelerini kemala getirmek hem ösdürmek, medeni derejesini gowulandyrmak, edepli-ekramly bolup ýetişmeklerini üpjün etmek mümkinçiligi az däldir.

*Synp toparyna ýolbaşçylyk.* Synp ýolbaşçysy ýolbaşçylyk edýän synpynyň iň ýakyn durýan, olaryň gündelik durmuşyny guraýan, okuw-terbiýeçilik işini durmuşa geçirýän, synp

okuwçylaryny kemala getirýän, ösdürýän hem berkidýän, ders mugallymlarynyň özara ylalaşykly hereket etmegini gazanýan, çagalar we ýaşlar guramalarynyň, ata-eneleriň, jemgyýetçilik kömeginden peýdalanýan, bar bolan güýçleriň terbiýeçilik täsirini maksada laýyk hem döwrebap edip gönükdirýän pedagogdyr.

Synp ýolbaşçysynyň okuwçylara täsir edijiligi, şol synpda işleýän beýleki pedagoglaryňka garanda, has güýçli bolýar, sebäbi, ol okuw döwründe-de, sapakdan beýleki wagtlarda-da okuwçylar bilen ýygy-ýygydan duduşyp durmaly, olary hemme tarapdan içgin öwrenmeli bolýar.

Synp ýolbaşçysynyň geçirýän guramaçylyk, okuw-terbiýeçilik, syýasy-düşündiriş işleriniň many-mazmuny giň hem köptaraplydyr.

**Synp ýolbaşçysynyň işleri:**

1. Okuwçyny öwrenmek. Synp ýolbaşçysynyň işiniň şowly bolmagy onuň özüne berkidilen synpynyň okuwçylaryny näderejede öwrenip bilýändigine baglydyr. Şeýle bolansoň, ol okuwçylaryny birin-birin hemmetaraplaýyn öwrenmegi wezipe edip goýýar. Her bir okuwçynyň maşgala ýagdaýy, däpleri, ata-enäniň işi, maşgala agzalarynyň özara gatnaşyklary bilen tanyşmak synp ýolbaşçysynyň öňünde durýan wezipeleriň biridir.

2. Synp toparyny kemala getirmek – oňa ýolbaşçylyk edýän pedagogyň möhüm wezipeleriniň biridir. Çünki, ol özara jebis, dostlukly gatnaşyklary bolan köpçüligi döretmezden, okuw-terbiýeçilik işinde niýet eden üstünligini gazanyp bilmez. Okuwçylaryň agzybir köpçüligi (daýanjy) – synp ýolbaşçysynyň esasy daýanjydyr.

3. Okuwçylaryň bilim derejesini ýokarlandyrmak babatda ol her bir okuwçynyň ýekebara, psihologik aýratynlyklaryny göz öňünde tutmak bilen, okuw işiniň differensirlenen usulda

guralmagyny gazanýar; synpda işleýän beýleki mugallymlar bilen ýakyn aragatnaşykda bolýar; aýratyn höwes bildirýän hem ony başarýan ugurlary boýunça has düýpli bilim almaklary üçin alada edýär; tabşyrylan ýumuşlaryň yzygiderli ýerine ýetirilmegini gazanýar.

4. Synpdan daşary işleri gurnamak we geçirmek. Mekdep müdiriniň terbiýeçilik işleri boýunça orunbasarynyň ýolbaşçylyk etmegi we onuň ýakyndan kömek bermegi bilen synp ýolbaşçysy okuwdan daşary işleri yzygiderli gurnap hem geçirip durýar.

5. Synpyň tertip-düzgünli bolmagyny gazanmak – synp ýolbaşçysynyň etmeli işleriniň möhüm bölegidir. Okuwçyny türkmene, türkmençilik ýörelgelerine mahsus bolan paýhas, täsir ediş usullary, hakyky ýürekdeşlik bilen edep-terbiýeli edip ýetişdirmek mümkinçiligi örän uludyr.

6. Okuwçylaryň ata-eneleri bilen işlemek. Pedagogik tejribede ornaşyp giden mekdep bilen maşgalanyň özara aragatnaşykda bolmagynyň dürli usullaryny peýdalanmaly:

– okuwçynyň öýüne baryp, onuň maşgalasy bilen ýakyndan tanyşmak;

– zerurlyk dörände, ata-enäni mekdebe çagyrmak;

– okuwçylaryň gündeligine bellik etmek arkaly ata-enäni möhüm mesele bilen habardar etmek;

– ata-eneler ýygnaklarynda okuwçynyň ylmy-bilimi, tälim-terbiýesi barada pikir alyşmak;

– ata-eneler üçin Garaşsyz Türkmenistanyň ýöredýän daşary we içeri syýasaty, Hormatly Prezidentimiziň „Döwlet adam üçin“ diýen şygarynyň esasynda geçirýän il-ýurt bähbitli işleri dogrusynda geçirilýän gürrüňler hiç kesi biperwaý galdyrmaz.

– türkmen kalby bilen maşgala ojagynyň abat saklanmagy üçin, ýaş nesli ata-babalaryň wesýetleri, akylly sypatlary hem-de häzirki döwrüň talaplary esasynda kemala getirmek ugrunda

çynlakaý alada edýän ata-enelerden işjeň topary emele getirmek synp ýolbaşçysynyň işini diňe ýeňilleşdirip biler.

7. Her bir okuwçynyň zehinine, ukybyna, başarnygyna laýyklykda, onuň geljekki durmuş ýoluny ata-ene bilen bilelikde kesgitlemek we okuwçyny şol ugra gönükdirmek synp ýolbaşçysynyň möhüm wezipesidir.

*Maşgala terbiýesi.* Ata-eneler çagalarynda agraslyk, paýhaslylyk, adyllyk ýaly esasy häsiýetleriň mahsus bolmagyny gazanmaly. Şu häsiýetleriň çagalarda bolmagy ata-enäniň şahsy göreldesine hem-de çaganyň ýaşlykdan hojalygyň ýöredilişi bilen tanyş bolmagyna baglydyr.

Maşgala terbiýesinde ata-enelere mahsus bolmaly häsiýetler:

– öz çagaň bilen hakyky dost bolmak;

– zähmetsöýerlik, ahlaklylyk, päklik, jemgyýetiň öňündäki borjy ýiti duýmak;

– mertebäňi belent saklamak;

– öz işiniň ussady bolmak, medeniýetden, sungatdan, içerki we daşarky wakalardan habarly bolmak;

– ene-atalyk borjuny ýerine ýetirmek;

– çaganyň dostlary bilen maşgala gatnaşygyny ýola goýmak;

– çagaň bilen özara habarlylyk.

Terbiýe, edep, okuw, bilim, özbaşdak okuw, öz-özüňi terbiýelemek, şahsyýetiň ösüşi – bular esasy pedagogik düşünjeler diýip atlandyrylýar.

Terbiýe giňden ulanylýan pedagogik düşünje bolup, onuň mazmunyna edim-gylym, tälim, däp-dessur, urp-adat, pent, öwüt-ündew, nesihat, maslahat, wesýet ýaly elementler girýär.

Edim-gylym – halkyň gylyk-häsiýeti, däp-dessury, kimdir biriniň sypaty, özüni alyp barşy barada söhbet açylanda ulanylýar. Tälim – bir ýa-da birnäçe ugurdan sapak bermegi, öwretmegi göz öňünde tutýar. Şägirt ussatdan, okuwçy mugallymdan tälim alýar. Däp – köpçülik tarapyndan kabul edilen ýörelgäni,

kada-kanuny aňladýar. Dessur – nesilden-nesle geçip gelýän kada, endik türkmenleriň berjaý edýän dessurlary däplerden çykýandyr. Ýagny, her bir däbiň berjaý ediliş dessury bardyr.

Urp-adat – jemgyýetçilik durmuşynyň süňňüne ornaşyp giden, ýerine ýetirlmesi hökman bolan kada-kanuny, ýörelgäni aňladýar. Ol adamlaryň gylyk-häsiýeti, endigi bilen baglanyşykda hem ylanylýar. Pent – ýaşulularyň, danalaryň, ata-eneleriň, pedagoglaryň ýaş nesle berýän hadyslary, wesýetleri. Ol pendi-nesihat görnüşinde-de, öwüt, akyl bermek görnüşinde-de gabat gelýär. Öwüt-ündew – pent manysynda gelip, köplenç ata-eneler, aksakallar, mugallymlar tarapyndan amala aşyrylýar.

Edep – aňladýan manysy boýunça , terbiýä garanda, birneme takyklaşan düşünjedir. Edep-ekram düşünjesi ynsanyň gowy gylyk häsiýetlerine, belent adamkärçiligini jemgyýetçilik gatnaşyklaryndaky medeniýetliligini we beýleki ahlaklylyk sypatlaryny özünde jemlän, sypaýy, hoşgylow, halaly-haramy, günäni-sogaby, utanç-haýany saýgarýan, ulynyň-kiçiniň sarpasyny saklamagy başarýan ynsanlaryň bolmagyny göz öňünde tutýar.

Edeplilik – munuň özi asyrlaryň jümmüşinde dörän, halkyň paýhas eleginde saýhallanyp birsyhly timarlanyp, nesillere miras edilip geçirilen ahlak-etiki düzgünleriň, kanunlaryň ülňüleriniň giden bir ulgamydyr. Ol halk pedagogikasy bilen berk baglanyşyklydyr.

Okuw diýlende, bir tarapdan, haýsydyr bir endigiň, bilimiň hünäri özleşdirmek göz öňünde tutulýan bolsa, ikinji tarapdan, aýry-aýry predmetlere ýörite guralýan kurslara bagyşlanan sapaklar nazara alynýar. Okuw umumy manyda ulanylýan pedagogik kategoriýadyr. Okatmak bolsa, okuw düşünjesiniň birneme takyklaşdyrylan görnüşidir. Ol mugallymyň, halypanyň, ussadyň ýolbaşçylygynda talybyň, şägirdiň umumy bilimleri, amaly başarnyklary ele almaklaryny göz öňünde

tutýar. Okatmak esasy iki taraplaýyn amala aşyrylýan akyl işidir. Okatmak we okamak, öwretmek we öwrenmek, tälim bermek we tälim almak işi maşgalada – ata-ene bilen çagalaryň durmuşynda, önümçilikde – ussat bilim işgärleriň, mekdepde bolsa mugallym bilen okuwçynyň arasynda guralýar. Olaryň biri (pedagog) näçe işjeň bolsa-da, ikinjisi (talyp) şol işjeňligi, yhlasy özüne kabul edip bilmese, oňa goşulyp gidibermegi başarmasa, okuw-terbiýeçilik işiniň netijesi pes bolýar. Bu bolsa, pedagogik işiň ikitaraplaýyn gyzyklanma, höwes esasynda alnyp barylmalydygyny aňladýar. Munuň şeýledigini Türkmenistanyň mekdeplerinde aýratyn hyjuw bilen zähmet çekýän mugallymlaryň iş tejribesi tassyklaýar.

Bilim bermek ýaş nesle ylmy bilimleriň esaslaryny öwretmekligi göz öňünde tutýar. Bilim bermek arkaly okuwçylara ylmy bilimleriň ulgamy öwredilýär; olaryň ideýa ynamlylygy, dünýägaraýşy, düşünjeliligi emele getirilýär; akyl ýetiriş başarnyklary, özüni alyp baryş endikleri ösdürilýär; tejribelilige bolan taýýarlygy üpjün edilýär. Adam haýsydyr bir hünäri ele almak üçin, maksada gönükdirilip erjellik bilen zähmet çekýär, kynçylyklara döz gelip okaýar, bilim alýar. Düýpli hem durnukly bilim almak yhlas bilen okamagyň netijesinde hasyl bolýar.

Özbaşdak okuw diýlende mugallymyň kömegi bolmadyk ýagdaýda tutanýerli hem aýratyn hyjuw bilen okalyp öwrenilen bilim, sowat, ylmy garaýyş nazara alynýar. Özbaşdak okap, bilim alýan adamlar edebi çeşmeleri, metbugat materiallaryny, ylmy edebiýatlary yhlas bilen öwrenmeli bolýar. Olar haýsydyr bir ýa-da birnäçe ugurlardan täze pikirleri orta atmagy-da, belli bir derejede ylma goşant goşmagy-da başarýarlar. Okuwçylaryň özbaşdak okap, bilim almak babatdaky isleglerini oýarmakda hem ösdürmekde halk döredijilik eserleri, Gündogaryň beýik danalarynyň, türkmen nusgawy edebiýatynyň belli wekilleriniň

bize galdyryp giden mirasy iňňän täsirli serişde bolup hyzmat edýär.

Öz-özüni terbiýelemek bilen meşgul bolýan adam gylyk-häsiýetinde, özüni alyp barşynda bar bolan kemçiliklere akyl ýetirýär, olaryň nädogrulygyna düşünýär hem şol nogsanlyklary düzetmegiň ýoluna düşýär, özünde asylly sypatlary emele getirmegi niýet edinýär. Elbetde, şol şahsyň içki duýgy-düşünjesinde, kalbynda oýanyş döremese, ol öz-özüne täsir edip bilmez. Şol içki oý-pikirleri, galkynyşy, mümkingadar, ynsan ösüşiniň irki döwründe oýandyrmak möhümdir, ýogsam, Magtymguly akyldaryň aýdyşy ýaly, ol kyrk ýaşy arka atyp, „jahyllykda bolan işlere geň galmak“ bilen garamaly bolýar. Öz ýetmezini duýup, ony düzetmegiň ýoluna düşen adama diňe guwanmak gelýär. Ilçilikde şeýle kişä „Tüweleme, ol indi akylyna aýlanypdyr“ diýip baha berilýär.

Adamyň ösüşi diýlende, onuň bedeniniň, ýaşynyň, akyl-paýhasynyň, duýgy-düşünjesiniň, ruhy dünýäsiniň tutuşlygyna bilelikde özgermegi, ilerlemegi hem sagdynlaşmagy nazara alynýar. Şol ösüş içerki hem daşarky täsirleriň netijesinde mümkin bolýar. Şol täsirleriň iň güýçlüsi hem netijelisi bolsa, maksada gönükdirilen, ýola goýulýan okuw-terbiýeçilik işidir, özem türkmeniň milli ruhunyň esasynda guralýan, üstüniň häzirki zaman durmuşy, ylmy-tehniki ösüşleriň gazananlary bilen ýetirilýän okuw-terbiýeçilik işidir.

Ýokarda agzalyp geçilen pedagogik düşünjeler bir-biri bilen özara baglanyşykly, bir-birlerini şertlendirip durýan düşünjelerdir.

Synpdan we mekdepden daşary işler. Köptaraply, sazlaşykly ösen kämil şahsyýeti terbiýeläp ýetişdirmek wezipesini diňe bir sapaklaryň dowamynda, bilimiň mazmunynyň özleşdirilýän mahalynda berjaý etmek mümkin däldir. Bu möhüm wezipäni

amal etmekde synpdan daşary geçirilýän terbiýeçilik çäreleri aýratyn hyzmaty berjaý edýär.

Synpdan daşary geçirilýän her bir terbiýeçilik işiniň täsir ediş usullaryndan peýdalanyp, göz öňüne tutulmaly zatlar şulardan ybaratdyr:

– mazmunynyň täsirli, maksadynyň anyk bolmagy;

– türkmen ruhy bilen ýugrulmagy, dünýä siwilizasiýasynyň gazananlary bilen eýlenmegi;

– Garaşsyzlyga, ata Watana çyn söýgi döredip bilmegi, onuň hatyrasyna güýç-kuwadyňy gaýgyrman, zähmet çekmekligi öwretmegi;

– her bir terbiýeçilik işiniň, esasan, üç bölümden: taýýarlanylýan, geçirilýän, jemlenýän döwürden ybarat bolmagy;

– okuwçylaryň işjeň, höwesjeň gatnaşmagyny gazanmagy;

– guramaçy-pedagogyň ýürekdeşligi, okuwçylar bilen umumy dil tapyp bilmegi, her bir okuwçynyň öz pikirini aýdyp bilmäge zerur şertleriň döredilmegi;

– ynam etmek, ynandyrmak, görelde bolmak, höweslendirmek.

Okuwdan beýleki wagtlarda durmuşa geçirilýän terbiýeçilik işleriniň görnüşleri:

1. Çagalar birleşmeleriniň (nowçalar öýleri) ýygnanyşyklary çagalar guramasynyň düzgünleri, maksatnamalary, ýörelgeleri, çagalaryň durmuşy, okuwy, edep-ekramy bilen baglanyşykly meseleleri ara alyp maslahatlaşýar hem durmuşa geçirmek baradaky çäreleri görýär.

2. Magtymguly adyndaky ýaşlar guramasynyň ýygnaklary – ýaşlaryň maksatlary, iş-aladasy, ýaşaýyş-durmuşy, sosial goraga alnyşy ýaly meseleler bilen iş salyşýar.

3. Okuwçylaryň ýygnaklary. Okuw-terbiýeçilik işiniň aýry-aýry meselelerine bagyşlanyp geçirilýär.

4. Okuwçylaryň maslahatlary. Okuwçylaryň işjeňligini artdyrýar: ylmy häsiýetli jedeller, bäsleşikler, çekişmeler öz üstünde işlemäge, öňe gitmäge ymtylyşy döredýär.

5. Umumy okuwlar – diňleýjileriň düzümine hem olaryň islegine, şeýle hem durmuşyň talabyna laýyklykda, dürli temalarda sapakda we ondan daşary geçirilýän işleriň görnüşi.

6. Syýasy söhbetdeşlikler „tegelek stol” görnüşinde geçirilip, Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistanyň Prezidentiniň amala aşyrýan işleri, ýaş nesil üçin edýän aladalary baradaky meseleleri öz içine alýar.

7. Synp sagatlary. Bu görnüşiň bilim berijilik hem terbiýeleýjilik hyzmaty az däldir. Synp sagatlarynda tertip-düzgün, edep-ekram bilen bilelikde, döwlet derejesinde geçirilýän çäreler, ýurdumyzyň milli baýramçylyklary, halkyň arasynda bolup geçýän özgerişler dogrusynda söhbetdeşlik gurnamak göz öňünde tutulýar.

8. Ders gurnaklary – her bir okuw predmetiniň esasynda döredilip, esasan, isleg bildirýän okuwçylar çekilýär.

9. Duşuşyklar. Ylmyň, sungatyň, edebiýatyň görnükli wekilleri, uruş we zähmet weteranlary, telekeçiler, mülkdarlar, daşary ýurtlarda bilim alýan ýaşlar bilen geçirilýän duşuşyklar täsirli we ýatda galdyryjy bolýar.

10. Gezelençler, ýörişler– oýlanşykly düzülen meýilnama esasynda geçirilende, oňat netije berýär.

11. Köpçülik bolup teatra, konserte, muzeýlere gitmek we olar hakynda özüňde galan täsirler barada pikir alyşmak, düzme, beýannama ýazmak

12. Ata-eneler ýygnaklary – okuw-terbiýeçilik işini döwrüň talaplaryna kybap edip ýola goýmak niýeti bilen yzygiderli geçirilip durulýan çäre.

## Mekdebi öwreniş

*Mekdebi dolandyrmak we oňa ýolbaşçylyk etmek.*

Türkmenistanyň ýokary häkimiýet hem dolandyryş edaralarynyň üsti bilen bilim baradaky ýeke-täk döwlet syýasaty alnyp barylýar. Ylmy-bilimi ösdürmegiň, okuw mekdeplerini

dünýä ülňülerine laýyk gelýän maddy-tehniki enjamlar bilen enjamlaşdyrmagyň, bilim berýän döwrebap edaralary döretmegiň, Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe bilim hakyndaky düzgünnamalardyr resminamalaryň nusgalaryny tassyklamagyň, bilim berýän edaralary, pedagogik hünärmenleriň hünär taýýarlygyny barlamaklygyň tertibini kesgitlemegiň üstünlikli durmuşa geçirilýändigini bellemek gerek. Bitarap diýarymyzda bilim işi degişli edaralar tarapyndan dolandyrylýar, oňa döwlet bilim dolandyryş edaralarynyň ulgamy diýilýär. Şol ulgama:

1. Türkmenistanyň Bilim ministrligi;

2. Welaýatlaryň, etraplaryň, şäherleriň ýerli häkimiýet we dolandyryş edaralary girýär.

„Bilim hakyndaky“ Türkmenistanyň Kanunynyna (2013) laýyklykda, döwlet bilim dolandyryş edaralary bilim, ylym hünärmenlerini taýýarlap ýetişdirmek babatda döwletiň alyp barýan syýasatyny durmuşa geçirýärler; bilimiň many-mazmunyny, beýleki ösüş ugurlary baradaky talaplary kesgitleýärler; daşary ýurt döwletleri bilen aragatnaşygy ýola goýýarlar; öňdebaryjy tejribäni öwrenmegi hem taýýarlamagy guraýarlar; okuw mekdeplerinde okuw, usulyýet hem ylmy işi guramak babatdaky resminamalary işläp taýýarlaýarlar; okuwa kabul etmegiň düzgünlerini, bilim işgärlerini hünär synagyndan geçirmegiň, olaryň hünärlerini ýokarlandyrmagyň tertibi hakyndaky we beýleki resminamalaryny taýýarlaýarlar.

Ýerli häkimiýet hem dolandyryş edaralary bolsa, bilim berýän edaralaryň hataryny ösdürmek, maliýeleşdirmek, maddy bazasyny pugtalandyrmak meseleleri bilen iş salyşýar; bilim işgärlerini, çagalary, ýaşlary maddy taýdan goramak, okuw-terbiýeçilik işlerini döwrüň talabyna laýyk edip ýola goýmak üçin zerur bolan şertleri döredýär; umumy bilim berýän edaralaryň okuw-usulyýet üpjünçiligini guraýar, pedagogik

hünärmenleriň hünärini kämilleşdirýär, gaýtadan taýýarlaýar; pedagogik hünärmenlere bolan islegi anyklap, bu babatdaky döwlet sargydyny kesgitleýär, hünärmenleri taýýarlamak üçin şertnamalar taýýarlaýar; okuw terbiýeçilik işine gözegçilik edýär.

Mekdebiň agzybir, jebis işgärler köpçüligini emele getirmek, oňa talaba laýyk ýolbaşçylyk etmek, okuwçylar bilen mugallymlaryň sazlaşykly hereket etmeklerini gazanmak, ýeňil bolmadyk çylşyrymly hem köptaraply meseleleriň biridir. Şol meseleleriň çözgüdi mekdep ýolbaşçylarynyň – müdiriň, onuň okuw hem terbiýeçilik işleri baradaky orunbasarlarynyň özara ylalaşykly işlemeklerine, okuwçylardyr mugallymlary Garaşsyz Türkmenistan döwletiniň, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň yglan eden bilim syýasatyndan gelip çykýan wezipeleri durmuşa geçirmek üçin gönükdirip bilmeklerine köp derejede baglygyr. Bu bolsa, ýolbaşçylardan giň ylmy dünýägaraýşy, päk ahlaklylygy, ynsanperwerligi, guramaçylyk ukybyny, pedagogik ussatlygy, ýolbaşça mahsus bolan beýleki sypatlary talap edýär.

Mekdep ýolbaşçysynyň şahsyýetinde jemlenen sypatlaryň şu aşakdaky sanawyna üns berilmelidir:

1. Çaga bolan hakyky söýgi, onuň şahsyýetine goýulýan sarpa;

2. Mugallymlaryň mugallymy bolmaklyk, olaryň usulyýet ussatlygyna hormat goýmaklyk;

3. Adalatlylyk, düzgün-tertiplilik, edeplilik, ynsanperwerlik babatynda görelde görkezmek, ulumsylyk, göriplik ýaly ýaramaz gylyk-häsiýetlere barlyşyksyz bolmak;

4. Islendik meselede mugallymlaryň, okuwçylaryň we olaryň ene-atalarynyň halypasy, maslahatçysy, geňeşdary bolmaklygy başarmaklyk;

5. Her hili ýagdaýda-da giň göwrümliligi elden bermän, özüňi parahat alyp barmak, ulynyň-kiçiniň pikirini diňläp, soraglaryna kanagatlanarly jogap bermeklik;

6. Ilki özüňden, soňra özgelerden talap etmeklik;

7. Öňdebaryjy tejribäni öwrenmekligi hem döredijilikli peýdalanmaklygy ýola goýmaklyk, şonda mugallymyň ylmy-usulyýet taýýarlygyny, okuwçylaryň ösüş derejesini, anyk şertleri göz öňünde tutmaklyk;

8. Okuwçylar, mugallymlar tarapyndan gazanylýan üstünlikleri, girizilýän täzelikleri duýmagy, gerek ýerinde goldamagy, beýlekiler üçin elýeterli etmegi başarmaklyk;

9. Işde goýberilýän kemçilikleri gizlemezden, açyk boýun almak, olary düzetmegiň ýollaryny agtaryp tapmaklyk;

10. Mugallymlara zor salmakdan, gözegçiligi uçursyz güýçlendirmekden, olaryň iş reglamentirlemekden wagtyny çäklendirmekden gaça durup, perwaýsyzlygyň, ýaramaz işlemegiň jemgyýet we şahsyýet üçin nähili amatsyzlyklar döredýändigini aňyna ýetirmeklik we ş.m.

Mekdep ýolbaşçysy köpçülik bolnup kabul edilen kararyň doly we dogry ýerine ýetirilmegini gazanmalydyr.

**Bilim ulgamy we ony dolandyrmak.**

1. Bilim edaralarynyň dolandyrylyşy Türkmenistanyň kanunçylygynyň esasynda olaryň birkysymly düzgünnamalaryna we tertipnamalaryna laýyklykda, ýeke-täk ýolbaşçylyk we köpçülikleýin ýolbaşçylyk ýörelgeleri boýunça amala aşyrylýar.

2. Bilim edarasyny gös-göni onuň Türkmenistanyň kanunçylygy bilen kesgitlenen tertipde wezipä bellenýän we wezipeden boşadylýan ýolbaşçy dolandyrýar.

3. Bilim edarasynyň ýolbaşçysynyň wezipesiniň ady, onuň ygtyýarlyklary, bilim edarasynyň köpçülikleýin dolandyrylyşynyň, ýöredilişiniň we işiniň tertibi, olaryň

ygtyýarlyklarynyň paýlanylyşy bilim edaralarynyň birkysmy düzgünnamalary we tertipnamalary tarapyndan kesgitlenilýär.

4. Döwlet bilim edarasynyň ýolbaşçysy Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenen tertipde hünär synagyny geçýär.

5. Bilim edaralarynda dolandyrmagyň köpçülikleýin ýolbaşçylyk görnüşi döredilýär.

Bilim edarasyny köpçülikleýin dolandyrmagyň alymlar geňeşi, howandarlar geňeşi, pedagogik, usulyýet (okuw-usulyýet, ylmy-usulyýet) geňeşleri we beýleki görnüşleri bolup biler, olaryň işiniň guralyş düzgünleri, şol sanda, saýlaw tertibi, bilim edaralarynyň birkysmly düzgünnamalary we tertipnamalary bilen kesgitlenýär.[3]

Mekdepde okuw-terbiýeçilik işleri we olary gurnamak. Okuwçylaryň edep-terbiýesi, olaryň boş wagtlarynyň has netijeli bolar ýaly edip gurnamak, synp ýolbaşçylaryna, mugallymlara, çagalar we ýaşlar guramalaryna synpdan daşary işleri guramakda hem-de geçirmekde kömek bermek, ata-eneler, jemgyýetçilik guramalary, önümçilik kärhanalary bilen ýakyn aragatnaşykda bolup, kämil nesilleri terbiýeläp ýetişdirmegiň meseleleriniň çözgütlerini agtaryp tapmak ýaly işler mekdepde okuw-terbiýeçilik işlerine degişlidir.

Mekdep müdiriniň terbiýeçilik işleri baradaky orunbasarynyň esasy wezipesi mekdebiň içindäki güýçleri, daşyndaky mümkinçilikleri birleşdirip, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Döwlet adam üçin“ diýen şygarynda, bilim syýasatynda, eden çykyşlarynda kämil nesli terbiýeläp ýetişdirmegiň zerurlygy barada öňde goýan wezipelerini durmuşa geçirmäge gönükdirmekdir, oňa işjeň gatnaşmak hem ýolbaşçylyk etmekdir. Ol synp ýolbaşçylaryna, mugallymlara okuwçylar bilen mekdepde geçirilýän terbiýeçilik

[3] „Bilim hakyndaky“ Türkmenistanyň Kanuny. A., TDNG, 2013.

çäreleri meýilleşdirilende, durmuşa geçirmek üçin taýýarlyk görlende, olaryň özlerini işjeň gatnaşdyrmagy, erkinligine, döredijiligine giň ýol açmagy, öz-özlerini dolandyryp bilmegi endik etdirmegi maslahat berýär; esasy ünsi ýurduň syýasy, ykdysady, maddy meselelerine düşünmeklerini, şu meseleler boýunça çykyş etmeklerini gazanmagy öwredýär; dürli ýaryşlar, oýunlar, söhbetdeşlikler, bäsleşikler geçirmek arkaly ýurdumyzyň bedenterbiýe we sport işlerini ösdürmäge gatnaşýar; gyzyklanmalar boýunça guralýan gurnaklaryň, geçirilýän duşuşyklaryň işi bilen gyzyklanýar.

Bilim ulgamy we mekdebi dolandyrmak işi. Mekdebi dolandyrmagyň kabul edilen usullary her bir mekdep üçin öz iş tertibiniň umumy ýa-da aýratyn taraplarynyň tassyklanan resminamasynyň bolmagyny göz öňünde tutýar. Umumybilim berýän mekdeplerde mekdebiň düzgünnamasy, okuw meýilnamasy, maksatnamalary we okuw kitaplary, terbiýeçilik işleriniň maksatnamasy we ş.m. resminamalar hereket edýär. Kabul edilen usullar resminamalaryň sanawyny, mekdebi dolandyrmagyň ähli ulgamyny kesgitleýär.

Edara ediş-guramaçylyk usuly dolandyrylýan mekdebiň işiniň maksadalaýyk, üznüksiz we sazlaşykly bolmagyny üpjün edýär.

Dolandyrmagyň pedagogik usuly mugallymlaryň awgust aýynda geçirilýän ýygnagy, mugallymlaryň, alymlaryň, hünärmenleriň ylmy-amaly maslahatlary, tejribe alyşmak maslahatlary ýaly usulyýet çäreleriniň üsti bilen dolandyrylýan mekdebe öz täsirini ýetirip biler. Dolandyrmagyň hereket edýän pedagogik usullary: pedagogik tejribeleriň geçirilmegi, pedagogik çekişmeleriň, söhbet okuwlarynyň guralmagy, usulyýet birleşmesiniň, Milli bilim institutynyň sazlaşykly işleridir.

Dolandyrmagyň durmuşy-psihologik usuly –bu iş köpçülik bilen baglanyşyklydyr. Kollektiwiň guramaçylykly, işjeň, agzybir işlemekligine gönükdirilendir. Bu topara şeýle usullary mysal getirmek bolar: bäsleşikler, jemgyýetçilik pikirini döretmek, jebislilik we ş.m.

Dolandyrmagyň ykdysady usuly – bu meýilleşdirmäniň usuly, hojalyk hasaplaşygy, maddy taraplarydyr.

**Bilim ulgamynyň gurluşy.**

Türkmenistanyň bilim ulgamy şulary öz içine alýar:

– döwlet bilim standartlaryny;

– bilim maksatnamalaryny;

– bilim edaralarynyň ulgamyny;

– bilim çygrynda dolandyryşy amala aşyrýan edaralary we olar tarapyndan döredilen beýleki edaralary.

*Döwlet bilim standartlary.*

Türkmenistanyň bilim edaralary tarapyndan bilim maksatnamalary durmuşa geçirilende, ýerine ýetirilmegi hökmany bolan talaplaryň jeminden ybarat bolan döwlet bilim standartlary bellenýär.

Türkmenistanda şu aşakdaky bilim basgançaklary bellenilýär:

– mekdebe çenli bilim;

– başlangyç bilim;

– esasy orta bilim;

– umumy orta bilim;

– mekdepden daşary bilim;

Hünär biliminiň maksatnamalaryna şular degişlidir:

– başlangyç hünär bilimi;

– orta hünär bilimi;

– ýokary hünär bilimi;

– ýokary okuw mekdebinden soňky hünär bilimi;

– hünär taýýarlygy;

– işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak we olary gaýtadan taýýarlamak.

*Mekdebiň içerki barlagy.* Mekdebi edara etmek, oňa ýolbaşçylyk etmek içki barlag arkaly ýola goýulýar. Içki barlagyň maksady mekdebiň işiniň Türkmenistanyň Prezidentiniň Bilim ulgamyndan edýän talaplaryna laýyk gelmegini gazanmakdyr. Barlagyň esasy ýörelgeleri: onuň maksadalaýyklygy, yzygiderliligi hem-de aýanlygy bolup durýar. Barlaglaryň görnüşleri wagty boýunça: duýduryş, gündelik, jemleýji; mazmuny boýunça: tematik hem-de ähliumumy (frontal); gurluşy boýunça: ýekebara, toparlaýyn we toplumlaýyn bolýarlar. Içerki barlagy, esasan, guramaçylyk-usulyýet topary alyp barýar.

Içerki barlag perspektiw meýilnama boýunça alnyp barylsa, barlanýan tarapa wagtynda duýdurylsa, aýdylsa, barlagyň netijesi aýan edilse, işiň bähbidine laýyk gelýär. Barlag diňe kemçiligiň üstüni açmak bilen çäklenmän, olary düzetmäge kömek bermegi hem aňladýar, şol bir wagtyň özünde-de, mekdebiň işiniň has ilerlemegine ýardam edýär.

*Mekdep işini meýilleşdirmek.*

1. Meýilleşdirmegiň zerurlygy we görnüşleri.
2. Mekdebiň iş meýilnamasynyň mazmuny.
3. Mekdebiň ýyllyk iş meýilnamasynyň düzüm bölekleri.

1. Ýolbaşçylyk etmek geljekde ediljek işleriň meýilnamasyny düzmekden başlanýar. Meýilnamanyň ylmylygy öndürijilikli işiň özenidir. Okuw we terbiýeçilik döwrüni dogry ýola goýmak mekdebiň işiniň meýilnamalaşdyrylyşyna baglydyr.

Meýilnamalaşdyrmagyň uzak döwür üçin, kalendar we gündelik ýaly görnüşleri bardyr. Uzak döwür üçin meýilnama 1-3 we birnäçe ýyla, kalendar meýilnama bir çärýege niýetlenýär. Gündelik meýilnama ýolbaşçylaryň bir aýa, bir hepdä niýetläp

düzýän iş meýilnamasydyr, muňa okuw döwrüniň tertibi, sapakdan daşary çäreleriň meýilnamalary hem girýär.

2. Geçen okuw ýylynyň jemleriniň netijesi boýunça jemlenensoň, pugta derňelensoň, mekdebiň täze okuw ýylyna niýetlenilen iş meýilnamasy düzülýär. Ol meýilnama ählumumy okuwy, okuw-terbiýeçilik işleriniň wezipelerini hem many-mazmunyny, guramaçylyk-pedagogik işlerini, hasaba almak we hasabat bermek, kollektiwi kemala getirmek boýunça öňde durýan wezipeleri-de öz içine alýar.

Mugallymyň, synp ýolbaşçysynyň iş meýilnamalary tutuş mekdebiň iş meýilnamasynyň üstüni ýetirýär, onuň ýerine ýetirilmegini üpjün edýär. Meýilnama düzülende, onuň tertipleşdirilen görnüşi oňaýly hasaplanýar.

3. Mekdebiň ýyllyk iş meýilnamasynyň düzüm bölekleri bolup, içki barlag, mugallymlar geňeşiniň iş meýilnamalary, usuly birleşmeleriň başlyklarynyň, synp ýolbaşçylarynyň her aýda geçirilmeli seminarlarynyň iş meýilnamalary, hünär kämilleşdiriş işi, ata-eneler bilen işlemek, kitaphananyň, okuw we lukman otagynyň iş meýilnamalary hyzmat edýärler.

Ýyllyk meýilnama – umumymekdep meýilnamalaryny düzmekde zerur basgançakdyr. Iş meýilnamasynyň takyklanmasy, käbir düzedişler girizmek hepdelik iş meýilnamasy arkaly amala aşyrylýar.

Mugallymlaryň we mekdebiň ýolbaşçylarynyň hünär derejesini ýokarlandyrmak.

1. Mekdepde mugallymyň hünärini kämilleşdirmegiň görnüşleri.

2. Hünäri kämilleşdirmegiň ulgamy.

1. Mekdep mugallymynyň özi tarapyndan düzülýän we kabul edilýän hünäri kämilleşdirmek boýunça aýratyn meýilnamasy bolýar. Şol meýilnamada mugallymyň haýsy edebiýaty öwrenjekdigi, ýazjak usulyýet işini takyklandygy,

kimiň sapaklaryna gatnaşjakdygy, sapakdan daşary çäreleri geçirjekdigi barada maglumatlary görkezilýär. Mekdebiň müdiri, her ýyl gysga döwür üçin niýetlenen (2-3 günlik) pedagogik ussatlygy kämilleşdirmek boýunça kurs-seminar geçirse, işiň bähbidine laýyk gelýär. Şeýle hem, mekdepde wagtal-wagtal pedagogik okaýyşlar, usulyýet maslahatlary, mugallymlaryň bäsleşligini geçirip, olaryň hünäriniň kämilleşmegine ýardam edilmelidir.

Mekdep ýolbaşçylary mekdeplerde, etraplarda, welaýatlarda, welaýat Bilim müdirlikleriniň ýanynda şeýle hem Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerinde Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe açylan Mugallymlaryň hünär derejesi ýokarlandyryş fakultetlerinde geçilýän okuwlarda hünär derejelerini kämilleşdirýärler. Şeýle hem hünär derejesini kämilleşdiriş işleri Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň Milli bilim instituty tarapyndan kadalaşdyrylýar.

*2. Etrap usulyýet otagy.* Bu otagda öňdebaryjy iş tejribe işlenip düzülýär, usulyýet maslahatlary, şeýle hem ýurdumyz boýunça usulyýet merkezinde, welaýat merkezlerindäki usulyýet otaglaryndaky geçirilýän mugallymlaryň, mekdep ýolbaşçylarynyň hünärini kämilleşdirýän kurslaryň tejribeleri hemişe öwrenilip durulýar. Şeýle merkezleriň çykarýan usulyýet gollanmalary, ol ýerdäki ders otaglarynyň iş tejribeleri hünäri kämilleşdirmegiň ulgamyny düzýärler. Her bir mekdepde döredilýän usulyýet birleşmeler ýa-da predmet komissiýalary hem hünär kämilleşdiriş ojaklarydyr.

Pedagogik takt – terbiýeçiniň üstünliginiň, duýgurlygynyň hemişe hakykatyň tarapyny çalýandygynyň, aladaçyllygynyň, onuň terbiýeliliginiň we bilimliliginiň aňladyjysydyr.

Pedagogik takt – öndürijilikli aragatnaşyk stilini ýola goýmak başarnygydyr. Okuwçylara terbiýeleýji täsir etmek üçin iň netijeli, iň täsirli serişdeleri tapmak we ýerlikli ulanyp bilmek

başarnygydyr. Pedagogik takt okuw-terbiýeçilik işiniň ähli döwürlerinde we basgançaklarynda mugallym üçin zerurdyr.

Pedagogik taktlylyk terbiýeçi bilen terbiýelenýäniň, mugallym bilen okuwçynyň, işgär bilen ýolbaşçynyň özara gatnaşyklarynda esasy ýörelge bolmalydyr.

Pedagogik takt terbiýeçiniň hemişe ahlak gözlegidir. Her bir terbiýelenýäniň gowy häsiýetini tapyp, şony ösdürmäge niýetlenmelidir, bu bolsa, terbiýelenýäniň ýaramaz häsiýetinden el çekmegine getirer.

Pedagogik takt terbiýeçiniň gaharlanmagyny, gyňyr bolmagyny, ýolbaşçynyň ýeke-täk edara ediji bolmagyny inkär edenok, ýöne şol gahar gödeklige geçmeli däldir, gyňyrlyk köre-kör bolmaly däldir, ýeke-täk edara edijilik tutuş häkimlige geçmeli däldir. Terbiýeçiniň, ilkinji nobatda, özüniň terbiýeli bolmalydygy hakyndaky kesgitleme mydama onuň ýol-ýörelgesi bolmalydyr.

Bilimini işde-de, durmuşda-da, maşgalada-da her bir çylşyrymly ýagdaýlarda-da dogry we öz wagtynda ulanyp bilmeklik pedagogik ussatlygy aňladýar.

Terbiýeçi habarlaryň çeşmesi hökmünde, özüniň bilimliligi, köp zatdan habarlylygy we şol çeşmeleri ýerli-ýerinde ulanyp bilýänligi bilen abraýly adam bolýar. Eger ol özara sylanyşyklylygy ýola goýsa (hökman şeýle hem etmeli), bu onuň ussatlygyna güwä geçýän häsiýet bolar.

Terbiýeçi özünde bar bolan käbir ýaramaz endiklerden dynyp bilmeýän bolsa, ol ony terbiýelenýänlerden örän berk gizlemegi başarmalydyr. Terbiýeçi, mugallym we medeniýet işgäri örän adamkärçilikli ynsan bolmalydyr.

Pedagogik ussatlyk mugallymdan hemişe gözlegde bolmagy, kämilligi we öz biliminiň üstüni ýetirip durmagy talap edýär.

Pedagogik tehnika – mugallymyň okuwçylara şahsy täsir etmegininiň dürli ýollarydyr. Ol öz emosional ýagdaýyňa, mimikaňa, pontomimikaňa, daşky sypatyňa, sözleýşiňe erk edip bilmek, okuwçylar bilen aragatnaşyk edip bilmek medeniýetini aňladýar.

Pedagogik ussatlyk giň düşünje bolup, ol mugallymyň terbiýeçilik ussatlygyny hem-de sapaga bolan hünär ussatlygyny özünde jemleýär.

Pedagogik ussatlyga mugallymyň pedagogik takty we pedagogik tehnikasy hem girýär. Pedagogik ussatlygyň düzümine öz okadýan dersiňi oňat bilmek, teatral pedagogikanyň elementlerinden baş çykarmak, özüňi we kollektiwi dolandyrmak ýaly taraplar girýär.

Edebiýat, şekillendiriş sungaty we aýdym-saz dersi mugallymlar üçin sungat pedagogikasynyň esaslaryny düzýär.

Her halda taktlylyk, ussatlyk we pedagogik tehnika terbiýelenýäne ak ýüreklilik, açyk göwünlilik, hoşniýetlilik bilen täsir etdirilende, terbiýeçi tarapyndan şu zatlar bütewi ulanylanda, gowy netije berýär. Bu terbiýeçiniň ussatlygyny aňladýar. Şeýle häsiýet medeniýet edaralarynyň işgärlerinde-de mahsus bolmalydyr. Eger-de kitaphananyň esasy wezipesi kitaby wagyz etmek hem-de okamagyň medeniýetini terbiýelemek bolsa, medeni edaranyň wezipesi mazmunly dynç alşy guramak, ündew we wagyz işlerini geçirmek, adamlaryň bilimlilige bolan höwesini, olaryň ruhy islegini kanagatlandyrmak bolup durýar. Şu wezipeleriň hötdesinden gelmek, ýagny adamlar bilen iş salyşmak pedagogik ussatlygy talap edýär. Medeni aň-bilim edarasynyň işgärleriniň isleglerini öwrenip, öz işlerinde şondan ugur alyp gitmelidikleri üçin, olara hem pedagogik takt we ussatlyk zerurdyr. Durmuş we iş tejribesi bilen, şeýle hem özbaşdak öwrenmek arkaly ýetilýän pedagogik taktlylyk

we ussatlyk medeni aň-bilim işgäriniň hem hemişelik hemrasy bolmalydyr.

Kiçi we uly kollektiwiň ýolbaşçysy, mekdep we mekdepden daşary çagalar edaralarynyň kollektiwi, medeniýet öýleriniň hem-de kitaphana işgärleri özleriniň terbiýeçi hem-de öwrediji bolmalydygyny, ýagny sözüň doly manysynda, pedagog bolmalydyklaryny hemişe ýatlarynda saklamalydyrlar. Olar hakyky pedagoga mahsus bolmaly asylly sypatlary özlerinde jemlemelidirler. Şeýle asylly sypatlar pedagogik taktyň, ussatlygyň üsti bilen ýüze çykýar.

*Halk pedagogikasynyň umumy meseleleri.* Halk beýik güýçdür. Şol beýik güýç bolsa, beýik zatlary döredip gelýär. Geljek nesiller üçin görelde alarlykly ahlak gymmatlyklar halkyň gündelik durmuşyndan susulyp alynýar we kämilleşdirilen, nusgalyk görnüşde ýene-de nesillere gaýtarylyp berilýär. Ol miras özüniň baýlygy we mizemezligi bilen häsiýetlendirilip, halkyň ýaş nesli terbiýelemek boýunça toplan tejribesini, däp-dessurlaryny, terbiýäniň däp bolup gelýän mazmunyny, düzgünlerini, serişdelerini we usullarydyr görnüşlerini öz içine alýar. Bularyň hemmesi bilelikde halk pedagogikasy diýlip atlandyrylýar.

Halk pedagogikasynyň häsiýetli aýratynlyklary nämelerden ybarat?

Bu soraga jogap berlende, ilki bilen, onuň kollektiw, demokratik häsiýetlidigini bellemek gerek. Halk pedagogikasy dürli döwürlerde ýaşap geçen, ady bize gelip ýetmedik, öz işine berlen millionlarça görnükli halk filosoflarynyň, pedagoglarynyň döredijiligidir. Şoňa görä-de, halk pedagogikasynda terbiýe meselesi barada jemlenen pikirler, garaýyşlar aýry-aýry pedagoglaryň, filosoflaryň, psihologlaryň, hatda, olaryň iň meşhurlarynyň hem pikirlerinden, we garaýyşlaryndan has baýdyr, giňdir we çuňdur.

Halk pedagogikasy öz gözbaşyny juda ir wagtlardan alyp gaýdýar. Sebäbi, terbiýe adamzadyň dörän iň irki taryhy döwürlerinde, ýagny heniz adamlarda mekdep, kitapdyr depder, pedagogik nazaryýet barada hiç hili düşünjäniň ýok wagtlarynda ýüze çykyp başlap, taryhy ösüşiň bütin köp asyrlyk dowamynda oňa hemra bolup gelipdir.

Adamzat jemgyýetiniň ösmegi, bilimleriň we terbiýeçilik tejribesiniň giňemegi halk pedagoglarynyň hem ussatlygynyň kämilleşmegine, pedagogik pikiriň ösmegine öz täsirini ýetiripdir.

Halk pedagogikasynyň däplerinde müňlerçe nesil terbiýelenipdir. Şoňa görä, halk pedagogikasynyň terbiýe dogrusyndaky garaýyşlary, tejribesi we däpleri müňlerçe gezek durmuşda barlanylypdyr, anyklaşdyrylypdyr, kämilleşdirilipdir we üsti ýetirilipdir, möwriti ötenleri bolsa, taşlanypdyr.

Bu bolsa, halk pedagogikasynyň durmuşa ukuplylygyny ýokarlandyrypdyr, durnuklylygyny üpjün edipdir. Türkmen milli pedagogikasyna halkyň başyndan geçiren bütin taryhy, onuň ýeňişleri we ýeňlişleri, şatlygy we hasraty, onuň durmuşynda bolup geçen her bir ähmiýetli wakalar, isleg-arzuwy öz möhürini basypdyr.

Halk pedagogikasy hemişe halk köpçüligine hyzmat edip gelipdir we onuň öňdebaryjy pikirlerini hem däplerini aňladypdyr.

Halk pedagogikasynyň häsiýetli aýratynlyklarynyň biri-de, onuň halkyň durmuşy, onuň duşmanlara garşy alyp baran göreşleri bilen berk arabaglanyşykda bolanlygydyr.

Halk pedagogikasy özüniň terbiýeçilik tejribesinde halk pähiminiň dürdänelerini özünde jemleýän folklory, şol sanda, onuň kiçi göwrümli eserlerini hem giňden peýdalanypdyr, olardaky baý pedagogik pikirlere daýanypdyr.

Ýaşlary durmuşa taýýarlamakda ýaşuly nesil olarda durmuşda, adamlaryň özara aragatnaşyklarynda, zähmet döwründe, watan goragynda gerek bolan beden we harby sypatlary, erki terbiýelemekleri hemişe üns merkezinde saklapdyr.

Halk pedagogikasy ýaş nesle akyl terbiýesini bermekde, esasan, düşündirmek, gürrüň bermek, gürrüň (sorag-jogap) alyşmak, gaýtalamak, türgenleşik, çagalaryň akyl taýdan kämillik derejesini, bilimlerini barlamak-synamak usullaryny ulanypdyr. Şu ýerde belläp geçmeli zat – zähmetkeş halk ýokarda ady tutulan usullary ulanan wagtynda, türkmen halk döredijiligini, esasan hem, halk döredijiliginiň kiçi göwrümli eserlerinden matallary, sanawaçlary, ýaňyltmaçlary, rowaýatlary, ertekileri, nakyllary, aýdymlary giňden peýdalanypdyr.

# PSIHOLOGIÝA

**Psihologiýa ylmy hakynda düşünje. Psihologiýanyň predmeti we onuň obýekti.**

Psihologiýa (grekçe *psýuche*-jan we *logos*-söz,taglymat diýen iki grek sözünden gelip çykýar), sözüň doly manysynda, jan hakyndaky ylymdyr. Soňabaka psihologiýa ylmynyň ösmegi bilen „jan" düşünjesiniň deregine psihologiýanyň esasy düşünjesine öwrülen „psihika" adalgasy ulanylyp ugraldy.

Psihika hem, edil jan ýaly, biziň ony daşarky hakykat hökmünde kabul edişimiziň tersine, subýektiw hakykatdyr.

Psihologiýa ylmyna has doly we dogry düşünmek üçin, „psihika" degişli hadysalaryň mazmunyny, şeýle hem uzak taryhyň dowamynda olar hakyndaky düşünjeleriň kemala gelşini açyp görkezmek hökmany bir ýagdaýdyr, ylmy zerurlykdyr.

Psihika, gadymdan bäri iki: materialistik we idealistik nukdaýnazardan yzarlanylýar.

Psihika, munuň özi, islendik daşky täsiriň obýektiw hakykata täsir etmegi netijesinde, hemişe häzirki pursatda anyk janly-jandarda bar bolan psihiki ýagdaýyň üsti bilen aralaşdyrylyp beýnide şöhlelendirilmesidir.

Psihika, munuň özi, obýektiw dünýäniň subýektiw şöhlelenmesidir.

Psihologiýa psihiki hadysalar, olaryň kanunalaýyklyklary we mehanizmleri hakyndaky ylymdyr.

Psihologiýa ylmynyň predmeti psihikanyň döreýşiniň, ösüşiniň, ýüze çykyşynyň, aýratyn hem, adamy taryhy şahs hökmünde häsiýetlendirýän aňyň psihologik kanunalaýyklyklaryny öwrenmekden ybaratdyr. Psihologiýa ylmy jemgyýetiň düşünjeli subýekti hökmünde adamyň içki dünýäsini we onuň ösüşini öwrenýär.

Häzirki zaman psihologiýa ylmy köp pudakly, şahsyýetiň, jemgyýetiň durmuşyna giňden ornaşan ylymdyr.

Psihologik aň ýetirişiň predmeti diýlip, adamyň psihikasy hasap edilýär.

Häzirki döwürde hereket edýän, bize mälim bolan dürli psihologik mekdeplerde we akymlarda psihologiýanyň predmeti hakynda ýeke-täk bir düşünje ýokdur.

*Psihologiýanyň gysgaça taryhy.*

Psihika barada ilkinji düşünjeler bize gadymy dünýäden mälimdir. Gadymy dünýäniň ösen döwletleri bolan Hindistanda, Hytaýda, Müsürde, Wawilonda, Gresiýada, Merkezi Aziýada filosofiýa ylmy pajarlap ösüpdir. Ruh we jan hakynda ilkinji pikirler orta atylyp ugrapdyr. Olara primitiw (sada) jogaplar berlipdir we birgiden gözleg-agtaryş işleri amala aşyrylypdyr. Şol döwürlerde ruh bilen janyň göwre bilen tötänleýin baglanyşygy bar diýen düşünje giňden ýaýrapdyr.

Psihiki hadysalara düşünmäge we olary düşündirmäge bolan meýiller ilkidurmuş jemgyýetinde döräpdir. Ilkidurmuş adamlarynyň psihika baradaky düşünjeleri ylymda dünýä animistik düşünmek diýip at alypdyr. Animistik dünýägaraýyş boýunça her bir predmetiň ruhy bardyr.

*Gadymy dünýäniň alymlarynyň psihika bolan garaýyşlary.*

Demokrit (b.e.öňki 460-370 ýý.). Onuň pikirine görä, bütin tebigat ýaly, psihika hem materiýalaşandyr. Jan atomlardan durýandyr, ýöne ol fiziki teniň atomlaryndan has näzikdir. Dünýä akyl ýetirmek duýgy organlarynyň üsti bilen amala aşyrylýar. Jisimlerden göze görünmeýän owunjak atomlar bölünip aýrylýarlar we ruha ornaşyp, onda yz galdyrýarlar.

Platon (b.e.öňki 427-343 ýý.). Onuň pikiriçe, janyň materiýa bilen hiç hili umumylygy ýokdur. Jan, materialistik dünýäden tapawutlylykda, idealistik häsiýete eýedir. Dünýä akyl ýetirmek-bu psihikanyň daşky dünýä bilen özara baglanyşykly hereketi

däldir, ol janyň adamyň bedenine gelip ýetýänçä, ideal dünýäde gören zatlarynyň ýatlamasydyr. Psihika obýektiw dünýä akyl ýetirişiň obýekti bolman, diňe onuň sebäbidir.

Aristotel (b.e.öňki 384-322 ýý.). Aristotel özünden öň ýaşap geçen gadymy dünýäniň filosoflaryndan(şol döwürlerde psihologiýanyň meseleleri diňe filosofik nukdaýnazardan yzarlanylýardy) tapawutlylykda, bu meselä töwerekleýin garap geçipdir. Ol psihikanyň ösüşini psihologik barlaglaryň predmetini anyklamak ýoly bilen öwrenmegi dowam etdiripdir. Aristotel jany şeýle görnüşde göz öňüne getiripdir:

– ösümlikleriň jany;

– haýwanlaryň jany;

– paýhasly jan.

Şeýle bölünişik esasynda adamyň psihikasynyň aýratynlygy nygtalyp, psihika onuň akyl ýetirişiniň, başdan geçirýän zatlarynyň, edýän hereketleriniň mynasybeti diýip garalýar.

*Orta asyrlaryň we ondan soňky döwrüň alymlarynyň psihika bolan garaýyşlary.*

XV asyrdan başlap, filosofik garaýyşlarda psihika düşünmegiň taglymy sebäpleri, olaryň esaslary kemala gelip ugraýar. Şol sebäpler öz gezeginde psihologiýanyň özbaşdak ylym hökmünde kemala gelmegine esas bolup durýar.

Rene Dekart (1556-1650 ýý.), fransuz filosofy. Onuň psihika bolan garaýşy özboluşlydyr. Onuň pikirine görä, adamyň we haýwanyň psihiki ösüşi dürl-dürli bolup geçýär. Alym haýwanlaryň ruhy ýokdur, olaryň özlerini alyp baryşlary daşky täsirlere bolan jogapdyr diýen netijä gelýär. Bu ýerde, Dekart-haýwanlaryň psihikasy daşky şertler bilen kesgitlenendir diýen netijä gelýär. Onuň pikirine görä, adam haýwanlardan tapawutlylykda, ösen aňa eýedir.

Dekart, beýleki alymlardan tapawutlylykda, kän öňe gidipdir. Ol häzirki zaman psihologiýasy üçin düýpli düşünjeler

bolan refleksiň we aňyň mazmunyny beýan edipdir, ýöne olary biri-birinden aýrypdyr.

Žan Mari Lametri (1709-1751 ýý.), fransuz filosofy. Ol Dekartyň ,,adam-maşyn" ideýasyny ösdürýär. Onuň öz işleriniň birini ,,Adam-maşyn" diýip atlandyrmagy hem ýöne ýerden däldir. Ýöne ol psihikadaky sebäpliligiň(determinizm) çylşyrymly ýagdaýyny, mehanikadaky ýaly edip, düşündirip bilmändir.

Frensis Bekon (1561-1622 ýý.), iňlis filosofy. Bizi gurşap alýan dünýäni ylmy taýdan işläp düzmegiň usullaryny (metodlaryny) işläp düzdi.

Džonotan Lokk (1632-1704 ýý.), iňlis filosofy. Ol bilimleriň duýma bilen baglanyşykly gelip çykyşy baradaky nazaryýeti öňe sürdi. Sensualizm- munuň özi akylda duýgy organlarynyň üstünden geçmeýän hiç bir zat ýokdur diýen akyl ýetiriş ideýasyny ykrar edýän ugurdyr. Lokkuň taglymatyna görä, täze bolan çaganyň psihikasy ,,arassa tagta" ýaly bolup, tejribe onuň ýüzüne öz mazmunyny basýar.

Genrih Leýbnis (1645-1716 ýý.), nemes filosofy. Leýbnis psihologiýa ylmyna ,,aň" we ,,aňlamazlyk" ýaly esasy düşünjeleri girizýär. Onuň differensial hasaplamalar boýunça işleri alymyň psihiki mehanizmler hakyndaky düşünjelerine uly täsir edýär. Leýbnis çäksiz ownuk kabul etmeleriň bardygy, olaryň aňlamazdan döreýändigi baradaky düşünjäni öňe sürýär.

Ernest Weber (1795-1878 ýý), nemes filosofy. 1834-nji ýylda Weberiň ,,Duýma hakynda"atly kitaby çykýar. Ol deriniň duýgurlygy barada eksperimental synaglar geçirýär we duýmanyň merkezi kanunalaýyklyklarynyň birini, ýagny, tapawutlandyryş bosagasyny kesgitlemäge golaý bardy.

German Gelmgols (1821-1894 ýý.), nemes filosofy. Ol nerw sistemasynda nerw impulsyny geçirmegiň tizligini ölçeýär. Şu açyş nerw prosesleriniň, onuň bilen bagly psihiki

hadysalaryň hem wagt hem giňişlik boýunça kelle beýnisinde ýaýbaňlanandygyny görkezdi. Gelmgols görmegiň we eşitmegiň iş mehanizmlerini çuň öwrenipdir. Onuň taglymatlary adamyň duýgy organlarynyň psihofiziologiýasyny öwrenmegi ep-esli öňe süýşürdi.

**Psihologiýanyň ylmy-barlag usullary.**

Psihologiýa ylmynyň hem özüne mahsus ylmy-barlag usullary bolup, olar bu ylmyň aýratynlyklaryndan gelip çykýar. Ylmy teoriýalary guramagy we olaryň hakykata laýyklygyny barlamakda alymlara dogry ýol görkezýän, dogry maglumat almakda peýdalanylýan tärleriň we serişdeleriň jemine ylmy barlag usullary (metodlary) diýilýär. Bu usullara:

– syn etme;
– eksperiment;
– gürrüň geçirmek;
– işiň önümlerini analizlemek;
– anketa;
– test;
– sosiametriýa ýaly usullar degişlidir.

**Syn etme.** Şahsyýetiň dürli tebigy ýagdaýlardaky işlerini aýdyň, maksadalaýyk synlamaklyga, öwrenmeklige syn etme usuly diýilýär. Syn etme usuly dürli şertlerde geçirilip bilner: zähmet, okuw, oýun işleriniň dowamynda. Syn etmeklik yzygiderliligi, dowamlylygy talap edýär. Syn etmek işi psihologik maglumatlary we anyk delilleri (faktlary) gönüden-göni meýilleşdirip, maksadaokgunly we ulgamlaýyn almakdan, kabul etmekden hem-de hasaba almakdan ybarat bolup, bu işiň dowamynda empirik (durmuşy) maglumatlar ele salynýar.

Syn etme usulynyň dürli görnüşleri bize mälimdir. Ol häsiýeti boýunça:

- içerki (içki);
- daşarky (daşky) synlara bölünýär.

Içerki syn (özüňi synlamak-intrerosepsiýa) döwründe synlanýan adamyň özi barlagyň obýekti bolup durýar.

Daşky synda barlagyň obýektine daşyndan, gapdaldan seredilýär, synlanylýar. Galtaşma häsiýeti boýunça gönüden-göni we araçynyň arada durmagy bilen geçirilýän synlar tapawutlandyrylýar.

Gönüden-göni syn etmegiň gidişinde, syn edýän bilen syn edilýäniň arasyndaky gatnaşyklar özara baglanyşykda bolup geçýär.

Syn etmegiň ikinji görnüşinde maglumatlar gyýtaklaýyn alynýar, ýagny iş kagyzlaryny, resminamalary öwrenmekligiň üsti bilen ele salynýar.

Wagty tertipleşdirmek boýunça doly we saýlama syn etme tapawutlandyrylýar.

Doly syn etme işi synlaýan obýekt tarapyndan hemişelik häsiýete eýedir, ýagny hemişe syn edilýär.

Saýlama syn etme döwründe syn edýän obýekt syn edilýän obýekti, belli bir döwür içinde, berk gözegçilikde saklaýar we alnan maglumatlaryň hasabyny ýöredýär.

Şeýle hem, habardar edilişi boýunça gizlin we mälim edilen synlar bize mälimdir.

Syn etme usulynda edilýän esasy talaplar:

– syn edilýän adamyň bu barada bilmezligi;

– syn etmäniň maksada gönükdirilmegi;

– syn etmäniň netijeleriniň bellenip alynmagy.

**Eksperiment.** Psihologiýanyň ylmy-barlag usullarynyň biride eksperiment usulydyr. Eksperiment-munuň özi öwrenilýän psihiki hadysalaryň işjeň ýüze çykmagyny üpjün edýän ýörite şertlerde delilleri ýygnamak usulydyr.

Bu usula barlagçy belli bir şertleri döretmek bilen, birinjiden, öwrenilýän psihiki hadysanyň döreýän we dowam edýän wagtynda täsir edýän delilleri has aýdyň, has takyk bilmäge,

ikinjiden, döredilen şertleriň haýsydyr birini açyp görkezmegiň hasabyna psihiki hadysalaryň sebäplerini kesgitlemäge mümkinçilik alýar.

**Psihologik eksperimentiň iki görnüşi bardyr:**

– laboratoriýa eksperimenti;

– tebigy eksperiment.

Laboratoriýa eksperimenti enjamlary ulanmak arkaly ýörite taýýarlanylan eksperimental materiallardan peýdalanylyp geçirilýär.

Enjamly eksperiment geçirilende, daşky täsirleriň synag edilýän adamyň degişli jogaplarynyň aýratynlyklaryny dogry belläp almaga mümkinçilik berýän abzallar ulanylýar.

Laboratoriýa eksperimenti haýsydyr bir hadysanyň fiziologik mehanizmini barlamakda aýratyn köp ulanylýar.

Laboratoriýa eksperimentinden tapawutlylykda, tebigy eksperiment, adamyň adatdaky işiniň mazmunyny saklap, şol bir wagtyň özünde öwrenilýän hadysalaryň ýüze çykmagyna sebäp bolýan şertleriň ýörite döredilmegini göz öňünde tutýar. Tebigy eksperiment syn etme usuly bilen eksperiment usulynyň oňat taraplaryny özünde jemleýär: birinjiniň tebigylygyny we ikinjiniň işjeňligini utgaşdyrýar. Tebigy eksperiment okuwçynyň şahsyýeti öwrenilende, oňat netije berýär.

**Gürrüň geçirme (söhbetdeşlik) usuly.**

Bu usul psihologiýanyň ylmy-barlag usullarynyň arasynda giňden ýaýranlarynyň birisidir. Ýörite düzülen meýilnama esasynda geçirilýän bu usul gös-göni aragatnaşygy ýola goýmaklygy göz öňünde tutýar. Şol aragatnaşygyň dowamynda psihiki hadysalar hakynda maglumat ýygnalýar. Gürrüňçilik öz maksadyny saklap galmak bilen, alynan jogaplara laýyklykda, soraglary üýtgetmek mümkinçiligini hem özünde saklaýar. Gürrüň geçirme usulynyň giň mümkinçiliklerine garamazdan, oňa kömekçi usul hökmünde garamak bolar.

**Işiň önümlerini derňemek (analizlemek) usuly.**

Işiň önümlerini derňemek usuly – munuň özi, psihiki işiň materiallaşdyrylan netijelerini derňemek arkaly delilleri ýygnamak usulydyr. Barlagçy bu usuly ulananda, adamyň özi bilen däl-de, onuň ozalky işiniň materiallaşan önümleri bilen iş salyşýar: zähmet işiniň önümleri hökmünde işçiniň ýasan detallary, inženeriň işläp taýýarlan taslamasy we ş.m. derňew astyna alynýar.

Bu usulyň gymmatlylygy, barlagçynyň adamyň psihiki işiniň materiallaşan netijelerini elinde saklap bilmekliginden ybaratdyr. Bu bolsa olary ençeme gezek gaýtalap görmäge, dürli wagtlarda ýa-da adam işiniň dürli şertlerinde alnan netijeleri bilen deňeşdirmäge mümkinçilik berýär.

**Anketa usuly.**

Anketa – bu ýörite düzülen meýilnama boýunça synag edilýän adamyň hat üsti bilen berýän hasabatynyň esasynda delilleri ýygnamak usulydyr. Anketa düzülende soraglaryň mazmunynyň anyk bolmagynyň we şol soraglaryň dogry düzülmeginiň uly ähmiýeti bardyr. Berilýän soraglar synag edilýän adamlara düşnükli bolar ýaly düzülmelidir.

**Test geçirmek usuly.**

Test usuly psihologiýanyň beýleki ylmy-barlag usullarynyň arasynda aýratyn ähmiýete eýedir. Beýleki usullaryň ählisi ahyrky netijede psihologiýa ylmyny baýlaşdyrýan haýsydyr bir täze maglumatlar almak üçin hususy psihiki hadysalary barlamagy maksat edinýän bolsalar, test şol ýa-da beýleki synag edilýän adamlarda eýýäm bar bolan psihiki aýratynlyklaryň bardygyny ýa-da ýokdugyny anyklamaga niýetlenendir.

Test hemişe aşakdaky talaplary ödemelidir:

Birinjiden, test-munuň özi, standartlaşdyrylan tejribedir.

Ikinjiden, her bir testiň synalýan adamlaryň hemmesine olarda bar bolan psihiki aýratynlyklary ýüze çykarmak üçin birmeňzeş mümkinçilik berip bilmekligidir.

Üçünji talap-bu soraglaryň näderejede düşündirilenligini kesgitlemekden ybaratdyr.

**Sosiometriýa usuly.** Toparda onuň agzalarynyň sanyna laýyklykda şahsyýetara gatnaşyklarynyň gurluşyny anyklaşdyrmaga mümkinçilik berýän sosial-psihologik usul bolup, ol öz gezeginde Ýa. Moreno tarapyndan teklip edildi.

*Psihologiýanyň beýleki ylymlar bilen baglanyşygy.*

Köp ylymlarda bolşy ýaly, psihologiýa ylmynyň sallançagy bolup hem filosofiýa ylmy durýar. Biziň eramyzdan öňki 3-nji asyrda gadymy dünýäniň görnükli alymy Aristotel „Jan” hakyndaky traktatyny ýazdy.

Biziň döwrümizde hem psihologik ylmy-derňewleri geçirmekde filosofiýa ylmy möhüm orun eýeleýär. Sebäbi, ruhy ýaşaýşyň meselelerini dünýägaraýyş meselelerinden üzňe göz öňüne getirmek mümkin däl: material we ideal, beden we ruhy, obýektiw we subýektiw, biologik we durmuşy(sosial) gatnaşyklar we ş.m.

Psihologiýa biologiýa ylmy bilen örän baglanyşykly bolup durýar. Bu ylymlaryň gatnaşygy birnäçe ugur boýunça yzarlanylýar:

Psihikanyň ösüşiniň kanunalaýyklyklaryny esaslandyrmak üçin, psihologiýa biologiýanyň umumy teoretiki düzgünlerinden, kadalaryndan ugur aldy, olardan peýdalandy. Bu ugurda iňlis alymy Çarlz Darwiniň ewolýusion taglymaty uly ähmiýete eýedir. Köp alymlaryň nygtaýşy ýaly, aýratyn alnan adamyň indiwidual ösüşi(ontogenez) adamlaryň ösüşiniň (filogenez) gaýtalanmasydyr diýen düşünje bilen ylalaşýarlar. Muňa biogenetik kanun diýilýär.

Psihoanaliz mekdebiniň düýbüni tutujy awstriýa-amerikan alymy Zigmund Freýd haýwanat dünýäsiniň dürli basgançagyndaky ösüşiniň adamyň indiwidual ösüşi bilen

golaýlygyny, meňzeşligini tapyp, adamyň indiwidual ösüşiniň döwürlerini kesgitledi.

Zoopsihologiýa etologiýanyň gazananlaryna daýanýar, ondan yzygiderli we işjeň peýdalanýar. Etologiýa-bu haýwanlaryň özüni alyp baryşlary hakyndaky ylymdyr.

Psihologiýa meseleleri çözmekde genetikanyň alan maglumatlaryna daýanýar, olara bagly bolup durýar, çünki adam özüniň aňly-düşünjeli ömrüniň dowamynda dogabitdi we soň emele gelen gatnaşyklaryna göz ýetirýär.

Genetikanyň bazasy bilen baglanyşyklykda, psihologiýada täze bir ugur-ýagny psihogenetika öz ösüşine eýe bolýar.

Psihologiýanyň köp derejede ýokary nerw ulgamynyň fiziologiýasy bilen baglydygy bize mälimdir.

Psihologiýa ylmynyň beýleki jemgyýetçilik ylymlary bolan pedagogika, syýasy ykdysat, taryh, sungaty öwreniş we ş.m. üçin belli bir derejede ähmiýeti bardyr, sebäbi, bu ylymlaryň hemmesinde şahsyýetiň düşünjeli işi, ýagny psihologiýanyň öwrenýän meseleleri öwrenilýär.

Psihologiýa bilen tebigy ylymlaryň, ozaly bilen psihologiýa bilen ýokary nerw işiniň fiziologiýasynyň arasynda aýrylmaz baglanyşyk fiziologiýanyň psihikanyň material esasyny, ýagny, kelle beýnisiniň we nerw ulgamynyň işini öwrenýänligi bilen düşündirilýär.

Psihologiýanyň pedagogika ylmynyň ösüşi üçin aýratyn ähmiýeti bardyr, çünki, ol şahsyýetiň ösüşiniň kanunalaýyklyklaryny, çagalaryň ýaş we indiwidual aýratynlyklaryny bilmäge teoretik esasnamalar berýär, okatmagyň hem-de terbiýe bermegiň has netijeli usullaryny işläp düzmegiň praktiki ugurlaryny görkezýär.

**Psihologiýa ylmynyň gurluşy.**

Häzirki zaman psihologiýa ylmy predmetleriň çylşyrymly, şahalara ýaýran ulgamyny özünde jemleýär. Başgaça aýdylanda,

ol psihologik ylymlaryň ösen kompleksidir. Bu kompleksi dürli ölçegler boýunça fundamental we ýörite psihologik ylymlara bölmek bolar.

Umumy psihologiýa ylmy fundamental häsiýete eýedir. Ol dolulygyna alnanda, uniwersial prinsipleri, esasy düşünjeleri we psihikanyň beýleki möhüm taraplaryny öwrenär, olary kemala getirýär.

Differensial psihologiýa adamlaryň arasyndaky tapawutlary ýüze çykarýar we beýan edýär, öňünden döreýän şertlerini hem-de olaryň ösüş proseslerini açyp görkezýär. Bu psihologiýanyň pudagy bolmak bilen, indiwidiň ýaş boýunça tapawutly taraplaryny ýüze çykarýar, öwrenýär hem-de ol hakynda maglumat berýär. Esasan hem, differensial psihologiýa bir ýaş döwründen başga bir ýaş döwrüne geçilende bolup geçýän özgerişliklere esasy ünsi berýär.

Sosial psihologiýa – bu dürli sosial birleşmeleriň, toparlaryň, kollektiwleriň, uly toparlaryň agzalarynyň jemgyýetçilik pikirlerini, sosial duýgularyny, dürli sosial meselelere garaýyşlarynyň meňzeşligini, jebisligini we ş.m. öwrenip, olarda adamlaryň özara gatnaşyklaryny, her bir şahsyýetiň ýagdaýyny, ýolbaşçylyk, liderçilik we tabynlyk hem-de käbir beýleki aýratynlyklaryny derňeýär. Jemgyýetiň ösüşi bilen baglanyşyklylykda, sosial psihologiýa problemalary çözmekde möhüm orna eýe bolýar.

Lukmançylyk psihologiýsy lukmanyň hünäri bilen baglanyşykly we keselbendiň ruhy aýratynlyklaryny öwrenýän hem-de bejergi işleriniň psihologik aýratynlyklaryny işläp taýýarlaýan ýörite pudakdyr.

Patopsihologiýa (adatdan daşary ösüş psihologiýasy) – psihikanyň ösüşinde ýüze çykýan dürli görnüşli gyşarmalary öwrenýär. Patopsihologiýanyň birnäçe ugurlary bar:

1. Oligofrenopsihologiýa (psihiki ösüşiň kelle beýnisiniň dogabitdi ýetmezçilikleri bilen baglanyşykly patologik hadysalary, akyl taýdan şikestlileri öwrenýär).

2. Tiflopsihologiýa (kör we çala görýän adamlaryň psihologiýasyny öwrenýär).

3. Surdopsihologiýa (ker we çala eşidýän adamlaryň psihologik ýagdaýlaryny öwrenýär.

Pedagogik psihologiýa - okatmagyň we terbiýe bermegiň psihologik esaslaryny işläp düzmek bilen meşgullanýar. Pedagogik psihologiýa ýaş aýratynlyklary psihologiýasy bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Munuň sebäbi, mekdep okuwçylarynyň ýaş we indiwidual aýratynlyklaryny nazara alman, okatmagyň we terbiýe bermegiň psihologik kanunalaýyklyklaryny aýdyňlaşdyrmak mümkin däldir.

Ýuridik psihologiýa – zähmet-düzediş edaralarynda, aýry-aýry adamlaryň zähmet düzgün-nyzamynyň, kanunçylygyň we ş.m. bozulmalaryň üstüni açmak boýunça derňew işlerini alyp barmagyň, şaýatlaryň görkezmelerini seljermegiň psihiki taraplary bilen baglanyşykly meseleleri, sorag etmäge degişli talaplary we ş.m. öwrenýär. Bu pudak, şeýle hem, jenaýatçynyň şahsyýetiniň psihologik aýratynlyklaryny, jenaýatyň sebäplerini, tussag astyndaky adamyň psihologiýasynyň aýratynlyklaryny, jenaýatçylary täzeden terbiýelemekligiň psihologik esaslaryny derňeýär we kanunalaýyklyklaryny işläp düzýär.

## DAŞARY ÝURT PSIHOLOGIÝASYNYŇ ESASY AKYMLARY

**Geştaltpsihologiýa** – bu akym ilkibada Germaniýada döreýär. Soňra Ýewropa ýurtlarynyň köpüsine ýaýraýar we bu ýurtlaryň psihologlary tarapyndan ykrar edilýär. Maks Wertgeýmer (1880-1943 ýý.), Frans Kaffka (1883-1924 ýý),

Wolfgan Keler (1887-1967 ýý.) dagylar bu ugry esaslandyryjylar bolup durýarlar.

Geştalt psihologiýanyň esasyny ýokarda adyny belläp geçen alymlarymyzyň işleri düzýär. Bu psihologik mekdep, köp babatlarda bihewiorizme we ozalky bar bolan psihologik ugurlara garşy närazylyk hökmünde döreýär. Geştalt psihologiýa bihewiorizmi özüňi alyp barşy üzňelikde derňeýänligi üçin tankytlaýar. Geştaltpsihologiýanyň nukdaýnazaryndan seredilende, özüňi alyp baryş reflbiksleriň toplumyndan has giň we çylşyrymly zatdyr. Ol bitewidir. Şonuň üçin hem psihiki bitewiligiň ilkinjiligi nukdaýnazaryndan çemeleşmek geştaltistler tarapyndan beýleki ähli ugurlaryň taglymatyna garşy goýulýar. Olaryň pikirine görä, aňyň, psihiki ýagdaýyň, kabul edişiň tutuş bitewiliginiň hilini ony düzedýän elementleriň jemine syrykdyrmak bolmaz. Tersine, tutuş zat elementleriň hil taýdan aýratynlyklaryny kesgitleýär.

**Bihewiorizm.** Bihewiorizmiň (iňlisçe-biheviour-özüňi alyp baryş) döremeginiň şertleri fiziologiýada şertli reflieksler usulynyň işläp düzülmekligi (Pawlow) we psihologiýanyň eksperimental şahasy hökmünde zoopsihologiýanyň ösüşi bilen baglanyşyklydyr. Onuň döremegine amerikan psihology D.Uotsonyň 1913-nji ýylda ýazan ,,Özüňi alyp baryş psihologiýasynyň prinsipleri” atly kitaby sebäp boldy. Awtor şol kitabynda psihologiýa ylmyna özüňi alyp baryş hakyndaky ylym hökmünde garaýar. Uotson introspektiw metody subýektiw metod hökmünde ret edýär. Bihewiorizmde aňyň idealistik konsepsiýasynyň nädogrudygy aýdylýar. Bihewioristleriň pikirine görä, psihologiýa aňy, onuň mazmunyny we funksiýalaryny öwrenmekden el çekmelidir. Ylym diňe hemmeleriň obýektiw gözegçilik etmegi mümkin bolan we hemmeler üçin aýdyň zatlary, ýagny özüňi alyp barşy öwrenmelidir. Şeýlelik bilen, derňew predmeti üýtgäp(aňyň ýerine özüňi alyp baryş), ýagny täze ylmy düşünje döredi. Olaryň

pikirine görä, aň, duýma, kabul ediş, erk we ş.m. ýaly terminler ylmy taýdan ähmiýetsiz düşünjeler hökmünde ret edilmelidir. Bu ugur S-R formulada aňladylyp, onuň esasy ylmy düşünjeleri şu aşakdakylardan ybaratdyr:

Stimul – daşky gurşawdan (sredadan) gelip gowuşýan gyjyndyryjy;

Reaksiýa – organizmiň (bedeniň) gyjyndyrma bolan jogaby we baglanyşyk, ýagny S bilen R-nyň arasyndaky birleşdiriji.

Psihologik barlaglaryň maksady gurşawa (sreda) uýgunlaşmaga gönükdirilen özüňi alyp baryşyň esas alynýan ugurlaryny (prinsiplerini) öwrenmekdir.

Bihewioristler sebäp we netije (determinizm) prinsipini ylmy taýdan esasly prinsip hökmünde ykrar edýärler.

Bu ugruň döremegine awstriýaly lukman-psihonewrolog Zigmund Freýdiň (1856-1939 ýý.) ylmy işleri sebäp boldy.

**Psihoanaliz.**

Psihoanaliz XX asyryň 20-nji ýyllarynda giňden ýaýrap ugraýar. Häzirki döwürde psihoanalitikleriň bütindünýä halkara jemgyýeti bolup, ol daşary ýurtlarda giňden ýaýrandyr.

Freýd şahsyýetiň gurluşynda aňlanylmaýan psihika üns berip, ony esasy derňew obýektine öwürýär. Ol näsaglar öz hereketleriniň, özüni alyp barşynyň sebäplerini düşündirip bilmezler, sebäbi olary döredýän esaslar aňyň çäginden daşda durýar diýip belleýär. Psihiki näsaglygyň esasy sebäpleri düýş görmek, erksiz hereketleriň şertli sebäpleri öwrenilende ýüze çykarylyp biliner. Özüňi alyp barşyň hakyky motiwlerini(sebäplerini) düşündirmek we ony adam üçin, şol sanda, psihiki taýdan näsag adamlaryň kesellerini bejermek üçin hem aňlanylýan häsiýetde düşündirmek psihoanaliziň-Freýdiň aňlanylmaýan psihikany derňemek üçin işläp düzen usulynyň esasy maksatlarynyň biridir.

Freýd şahsyýetiň ähli ösüşleri iki sany dogabitdi instinkten gelip çykýar diýip nygtaýar. Olar: nesli dowam etdirmek instikti (seksual meýiller-libido) we öz-özüňi goramak instinkti (ölüm howply).

Adamyň bütin bedeni erogen zona bolup durýan hem bolsa, Freýd olaryň esaslary hökmünde agzy, anusy, we jynsy organlary belläp geçýär.

Umumylaşdyryp alanymyzda, Freýdparazçylyk şahsyýet psihologiýasynda has giňden ýaýran ugurlaryň biridir. Ol psihologiýada sosial faktoryň roluna kembaha seretmek bilen, şahsyýetiň kemala gelmeginde aňlanylmaýan, instinktiw başlangyçlaryň ähmiýetini absolýutlaşdyrýar.

Gumanistik (ynsanperwerlik) psihologiýa.

Gumanistik psihologiýa XX asyryň 60-njy ýyllarynda ýüze çykyp ugrady. Psihologiýanyň bu ugruny esaslandyranlaryň biri-Abraham Masloudyr (1908-1970 ýý.).

Gumanistik psihologiýanyň esasy düzgünleri şeýleräk göz öňüne getirilýär: ýagny, biz öz durmuşymyzy özümiz gurmaly ýa-da durmuş biziň öz ellerimiz bilen döredilen zatdyr. Biziň öňümizde esasy, baş mesele ýatyr, çünki bu gapma-garşylykly, galmagally dünýäde manyly ömür sürmek ýaly mesele dur. Adamlar aňly-düşünjeli, pikirlenip bilýän mahlukdyrlar. Olar öz hereketlerini özleri saýlaýandyrlar, öz ykballaryny özleri kesgitleýändirler.

*Rus we sowet döwrüniň psihologiýasy, olaryň ösüşi.*

XIX asyryň birinji ýarymynda Russiýada psihologik ylmy-barlaglaryň özboluşly ugry kemala geldi.

*Iwan Mihaýlowiç Seçenow* (1829-1905 ýý.). Alym özüniň ,,Beýni refleksleri" (1963 ý.) atly işinde psihikanyň reflektorlygy we hereketiň psihiki ugrukdyrylyşy baradaky taglymaty öňe sürdi. Bu möhüm nazary düzgünnamalar haýwanlaryň özara hereket-

gatnaşyklarynyň beýni arkaly ugrukdyrylmasynyň, şeýle-de adamlaryň daşky gurşaw bilen bolan arabaglanyşyklarynyň kanunalaýyklyklaryny açan akademik I.P.Pawlow tarapyndan tejribede tassyklanyldy.

*I.P.Pawlow* (1849-1936 ýý.). Akademik I.P.Pawlowyň öňe süren ylmy taglymaty daşary ýurtlarda psihologiýanyň özüňi alyp baryş ugrunyň(bihewiorizmiň) ösmegine-de uly täsir etdi. Pawlowyň hyzmaty adamyň nerw ulgamyny özboluşly oýandyryjy bolan sözi analiz etmek bilen baglanyşyklydyr. Ikinji signal sistemasynyň öwrenilmegine geçilmegi şertli refleksler usuly bilen adamyň ýokary nerw işini giňden barlamak we fiziologiýadan psihologiýa tarap ýol çekmäge mümkinçilik berdi.

*B.M.Behterew* (1857-1927 ýý.). Behterew öňe sürýän konsepsiýasynyň esasyna özüniň mazmuny boýunça I.P.Pawlow tarapyndan açylan şertli reflekslere ýakyn utgaşyklylyk refleksleri hakyndaky taglymaty goýýar. Behterew Russiýada ilkinjileriň biri bolup, Kazanda eksperimental psihologik laboratoriýany(1885ý.) gurýar. 1908-nji ýylda bolsa, Psihonewralogiýa institutyny döredýär.

*Lew Semýonowiç Wygotskiý* (1896-1934 ýý.). Ol adamyň psihologiýasynyň medeni-taryhy nazaryýetini döredijidir. Öz döreden nazaryýetiniň kömegi bilen adamyň psihiki dünýäsiniň hiliniň aýratynlyklaryny kesgitlemeklige ymtylýar. Şonuň kömegi bilen bolsa, adamyň aňynyň gelip çykyşyny we onuň kemala geliş mehanizminiň meseleleriniň çözgütlerini gözleýär.

Wygotskiý adamyň psihikasynyň iki derejesini tapawutlandyrýar: aşaky tebigy we ýokarky sosial psihiki funksiýalar.

Psihikanyň tebigy funksiýalary oňa tebigy jandar hökmünde berlendir. Olar, ýagny psihiki funksiýalar psihofiziologik häsiýete

eýedirler. Olara: sensor, motor, pnewmatik häsiýetler(ygtyýarsyz ýatda saklamaklyk) degişli bolup durýarlar.

Ýokarky psihiki funksiýalar sosial häsiýete eýedirler.

Ontogenezde hem, filogenezde hem Wygotskiý interiorizasiýanyň üç basgançagyny görkezýär.

Birinjisi – uly ýaşly adam çagada haýsydyr bir zada höwes döretmek üçin, oňa söz bilen täsir edýär.

Ikinjisi – çaga uly ýaşly adama söz bilen täsir etmek maksady bilen, ondan hyzmatdaşlyk etmekligi öwrenýär.

Üçünjisi – çaga söz bilen özüne täsir edip ugraýar.

**Psihikanyň we bedeniň aragatnaşygy. Beýni we psihika.**

Psihiki hadysalaryň adamyň beýnisiniň işi bilen baglanyşyklydygy bize öňden bäri bellidir. Bu pikir b.e.öňki VI asyrda ýaşap geçen Alkmeon Krotonskiý tarapyndan öňe sürüldi we soňra Gippokrat (b.e.öňki 460-377 ýý.) tarapyndan oňlanyldy. Iki müň ýylyň dowamynda beýniniň işleýşi hakyndaky täze alnan maglumatlaryň we geçirilen ylmy-barlaglaryň netijesinde bu pikir ösdürildi, çuňlaşdyryldy.

XX asyryň başlarynda fiziologiýa we psihologiýa ýaly bilimiň aýry-aýry ugurlarynyň örüsinde iki sany ýörite ylym: ýokary nerw işiniň fiziologiýasy we psihofiziologiýa ýaly görnüşleri emele geldi. Olar adamyň beýnisinde bolup geçýän psihiki hadysalaryň we organiki prosesleriň arabaglanyşygyny öwrenmek bilen meşgullandylar. Ýokary nerw işiniň fiziologiýasy bilen iş salyşýan alymlar adamyň beýnisinde bolup geçýän organiki prosesleri öwrenmekligi maksat edindiler. Psihofiziologiýanyň wekilleri, esasan, psihikanyň anatomo-fiziologik esaslaryna özleriniň ünslerini gönükdirýärler. Özlerini ýokary nerw işiniň we psihofiziologiýanyň wekilleri hasaplaýan bu alymlara, uýgunlaşma ýaly, işiň iki ugry üçin hem umumydygy aýdyň boldy.

Bu ugurdan amerikan alymy K.Holluň, rus alymy P.A. Anohiniň işleri öwrenilmäge mynasypdyr.

Adamyň hereketi, özüni alyp barşy oňat bolar ýaly, onuň içki ýagdaýlary bilen daşky şertleri sazlaşykly bolmalydyr, laýyk getirilmelidir. Fiziologik derejede bu baglanyşygy nerw ulgamy(sistemasy) amala aşyrýar. Düýp aslynda bu onuň anatomo-fiziologik wezipesidir, funksiýasydyr.

Adamyň nerw ulgamy iki bölümden ybarat bolup ol: *merkezi* we *merkezden uzakdaky* nerw ulgamlaryna bölünýärler.

Merkezi nerw ulgamy nerw ulgamynyň (kelle beýnisini, aralyk we arka (oňurga) beýnisini kelle bölegini öz içine alýar. Nerw ulgamynyň galan bölegi merkezden uzakdaky nerwlere degişlidir. Merkezi nerw ulgamy maňlaý, orta, ýeňse we arka beýnilerinden ybaratdyr.

Psihika – munuň özi adamyň beýnisiniň işiniň önümidir. Geçirilen köp sanly eksperimentler muny tassyklady. Mysal üçin, beýnä belli bir derejede zyýan ýetende, hökman psihikada kesgitli özgerişler döreýär: adamyň beýnisiniň çep ýarym şarynyň ýeňse, depe böleklerine zyýan ýetende, adamyň giňişlige göz ýetirme ukyby bozulýar, çekge böleklerine zyýan ýetende sözi, söz heňlerini aňlamak ukyby bozulýar. Şunuň ýaly birnäçe mysallar psihikany beýniniň işinden aýryp bolmajakdygyny subut edýär.

Psihika aýratryn usulda guralan materiýanyň-beýniniň özboluşlylygy hökmünde düşündirilýär.

Psihiki iş – munuň özi reflektor ýa-da şöhlelenmek işidir (prosesidir).

I.M.Seçenow özüniň ,,Kelle beýnisiniň refleksleri” diýen işinde psihikanyň reflektor tebigatyny açyp görkezmek bilen, adamyň kelle beýnisiniň return refleksleriniň üç bölümini (zwenosyny) öz içine alýandygyny belleýär:

1. Başlangyç zweno – munuň özi duýgy organlarynda daşky täsirleriň netijesinde döreýän hadysadyr.

2. Merkezi zweno – beýnide bolup geçýän oýanmak we togtamak prosesleridir. Olaryň esasynda dürli psihiki hadysalar(duýgy, göz öňüne getirme, we ş.m.) emele gelýär.

3. Ahyrky zweno – adamyň daşky hereketleri we işleridir. Bu zwenolaryň hemmesi özara baglanyşyklydyrlar we biri-birini şertlendirýändirler. Psihika refleksiň merkezi zwenosydyr.

Häzirki zaman „Psihologiýa" ylmynda nemes psihology E.Kreçmeriň, amerikan psihology U.Şeldonyň adam beýnisiniň gurluşynyň tipologiýasy hakyndaky işleri adatdan daşary meşhurlyga eýedir.

E.Kreçmer „Bedeniň gurluşy we häsiýet" atly işinde beden tipine laýyklykda, şahsyýetiň häsiýetiniň emele gelýändigi hakyndaky taglymaty esaslandyrmaga synanyşyk etdi.

Psihologiýada şol ýa-da beýleki indiwidiň psihikasynyň aýratynlygyny kesgitleýän esas hökmünde dogabitdi, genetik faktorlaryň rolunyň aýdyňlaşdyrylmagyna möhüm üns berilýär.

Beýniniň gurluş-funksional birligi bolup, bütin nerw ulgamynda bolşy ýaly, neýronlar durýarlar. Adamyň beýnisi $10^{11}$sany baglanyşykda durýan hem-de hyzmatdaşlyk edýän neýronlardan ybaratdyr. Neýronda beden, ösüntgi we gutarýan ýeri bolýar.

Reflektor halkasynyň düzüminde özüniň funksional ähmiýeti boýunca üç görnüş tapawutlanýar:

- reseptor (duýgy, afferent) halkasy, nerw duýgurlygynyň gutarýan ýeri, ýagny daşarky we içerki täsirleriň netijesinde emele gelen gyjyndyryjylary kabul etmeklige ukyply neýronlar.
- effektor halkasy (afferent), aksonlaryň tamamlanmagy, iş organyna ilkinji bolup maglumat berýän.
- assosiatiw halka (girizilen, merkezi), reflektor halkasynyň düzümine girýän hem-de duýgur neýrondan effektora habar iberýän, aralykda durýan.

Olar hem öz gezeginde elektrik we himiki taýdan üýtgemelere sezewar bolýarlar hem-de depolýasiýanyň iki görnüşi hasaba alynýar: oýanma we togtama prosesleri.

Nerw ulgamyny topografik prinsip boýunça merkezi we uzakdaky (periferiýa) nerw ulgamlaryna bölýärler.

Merkezi nerw ulgamy kelle we oňurga beýnisinden ybaratdyr.

Uzakdaky nerw ulgamy kelle we oňurga beýnisinden başga ähli nerw düzümlerini özünde jemleýär.

Kelle beýnisi kelle çanagynda ýerleşýär. Adamyň kelle çanagynyň göwrümi ortaça 1450sm3 deňeçerdir.

Beýniniň agramy 1100-3000 gram aralygynda bolup biler. Kelle beýnisi ýokary nerw ulgamynyň ýokarky bölegi bolup durýar. Öz gezeginde ol beýni sütünine, uly we kiçi beýnä bölünýär.

Uly beýni iki ýarym şardan, ýagny, sag we çep ýarym şardan ybarat bolup, olar öz gezeginde gabarçak ten arkaly aragatnaşygy ýola goýýarlar. Uly beýniniň daşky bölegi plaş bilen örtülen.Bu örtük fiziologiýada uly ýarym şaryň perdesi (bardasy) diýlip aňladylýar.

Barda uly ýarym şaryň möhüm bölegini emele getirýär. Ol ýokary nerw işiniň material substraty bolup durýar, şeýle hem ol tutuş bedeniň ýaşaýyş funksiýalaryny herekete getirýär.

Ortaky beýni iki sany möhüm gurluşa eýedir: talamus we gipetalamus.

Talamus sensor ýollarynyň ählisiniň diýen ýaly kollektory bolup durýar. Olar bu ýerde beýniniň ähli bölümlerine geçip bilýärler.

Gipetalamus bedeniň içki gurşawynyň durnuklylygyny üpjün edýän möhüm merkez (öýjügara suwuklyk) bolup durýar.

## PSIHIKA DÜŞÜNJESI

Psihika – munuň özi haýwanat dünýäsiniň we her bir adamyň indiwidual ewolýusion ösüşiniň netijesidir.

Psihikanyň ösüşiniň taryhy aşakdaky ýaly görnüşde bize mälimdir.

Birinjiden, filogenez, ýagny psihikanyň taryhy, milliardlarça ýyl ewolýusion ösüşi öz içine alýar.

Ikinjiden, şol ýa-da beýleki bir diri organizmiň, şol sanda aýratyn alnan adamyň psihikasynyň ösüşi (ontogenez has gysga döwri) şol organizmiň ýaşan döwrüni özünde jemleýär.

Ýokary psihikaly jandarlar, şol sanda adam hem, belli bir derejede, diri jandarlaryň ewolýusion ösüşiniň taryhyny, onuň geçen ýollaryny gaýtalaýarlar.

*Filogeneziň taryhy.* Degşirme zoopsihologiýasy häzirki döwürde ýaşap ýören jandarlar bilen geçirilen eksperimental barlaglaryň esasynda psihikanyň ösüş derejesini deňeşdirip görmeklige mümkinçilik berýär.

Häzirki döwürde ýaşap ýören haýwanlaryň ählisi, hatda, olaryň iň ýönekeýi hem, edil, ýokary psihikaly haýwanlaryňky ýaly, şol sanda adamyň ewolýusion ösüşiniňki ýaly netijäni berýär. Şonuň üçin, bar bolan häzirki diri organizmleri barlaglardan geçirip, hakyky filogenetik hatary alyp bolmaz.

Psihikanyň emele gelşi we ewolýusiýasy hakyndaky meseläni çözmek üçin, şol ýa-da beýleki diri organizmiň psihikasynyň barlygyna nämäniň güwä geçýändigini hökmany ýagdaýda anyklamaly, ýa-da, başgaça aýdylanda, psihikanyň kriteriýasyny dikeltmeli diýen mesele ýüze çykýar.

Psihiki kriteriýany kesgitlemekde iň bir oňat işlenen konsepsiýa bolup reflektor teoriýasy (şöhlelenme teoriýasy) durýar. Şöhlelenme teoriýasynyň nukdaýnazaryndan çemeleşilende, islendik diri organizmiň ýaşamagy üçin esasy

güýç onuň daşky gurşaw bilen deňagramlylygy saklamaklygyna gönükdirilenligidir.

Beýle sazlaşyga bolsa organizm her bir möhüm özgermä özüniň uýgunlaşma reaksiýasynyň netijesinde ýetýär.

Şu ýerden görnüşi ýaly, psihika- bu daşky gurşawyň şöhlelenme hadysasyna laýyklykda, organizmiň hakykylygynyň we onuň kadalaşdyrylýandygynyň şöhlelenmesi üçin ýörite ylmy apparatdyr.

Rus alymy A.N.Leontýew psihiki kriteriýa hakyndaky pikirleri bir ýere jemledi we belli bir netijä geldi. Onuň pikirine görä, psihiki ýagdaý, haçan-da diri organizmler möhüm biologik gyjyndyrmanyň täsirine däl-de, eýsem-de şeýle möhüm biologik obýektiň ýaşaýanlygy hakyndaky signala eýe bolýar.

Psihikanyň barlygy içerki barlygyň, duýgudaşlygyň psihiki obrazynyň barlygyny göz öňünde tutýar. Signal bolsa diňe şonda signal halyna gelýär, haçan-da ol şol ýa-da beýleki bir belli predmetiň obrazy bilen gönüden-göni bagly bolan ýagdaýynda ol şeýle ýagdaýy başdan geçirýär. Mysal üçin, ysyň iýilmeýän zatdygy hemmelere aýan, şonuň üçin onuň gönüden-göni durmuş üpjünçiligi bilen baglanyşykly bir ýagdaýdygy aýdyňlaşýar.

Haýwanlaryň psihikasy, haçan-da aýratyn material gurluş (struktura), ýagny şöhlelenmä jogapkär bolan nerw ulgamy kemala gelende ýüze çykýar.

Nerw ulgamynyň barlygy organizme öz hereketleriňi işjeň halda guramaklygy ýola goýmaklygy we ony daşky gurşawda amala aşyrmaklygy, şol bir wagtyň özünde bolsa, durmuş talaplaryndan gelip çykýan takyk görkezmeleri berjaý etmekligiň çözgütlerini görkezýär.

*Haýwanlaryň psihikasynyň adamyň psihikasyndan tapawudy.*

Reflektor nazaryýeti (teoriýasy) diri organizmleriň psihikasynyň ösüşinde üç ugry (tendensiýany) nazarlaýar:

1. Hereketiň görnüşiniň çylşyrymlaşmagy.

2. Öwrenmeklige (uýgunlaşmaklyga) bolan indiwidual başarnygy kämilleşdirmek.

3. Psihiki şöhlelenmäniň görnüşleriniň (formalarynyň) çylşyrymlaşmagy.

Bizi gurşap alýan hakykatyň(barlygyň) diri organizm tarapyndan şöhlelenmesiniň şol ýa-da başga häsiýeti psihikanyň ösüşiniň derejesinden habar berýär.

A.N.Leontýew ,,Psihikanyň ösüşiniň meseleleri" atly kitabynda janly organizmleriň psihikasynyň ewolýusion ösüşiniň aşakdaky döwürlerini ýüze çykarýar:

1. Psihikanyň ösüşiniň sensor döwri,

2. Psihikanyň ösüşiniň perseptiw döwri,

3. Psihikanyň ösüşiniň intellekt döwri.

Haýwanlaryň psihikasy başlangyç duýgurlyk basgançagynda daşky hakykatyň diňe käbir aýratynlyklaryny şöhlelendirmäge ukyply bolup durýar. Psihikanyň şeýle derejedäki ösüşiniň barlygyny iň ýönekeý janly organizmler görkezýärler. Olar giňişlikde örän çylşyrymly ýagdaýlarda ýerlerini üýtgetmegi başarýarlar.

Şol ýönekeý organizmlerde indiwidual uýgunlaşmanyň başlangyç görnüşleri ýüze çykaryldy.

Öwrenmek (nauçeniýe) – bu indiwidiň indiwidual özüni alyp barşynda özünden öňki tejribäni özleşdirmek bilen baglanyşykly bolup geçýän işidir. Öwrenmek, esasan hem, öwrenişmegiň netijesinde bolup geçýär.

Psihikanyň ewolýusiýasynyň ikinji döwri psihikanyň ösüşiniň perseptiw basgançagydyr.

Bu basgançakdaky haýwanlar daşky dünýäni, eýýäm, aýratyn alnan ýönekeý duýma görnüşinde kabul etmän, eýsem, predmetleri olaryň bütin dolulygynda, baglanyşykda

şöhlelendirýärler. Şu basgançakda haýwanlary birleşdirýän umumy alamat olaryň özüni alyp baryşlaryndaky umumy meňzeşlikdir: olaryň özüni alyp barşyndaky bolup geçýän haýran galdyryjy hereketleri hem-de ol hereketleriň yzygiderli ösmegi we çylşyrymlaşmagy we ş.m.beýleki alamatlardyr.

Bu basgançakda täsirler giňeýär, hereketleriň köp bölümli zynjyryna öwrülýär.

Haýwanlaryň özlerini alyp baryş formasy bolup, oňa instinkt diýilýär.

Instinkt – bu genetiki taýdan hasaba alnan, meňzeş, awtomatlaşdyrylan, şol görnüş üçin mahsus bolan, gurşawyň belli bir şertlerinden baş alyp çykyp bilýän, çylşyrymly akty göz öňünde tutýan, haýwanlaryň biologik talaplaryny kanagatlandyrmaklyga gönükdirilen we şertsiz reflekslere esaslanýan hereketdir. Haýwanlaryň her bir görnüşi instinktleriň özboluşly toplumyna eýe bolmak bilen, neslegeçijiligiň mehanizminden ugur alýar. Şol bir görnüşiň osoblary tarapyndan bu hereketler üýtgewsiz ýagdaýda täzeden amala aşyrylýar. Bu bolsa, onuň morfologik alamatlary hökmünde bellenilip geçilýär. Esasy belläp geçmeli zat, bu hem haýwanlaryň toparlaýyn özlerini alyp baryşlarynyň adamlaryň jemgyýetçilik durmuşyndan tapawutly tarapydyr. Bu tapawut, esasan hem, haýwanlaryň özlerini alyp barşynyň, dolulygyna, biologik maksatlara, kanunlara we mehanizmlere tabynlygyndan gelip çykýar. Haýwanlarda, adamlardan tapawutlylykda, köneleriň tejribesini material medeniýet görnüşinde soňky nesillere geçirmek, berkitmek, ýygnamak ýaly aňly-düşünjeli hereketleriň ýoklugyndadyr.

Haýwanlaryň özlerini alyp baryşlarynyň üç görnüşi bize mälimdir:

1. Instinktler;
2. Endikler;
3. Özüňi alyp barşyň intellektual görnüşi.

Instinktler – bu özüňi alyp barşyň dogabitdi görnüşidir.

Endikler – instinktlerden tapawutlylykda, haýwanlaryň özüni alyp barşynyň özbaşdaklykda gazanylan görnüşidir. Endikler haýwanlarda durmuşyň tebigy şertlerinde, şeýle hem, olara adam tarapyndan öwredilmek (nauçeniýe) prosesinde hem emele gelip biler. Endikler haýwanlarda synanyşyk we ýalňyşlyk usuly arkaly emele gelýärler.

*Özüňi alyp barşyň intellektual görnüşi.* Intellektual özüňi alyp baryş bu haýwanlaryň özüni alyp barşynyň ýokary görnüşidir. Ony psihikasy ýokary derejede ösen maýmynlarda we delfinlerde görmek bolýar. Intellektual özüňi alyp baryş haýwanlaryň üýtgäp duran daşky gurşawa has doly we dogry uýgunlaşmagyny üpjün edýär.

Adamyň psihikasynyň kemala gelmeginde möhüm rol diliň we sözleýşiň ulanylyp başlanmagyna degişlidir.

*Ýaş aýratynlyklary.*

*Ýaş klassifikasiýasy.*

Ontogenetik ösüşiň her bir döwri belli bir ýaş aýratynlyklary bilen häsiýetlendirilýär.

Ýaş aýratynlyklary – bu indiwiiň psihikasynyň oňa mahsus bolan ýörite alamatlary bolup, olar hem öz gezeginde ýaş basgançaklaryna, olaryň dowamlylygyna we yzygiderliligine laýyklykda üýtgäp durýarlar.

D.Bromleý ynsan ömrüni bäş sikldan ybarat toplumda seredip geçýär:

– enäniň göwresindäki döwür;

– çagalyk;

– ýetginje,klik;

– jahyllyk;

– garrylyk.

Olaryň her birisi hem öz gezeginde birnäçe basgançaga bölünýärler. Mysal üçin, göwrelilik sikli, çaga dünýä inýänçä,

dört döwre bölünýär. Şol döwürden başlap, ösüş öz ugruny, hereketlerini we gatnaşyklaryny daşky gurşawda çalşyp durmak başarnyklary bilen, intellektiň, emosional-erk sferasynyň, meýilleriň, şahsyýetiň jemgyýetçilik subýekti hökmünde kemala gelmegi we professional ösüşi bilen häsiýetlendirilýär.

Ikinji sikl – çagalyk döwri. Bu sikl üç basgançakdan ybarat bolup: bäbeklik, mekdep ýaşyna çenli hem-de irki mekdep ýyllary döwri ýaly basgançaklara bölünýär. Bu döwür 11-13 ýaş aralygyny öz içine alýar.

Ýetginjeklik döwri. Bu döwür iki basgançakdan durýar: jynsy kämillik ýaşyna ýeten döwre (11-15 ýaş aralygy) we giçki ýaşlyk döwre (16-21 ýaş aralygy) bölünýär.

Jahyllyk sikli dört basgançakdan ybarat bolup, ol hem öz gezeginde dört basgançaga bölünýär:

1. Irki jahyllyk döwri (21-25 ýaş aralygy);
2. Orta (aram) jahyllyk döwri (26-40 ýaş aralyk döwri);
3. Giçki jahyllyk döwri (41-55 ýaş aralyk döwri);
4. Zähmet dynç alşa çykmagyň öň ýanyndaky döwri (56-65 ýaş aralyk döwri) öz içine alýar.

Garrylyk sikli. Bu sikl üç basgançaga bölünýär:

1. Işden çetleşmek döwri (66-70 ýaş aralygy);
2. Garrylyk döwri (71 we ondan aňry ýaş aralygy);
3. Keselbent garrylyk we sandan galmaklyk döwri.

Çagalyk – bu ynsan  durmuşynyň ilkinji basgançaklarynyň biri we onuň ewolýusion ösüşiniň önümi.Bu adamyň biologik tarapy bolup, onuň sosial tarapy hem bardyr. Çagalyk – bu jemgyýetiň taryhy ösüşiniň hem netijesidir.

Adamzadyň çagalygy ýokarda bellenip geçilişi ýaly, bu diňe bir ewolýusiýanyň önümi bolman, şol bir wagtyň özünde taryhy ösüşiň hem önümidir.

Ž.Ž. Piaže çaganyň doglan pursatyndan tä 15 ýaşyna ýetýänçe aralyk döwürde onuň intellektiniň kemala gelşini üç sany esasy döwre bölýär:

1. Sensomotor intellektiň döwri(0-2ýaş). Bu döwürde alty sany basgançak tapawutlandyrylýar;

2. Takyk operasiýalaryň taýýarlyk we guramaçylyk döwri(3-11ýaş).Bu döwür hem öz gezeginde iki sany döwürçä:

a) hakyda getirmegiň operasiýalarynyň kemala geliş döwri (3-7ýaş). Bu döwür hem üç döwürden ybarat bolup durýar;

b) takyk operasiýalaryň döwri (8-11ýaş).

D.B.Elkonin iş alyp barmak düşünjesine esaslanyp, çagalaryň psihiki ösüşiniň (döwürleri) periodizasiýasy hakyndaky garaýşyny öňe sürdi. Çaganyň psihiki ösüşini döwürlere bölmekde häzirki zaman psihologiýa ylmynda ölçeg ýörelgesi (prinsipi) giň ýaýrawa eýe boldy:

1. Täze dünýä inen çaganyň ösüş döwri: doglan gününden tä 1-2 aý aralyk döwri;

2. Bäbeklik döwri: bir ýaşyň içi;

3. Irki çagalyk: 2-3 ýaşynyň içi;

4. Çagalygyň mekdebe çenli döwri: 3-6 ýaş;

5. Kiçi mekdep ýaşy döwri: 6-11ýaş aralyk döwri;

6.Ýetginjeklik döwri: 11, 12-14 ýaş aralyk döwür;

7. Irki ýaşlyk: 17 ýaşa çenli döwür.

Bir ýaş basgançagyndan beýlekä geçiş döwri „çökgünlilik”döwri diýlip häsiýetlendirilýär. Munuň sebäbi bolsa, çaganyň täze talaplary bilen ony eýýäm kanagatlandyrýan köne şertleriň arasyndaky gapma-garşylyklaryň ýitileşmegi bolup durýar.

*Aň, özüňi aňmaklyk, aňlanylmaýan psihika.*

Psihikanyň funksional mazmun tarapyny „psihiki prosesler, ýagdaýlar we häsiýetler” diýen ýaly düşünjeler

alamatlandyrýarlar. Psihiki işjeňligiň dürli derejeleri aň we aňlanylmaýan psihika ýaly düşünjeler bilen beýan edilýär.

Aň – munuň özi düşünjelere, obrazlara we erk hereketlerine bölünýän, düşünilýän we başdan geçirilýän içerki hakykat hökmünde seredilýän psihiki aktdyr. Olaryň gymmaty aňyň içerki haly we gönüden-göni başdan geçirilýän aragatnaşyklaryň dagynyk täsirleri bilen şertlenendir.

Şonuň bilen birlikde, oňa içerki gurluşly hadysa hökmünde hem seredilýär.

Häzirki zaman psihologiýa ylmynda aň psihiki şöhlelenmäniň we özüňi kadalaşdyrmagyň ýokary derejesi hökmünde seredilýär. Bu bolsa, diňe jemgyýetçilik – taryhy subýekt bolan adama mahsus bolan alamatdyr.

Aňyň esasy funksiýasy bolup işi guramak we onuň netijesiniň pikir öwürmekde we olaryň netijesini göz öňüne getirmekde, şahsyýetiň özüni alyp barşyny dolandyrmak we oňa gözegçilik etmek, şahsyýetiň öz hususy ruhy durmuşynda we ony gurşap alýan dünýäde nämäniň bolup geçýändigini aňşyryp, özüne hasap berip bilmek başarnygy durýar.

Aň – bizi gurşap alýan dünýäde bar bolan ähli bilimleri özünde jemleýär. Aňyň düzümine möhüm akyl ýetirijilik prosesleri girýärler. Olaryň kömegi arkaly adam hemişe öz bilimlerini artdyrýar, baýlaşdyrýar. Şol proseslere duýmalar we kabul etmeler, ýat we göz öňüne getirmeler, pikirlenmeler we beýlekiler degişlidir.

Aň aşakdaky ýaly häsiýetlere eýedir:

– işjeňlik (ol diňe hereketde bolman, eýsem, öz hereketleriniň çeşmesine hem eýedir. Şol çeşmeler bolsa hereketiň özüni janlandyrýarlar);

– intensionallyk (predmete gönükdirilmeklik);

– refleks başarnyklary ( içerki psihiki aktlar we hallara akyl ýetirmek, özüňi görmek we özüňe baha bermek);

– döwürleýin hallar (uky we oýalyk).

Psihikanyň düzüminde-de, aňyň düzüminde-de esasy orny özüňi aňmak eýeleýär.

Özüňi aňmak – bu aňyň ýeten belli bir derejesi bolup, onda öz bilim derejäňe, duýgularyňa, talaplaryňa, edýän işiňe we hereketleriňe, özüňi alyp barşyňa göz ýetirmek we özüňe baha bermek bolup durýar.

Adamyň içki dünýäsinde bolup geçýän prosesleriň köpüsi adam tarapyndan aňlanylmaýar.

Aňlanylmaýan psihiki prosesler, hadysalar we operasiýalar psihiki durmuşyň aýratyn bir gatlagyny, gurşawyny emele getirýärler. Olar psihologiýa ylmynda aňlanylmaýan psihika diýlip düşündirilýär.

Aňlanylmazlyk ýa-da aňlanylmaýan psihika psihiki şöhlelenmäniň aýratyn alnan görnüşi bolup orta çykýar. Onda hakykatyň obrazy we subýektiň oňa bolan gatnaşygy ýörite refleksiň predmeti bolup öňe çykmaýar.

*Uky we oýalyk*

Uky – munuň özi janly bedeniň (organizmiň) onuň iýmite bolan talapy ýaly, möhüm ýaşaýyş talaplarynyň biridir.

Fiziologlaryň geçiren eksperimentlerinden görnüşi ýaly, it bir aýa golaý döwür iýmän-içmän ýaşap bilýär. Ýöne, eger-de onuň ukusyna zeper ýetirseň, onda ol 10-15 günden uzak ýaşap bilmeýär.

Adam adatdan daşary ýagdaýlara uçranda, iki aý töweregi iýmän-içmän ýaşap biler. Ukusyz bolsa, iki hepdeden uzak ýaşap bilmez. Ýöne, her bir düzgünde düzgünden çykma hadysalary bolup biler. Ol ylymyň syry bolmagynda galýar. Mysal üçin, 77 ýaşly şwed Olf Erikson 46 ýyllap uklaman ýaşapdyr. Muny alymlar medisina täsinligi diýip düşündirýärler.

Uky ýagdaýyny jikme-jik öwrenmeklik ylymda elektroensefalografiýa enjamynyň oýlanyp tapylmagy bilen,

belli bir derejede, başartdy. Elektroensefalografiýa – bu beýniniň toguny ýazga geçirýän medisina enjamy bolup, ol alymlara öwrenilýän predmet hakynda giňişleýin ylmy maglumat berip bilýär. Bu enjamyň kömegi bilen, uklap ýatan adamyň beýnisiniň biotogunyň işjeňliginiň pesligi anyklanyldy: onuň tizliginiň üýtgeýşi sekuntda 1-3 gezege deň bolup çykdy. Şol bir wagtyň özünde oýalykda ýören adamyň (tolkunlaryň üýtgeme tizligi) beýniniň biotogunyň tizligi sekuntda 8-13 gezege deň bolupdyr.

Uky haýal (rahat) we çalt (işjeň) görnüşlerden ybaratdyr.

Haýal gelen ukuda dem alyş tizligi we ýürek urgusy işjeňligini gowşadýar, pese gaçýar, myşsalary gowşaýar hem-de gözleriniň hereketi haýallaýar. Uky çuňlaşdygyça, ýatan adamyň hereketleri şonça-da azalýar. Şol pursatlarda ony oýarmak kynlaşýar.

Çalt gelen ukuda bedeniň fiziologik funksiýalary, tersine, işjeňleşýär: dem alşy we ýürek urşy çaltlaşýar, ýatan adamyň hereketleri, işjeňligi artýar, gözleriniň göreçleriniň hereketleri tizleşýär (şonuň üçin hem ukynyň bu görnüşi ,,çalt gelen uky" diýen ada eýe boldy).

Ukuda ýatan adamyň çalt-çalt hereket etmekligi onuň şol wagt düýş görýänliginden habar berýär. Eger-de şol adamy gözleriniň hereketleri togtandan 10-15 minut soň oýarsaň hem ol öz gören düýşi barada gürrüň berip biler. Haýal gelen ukuda ýatan adamy oýarsaň, däp boýunça, ol öz gören düýşüni ýadyna düşürip gürrüň berip bilmez.

Çalt gelen ukuda fiziologik funksiýalaryň işjeňligine garamazdan, beden funksiýalary şol döwürde gowşak bolýar we ukudaky adamy oýarmak kyn düşýär.

Şeýlelikde, çalt gelen uky, bir tarapdan, haýal gelen ukudan çuň bolýar. Beýleki bir tarapdan bolsa, fiziologik funksiýalaryň işjeňligi babatda, has ýüzleý bolýar.

Şonuň üçin hem ukynyň bu görnüşi paradoksal uky diýen ady aldy.

Çalt gelen uky bedeniň ýaşaýşy üçin möhüm ähmiýete eýe bolup durýar. Eger-de çalt gelen ukuda ýatan adamyň ukusyny bilgeşleýin bölüp, entäk gözleriniň hereketleri togtamazdan öň, ony oýarsaň, ukusyny näçe oňat alan hem bolsa, 5-7 gün geçensoň, onuň psihikasynda bozulmalar ýüze çykyp biler.

Adam oýa wagtynda onuň nerw sistemasynda gündelik aladalar bilen gurşalan ýagdaýda gelejek üçin möhüm bolan maglumatlar işlenilmän, şol görnüşinde onuň ýadynda mäkäm galýar.

Şol maglumatlar, esasan hem, düýşde täzeden işlenilýär. Şonuň esasynda bolsa, ýatan bedende gelejekde, ýagny oýa wagtynda edilmesi göz öňünde tutulýan, ediljek işleriň fiziologik sistemasyna hemmetaraplaýyn maksada okgunly taýýarlyk amala aşyrylýar.

**DUÝMALAR**

Duýmalar – munuň özi predmetler, hadysalar adamyň duýgy organlaryna täsir edende, olaryň aýry-aýry häsiýetleriniň beýnide şöhlelendirilmegidir.

Şöhlelenmäniň aýratynlygy onuň gönüden-gönüligi we bir pursatlylygy bilen düşündirilýär.

Analizatorlar duýmalaryň fiziologik tarapy(aspekti) bolup hyzmat edýärler.

Reseptorlar duýýan nerwleriň şahalarynyň gutaran ýerindäki mikroskopik kiçi bedenjikler her bir analizatoryň periferik bölegi bolup hyzmat edýärler. Olarda energiýanyň dürli görnüşleriniň täsirine aýratyn ýokary oýanyjylyk bardyr.

Merkeze barýan nerw süýümleri oýanmany reseptorlardan kelle beýniniň degişli zolaklaryna geçirýärler we emele gelýän gyjynmalaryň inçe analizi şol ýerde amala aşyrylýar. Uly ýarym şarlaryň gabygy analizatorlaryň beýni bölekleriniň jemidir.

## DUÝMALARYŇ KLASSIFIKASIÝASY

Duýmanyň klassifikasiýasy birnäçe esaslara görä berilýär.

Reseptorlar bilen duýmany döredýän gyjyndyryjylaryň arasynda gös-göni baglanyşygyň bardygy ýa-da ýokdugy boýunça distant(aralyk) we kontakt( galtaşmak) resepsiýalaryny tapawutlandyrýarlar. Görüş, eşidiş we ys alyş distant duýmalara we tagam, agyry we temperatura duýmalary bolsa kontakt duýmalara degişlidirler.

Reseptorlaryň bedeniň daşynda, organizmiň içinde ýa-da myşsalarda hem-de damarlarda ýerleşişi boýunça :

- ekstrosepsiýa (görüş, eşidiş, ys alyş);
- propriosepsiýa (myşsalar, damarlar arkaly duýma);
- introsepsiýa (açlygy we suwsuzlygy duýma) ýaly görnüşleri tapawutlandyrylýar.

**Duýmalaryň görnüşleri:**

*Görüş duýmalary.* Görüş apparaty bolup çylşyrymly anatomoki gurluşly duýgy organy bolan göz hyzmat edýär. Predmet tarapyndan şöhlelendirilýän ýagtylyk tolkunlary, gözüň görejiniň üstünden geçip döwülýär we şekil görnüşnde torly bardada fokusirlenýär.

*Eşidiş duýmalary.* Eşidiş duýmalary hem distant duýmalaryna degişlidir.Eşidiş nerwiniň duýujy uçlary gulagyň içki böleginde ýerleşendir (eşidiş membranaly we duýujy tüýjagazly eşidiş perdesi). Gulagyň daşky bölegi (gulak çukurjygy) ses yrgyldysyny ýygnaýar, orta gulak mehanizmi bolsa, ony eşidiş perdesine geçirýär. Eşidiş perdesiniň duýujy uçlaryny gyjyndyrmagyň esasynda rezonans prinsipi ýatýandyr.

Eşidiş duýmalarynyň üç görnüşi tapawutlandyrylýar. Olar: gepleşigi, sazy we galmagaly duýmak ýaly görnüşlerdir.

*Wibrasiýa duýmalary.* Wibrasion duýgurlyk hem eşidiş duýgurlygyna sepleşip gidýär.Olarda ýöhlelendirilýän fiziki hadysalaryň tebigaty umumydyr.

*Ys alyş duýmalary.* Ys alyş duýmalary hem distant duýmalaryna degişlidir. Ys alyş duýmasyny döredýän gyjyndyryjylar maddalaryň owunjak bölejikleri bolup, olar howa bilen burun boşlugyna düşüp, burun suwuklygyna garyşýarlar we reseptora täsir edýärler. Haýwanlaryň bir giden toparynda ys alyş – esasy distant reseptordyr: haýwanlar ysdan ugur alyp, özlerine iýmit tapýarlar ýa-da üstlerine abanýan howpdan goranýarlar. Ys alyş duýmasy tagam biliş duýmasy bilen berk baglanyşykly bolup, ol iýmitleriň hilini kesgitlemäge kömek edýär. Ys alyş organizm üçin howply howa sredasy barada habar berip, käbir ýagdaýlarda maddalaryň himiki sostawyny tapawutlandyrmaga mümkinçilik berýär.

*Tagam biliş duýmalary.* Tagam biliş duýmalary galtaşmak bilen baglanyşyklydyr. Olar duýgy organy özi bilen galtaşanda, ýüze çykýarlar. Tagam biliş gyjyndyryjylarynyň dört sany esasy häsiýetlerini tapawutlandyrýarlar. Olar: turşy, ajy, duzly, süýji.

Çak edilişine görä, şol dört syzgynyň üstüne musgul syzgysy (diliň hereketi) hem sepleşýär we şol kombinasiýadan hem tagam biliş syzgylarynyň gammasy emele döreýär

*Deri duýmalary.* Deriniň üstünde birnäçe özbaşdak analizator syzmalary bolýar. Olar taktil duýmalary bolup, sowugy-yssyny, temperaturany, agyryny kesgitlemäge ýardam edýärler.Taktil duýgurlyk endamyň ähli ýerine ýaýrandyr. Taktil reseptorlaryň has köp toplanan ýerleri eliň aýasy, barmaklaryň uçlary, maňlaý we dodaklardyr.

*Kinestezik duýmalar.* Kinestezik duýmalar diýip göwräniň we onuň aýry-aýry bölekleriniň hereketleriniň we ýagdaýlarynyň syzgylaryna aýdylýar. Kinestezik duýmalaryň reseptorlary myşsalarda we damarlarda ýerleşendir. Şol reseptorlaryň gyjyndyryjylary myşsalaryň süýnmeginiň we gysylmagynyň täsiri bilen döreýär. Kinestezik duýmalaryň netijesinde güýç,

tizlik, göwre bedenleriniň traýektoriýasy barada düşünjeler toplanýar.

*Duýmalaryň häsiýetleri.*

1. Analizatora täsir edýän gyjyndyryjylara uýgunlaşmaklygyň netijesinde duýgurlygyň üýtgemegine adaptasiýa diýilýär.

2. Biziň duýgurlygymyz üýtgemän galmaýar: ýokarlanýar (ýitileşýär) ýa-da peselýär (kütelýär). Muňa psihologiýa ylmynda duýgurlygyň üýtgeýjiligi (sensibilizasiýa) diýlip aýdylýar.

3. Bir gyjyndyryjynyň täsiri bilen hem duýma emele gelip bilýär.Muňa sinesteziýa diýilýär. Grekçe sinesteziýa (sinaistezik) – bir wagtdaky duýgy, bilelikdäki duýgy) diýmekdir. Sinesteziýa-bu psihiki hadysa bolup, duýgy organyna täsir edip, şol organa mahsus bolan duýgyny emele getirmek bilen bir wagtda, subýektiň erkine garamazdan, başga bir duýgy organyna mahsus bolan birwagtlaýyn, goşmaça duýgyny hem döretmek prosesini amala aşyrýar.

4. *Duýgy açlygy (sensornyý golod).* Duýmalaryň örän köp ýetmezçiligi netijesinde döreýär.Duýgy ýetmezçiligi netijesinde adamyň psihikasynda dürli görnüşli anomal ýagdaýlar emele gelýär: galýusinasiýa, beýni işlemezligi zerarly huşuňy ýitirmek we ş.m.

*Duýgurlyk bosagasy.* Duýma prosesine eýe bolan ukyplylyga duýgurlyk diýilýär. Onuň iki sany görnüşi tapawutlandyrylýar: absolýut we tapawuda bolan duýgurlyk.

Absolýut duýgurlyk – munuň özi sähelçe gyjyndyryjylary syzmaga bolan ukyplylykdyr.

Tapawutlanma duýgurlygy – bu gyjyndyryjylaryň arasyndaky azajyk tapawutlary duýmaga bolan ukyplylyk diýmekdir. Duýmanyň döremegi üçin gyjyndyryjynyň belli bir ululyga ýetmegi zerurdyr. Çala bildirýän duýmany döredýän gyjynmanyň minimal ululygyna duýmanyň absolýut bosagasy

diýilýär. Ululygy bosagadan aşakda durýan gyjynmalar duýmany döretmeýär.

Duýmanyň bosagasynyň ululygy näçe köp bolsa, bu gyjyndyryjylar babatynda, absolýut duýgurlyk şonça-da köpdür. Absolýut duýgurlyk duýmalaryň absolýut bosagasynyň ululygyna ters ululyk bilen häsiýetlendirilýär.

*Üns, onuň funksiýalary, fiziologik aýratynlyklary, görnüşleri we hili.*

Üns – bu aňyň belli bir obýekte gönükdirilmegi we jemlenmegi bolup, ol psihiki şöhlelenmäniň takyklygyny we aýdyňlygyny üpjün edýär.

Üns aşakdaky ýaly funksiýalary berjaý edýär:

1. Işiň talaplaryna laýyk geljek möhüm täsirleri seçmek;

2. Bäsleşige ukypsyz bolan beýleki täsirleri inkär etmek;

3. Işi we gözegçiligi kadalaşdyrmak, ýagny belli bir netije alynýança işi aýap saklamak.

Ünsüň fiziologik mehanizmi rus alymlary A.A.Uhtomskiý, I.P.Pawlow ýaly alymlar tarapyndan işlenilip düzüldi.Ünsüň fiziologik mehanizmi örän çylşyrymlydyr.

Üns nerw ulgamynyň dürli derejelerinde ýerleşýär we ähmiýeti az bolan signallary süzüp geçýär.

Ünsüň fiziologik ýagdaýyna düşünmäge I.P.Pawlowyň açan amatly (optimal) oýanyş ojagy diýip atlandyrylýan hadysasy kömek edýär.

A.A.Uhtomskiý beýniniň fiziologik işini öwrenmek bilen dominanta hakyndaky taglymaty döretdi.

Dominanta (dominaus – höküm sürýän, erk ediji diýen latyn sözlerinden gelip çykýar) ýa-da agalyk ediji oýanma ojagy adaty üýtgeýji amatly oýanma ojagyndan ýokary durnuklylygy bilen tapawutlanýar. Ol diňe bir täze oýanma ojaklaryny togtatmak

bilen çäklenmän, olaryň hasabyna güýçlenmäge, beýleki nerw merkezlerinde döreýän oýanma proseslerini özüne öwürmäge hem ukyplydyr.

*Ünsüň görnüşleri.* Psihologiýa ylmynda ünsüň üç görnüşi tapawutlandyrylýar. Olar aşakdaky ýaly yzygiderlige eýe bolup durýarlar:

*1. Ygtyýarsyz üns.*

Ygtyýarsyz üns adam tarapyndan öňünden niýetlenmezden, hiç hili tagalla edilmezden döreýän üns bolup, onuň hem öz gezeginde birnäçe sinonimleri bardyr. Meselem, passiw, emosional, niýetlenmedik üns ýaly görnüşlerine psihologik edebiýatlarda duşmak bolýar.Bu düşünjeleriň ählisi-de ygtyýarsyz ünsüň aýratynlyklaryny açmaga ýardam edýärler.

Şeýlelik bilen, ýgtyýarsyz ünsüň dowamynda obýektiň gyjyndyryjylyk aýratynlyklaryna baglylykda, aňyň şol obýekte jemlenmegi bolup geçýär.

*2. Ygtyýarly üns* psihiki işiň obýektde aňly-düşünjeli jemlenmesi bolup, ol işiň talaplary arkaly gönükdirilýär. Ygtyýarly üns wagtynda gönükdirilmek we jemlenmek diňe bir emosional taýdan ýakymly zatlar däl-de, köp derejede, hökmany, derwaýys zerur zatlarda bolup geçýär. Şonuň üçin hem, ygtyýarly ünsüň psihologik manysy iş maksatlarynyň goýluşy we ygtyýarly tagallalary bilen baglanyşyklydyr.

*3. Ygtyýardan soňky üns.* Ünsüň bu görnüşiniň ygtyýarly üns döränden soň ýüze çykýandygy termininiň özünden düşnüklidir. Ygtyýardan soňky ünsde ygtyýarly üns wagtynda jemlenmek üçin zerur bolan ygtyýarly dartgynlylyk peselýär. Şeýlelikde, ygytyýardan soňky üns obýektiň öz ähmiýetine laýyklykda, şahsyýetiň aňynda jemlenmegidir.

*Ünsüň häsiýetleri.* Ünsüň häsiýetlerine şu aşakdakylary degişli edip bolar:

1. Ünsüň göwrümi;

2. Ünsüň paýlanmagy;

3. Ünsüň durnuklylygy we onuň başga zada geçmegi.

*Ünsüň göwrümi.* Ünsüň göwrümi iňňän çäkli wagtda onuň öz içine alyp biljek obýektleriniň mukdary bilen ölçelýär.

*Ünsüň paýlanmagy.* Ünsüň paýlanmagy islendik iş edýän adamyň üns merkezinde bir wagtda birnäçe obýekti saklap bilmeginde aňlanylýar. Ünsi paýlamagy başarmak bir işi ünsüň merkezinde saklap, şol bir wagtyň özünde ünsi başga işe hem gönükdirmek, ýagny ony aňyň merkeziniň golaýynda saklamagy başarmak diýmekdir.

*Ünsüň durnuklylygy.* Ünsüň durnuklylylygy onuň köp wagtlap obýekde jemlenmeginde ýüze çykýar. Ünsüň bu aýratynlygy birnäçe sebäplere: nerw prosesleriniň güýjüne, işiň häsiýetine, işe bolan garaýşa, endige bagly bolup durýar.

Durnuklylyga bolan häsiýet ünsüň sowulmagy bolup, ol ünsüň üýtgäp durmagynda ýüze çykýar. Ünsüň bir obýektden başga bir obýekte aňly we manyly ornuny üýtgetmegine ünsüň başga zada geçmegi diýilýär.

*Ýat, ýadyň prosesleri, häsiýetli aýratynlyklary we görnüşleri.*

Ýat – bu durmuş hadysalaryny we şahsyýetiň işini ýatda galdyrmak, ýatda saklamak we gaýtadan dikeltmekdir. Adamyň ýady onuň psihiki durmuşynyň esasydyr.

Ýat örän çylşyrymly psihiki prosesleriň toplumyny özünde jemläp, adam ony aktiw ele almak bilen, peýdaly informasiýa almagy we aňynda saklamagy, zerur bolan halatlarda bolsa, ýene ony ýadyna düşürmegi amala aşyrýar.

*Ýadyň esasy prosesleri.*

*Ýatda saklamak.* Ýatda saklamak prosesi üç formada bolup geçýär:

1. Ýatda galdyrmak;

2. Ygtyýarly ýatda galdyrmak;

3. Ygtyýarsyz ýatda galdyrmak.

Ýatda galdyrmak materialyň birnäçe sekuntlap bir gezek görkezilmegi netijesinde, wakanyň gysga we uzak wagtlaýyn ýatda pugta we dogry saklanyp galmagydyr.

Adamyň ýatda saklamagynyň esasy formasy ygtyýarly ýatda saklamakdyr. Ol zähmet çekmek, adamlaryň aragatnaşyk saklamagy netijesinde döräp, zähmet çekmek üçin zerur bolan bilimleri, endikleri ýatda saklamak, ýerine ýetirmek zerurlygyndan gelip çykýar.

Ygtyýarsyz ýatda saklamak bolsa, wakalaryň birnäçe sekuntlap bir gezek görkezilmegi netijesinde, olaryň ýatda galmagydyr. Ygtyýarsyz ýatda saklamak hemişe bolup durýan, gaýtalanýan wakalary şöhlelendirýär.

Ýat tutmak – munuň özi haýsydyr bir materialy ýatda saklamak maksady bilen ýatda galdyrmakdyr. Ýat tutmak ýörite miýemiki iş bolup, ol şahsyýetiň maksatlary we meýilleri bilen bagly zatlaryň aňda saklanyp galmagyna gönükdirilendir. Ýatda saklanylýan materialdaky baglanyşyklar häsiýetine laýyklykda, mehaniki we many boýunça ýatda saklamalara bölünýärler.

*Ýadyň aýratynlyklary.*

Ýatda saklamak haýsydyr bir materialy ýada düşürmek üçin zerur bolan gaýtalamalaryň sany bilen ölçelip bilner. Ýatdan çykarmak ýat tutmak pursatlaryndan ýatdan çykarmaga çenli geçen wagt bilen ölçelýär. Şu parametrler boýunça ýadyň aşakdaky ýaly tipiki aýratynlyklary duş gelýär:

*1. Çalt ýatda saklamak we çalt ýatdan çykarmak.* Bu ýerde materialyň öz wagtynda gaýtalanmagyny guramak zerurdyr.

*2. Haýal ýatda saklamak we haýal ýatdan çykarmak.* Bu ýagdaýda gysgajyk bölekleri yzygiderli ýat tutmaklyga üns bermeli.

*3. Çalt ýatda saklamak we haýal ýatdan çykarmak.* Bu ýat prosesleriniň aýratynlyklarynyň iň amatly sazlaşygydyr.

*4. Haýal ýatda saklamak we çalt ýatdan çykarmak.* Bu ýat prosesleriniň aýratynlyklarynyň arasynda iň amatsyz utgaşmasydyr.

*Ýadyň görnüşleri.*

Ýatda saklanylýan materialyň tipine laýyklykda, ýadyň aşakdaky ýaly görnüşleri tapawutlandyrylýar:

1. Hereketli ýat, ýagny hereket bilen bagly bolup geçýän operasiýalaryň ulgamyny ýadyňa salmak we olary ýaňadan ýatlamak başarnygy (maşyn sürmek, saçyňy örmek, galstuk daňmak we ş.m.);

2. Obrazly ýat biziň kabul etmelerimiziň bazasyndaky maglumatlary ýatda saklamaklygy we olary gelejekde ulanmaklygy göz öňüne getirýär. Ol (kabul ediş analizatoryna baglylykda) eşidiş, görüş, ys alyş, syzyş, tagam biliş ýaly görnüşlerde bolup biler;

3. Emosional ýat – bu biziň başdan geçiren duýgularymyzy, emosional ýagdaýlarymyzyň aýratynlyklaryny suratlandyrýar.

4. Ýadyň ýokary görnüşi diňe adama mahsus bolup, bu werbal (söz-logiki, semantiki) ýatdyr.

Werbal ýadyň kömegi bilen, esasan, pikirleniş hereketleriniň we operasiýalaryň köpüsi (sanamak, okamak we ş.m.) amala aşyrylýar, adam intellektiniň maglumatlar bazasy emele gelýär.

Maglumatlaryň saklanyşy (goralyşy), ýatdan edilýän esasy talaplar: maglumatlary ygtybarly, uzak möhletli we ýitgisiz saklamak bolup durýar.

Ýadyň birnäçe derejesi tapawutlandyrylýar (möhletiniň uzaklygy, gysgalygy boýunça):

– sensor (gönüden-göni) tipli ýat. Bu tipli ýatda maglumat 0,1-05s.saklanylýar.

– gysga wagtlaýyn ýat-şu pursatda bolup geçýän problemalary çözmek üçin gerek bolan wagtdyr.

– uzak wagtlaýyn ýat maglumatlary saklamaklygyň göwrümi we uzaklygyndan ybaratdyr. Bu tipli ýat uzak döwri göz öňünde tutýar.

– aralyk tipli ýat maglumatlary ýatda saklamaklygyň birnäçe sagadyň dowamynda bolup geçjekliginden habar berýär.

– operatiw ýat – bu belli bir işiň çalt ýerine ýetirilmegini göz öňünde tutýar.

*Pikirlenme.*

*Pikirlenmäniň operasiýalary, onuň görnüşleri we dil bilen baglanyşygy.*

Pikirlenme-munuň özi dil bilen aýrylmaz baglanyşykly aýry-aýry ýagdaýlar, hadysalar hakynda düýpli täzelik açmagyň we agtarmagyň, düşünjeleri jemlemegiň prosesi bolup, onuň netijesinde barlyk (hakykat) analiziň we sinteziň esasynda aralaşdyrylan usulda şöhlelendirilýär.

Pikirlenme hakykaty şöhlelendirmegiň ýokary formasydyr. Pikirlenmäniň esasy operasiýalaryna analiz, sintez, deňeşdirme, abstraktlaşdyrma, umumylaşdyrma, klassifikasiýalaşdyrma, sistemalaşdyrma ýaly düşünjeler degişlidir. Bu opersiýalaryň her biri akyl ýetiriş prosesinde belli bir funksiýany ýerine ýetirýärler we beýleki operasiýalar bilen çylşyrymly arabaglanyşykda bolýarlar.

Analiziň funksiýasy tutuş zady böleklere bölüp, onuň aýry-aýry alamatlaryny, taraplaryny tapawutlandyrmakdan ybaratdyr.

Sintez analiziň prosesinde ýüze çykarylan aýry-aýry elementleri birleşdirmek, olaryň arabaglanyşygyny tapmak üçin serişde bolup hyzmat edýär.

Deňeşdirmäniň kömegi bilen aýry-aýry obýektleriň meňzeşligi we tapawudy ýüze çykarylýar.

Abstraktlaşdyrma bir alamatlary beýlekilerden tapawutlandyrmagy we olardan ünsi sowmagy üpjün edýär.

Umumylaşdyrma predmetleri we hadysalary, olaryň esasy alamatlary we häsiýetleri boýunça birleşdirmegiň serişdesidir.

Klassifikasiýalaşdyrma obýektleri haýsydyr bir esasa görä, böleklere, toparlara bölmäge we soňra birleşdirmäge gönükdirilendir.

Sistemalaşdyrma, klassifikasiýalaşdyrmadaky ýaly, aýry-aýry obýektleri däl-de, olaryň toparlaryny, klaslaryny bölmegi we soňra olary birleşdirmegi üpjün edýär.

Düşünje – bu pikiriň formasy bolup, obýektiň umumy we möhüm alamatlaryny aňladýar. Dil belli bir mana eýe bolan belgileriň ulgamydyr. Söz bolsa pikirlenmäniň material örtügidir.

*Pikirlenmäniň görnüşleri.*

Çözülýän ýumşuň mazmunyna baglylykda, psihologiýada pikirlenmäniň üç görnüşi tapawutlandyrylýar. Olar:

1. Aýdyň-hereket;
2. Aýdyň-obraz;
3. Söz-logiki görnüşleridir.

*Aýdyň-hereket pikirlenmesi.* Bu ýerde pikirlenme ýumşuň gös-göni iş prosesinde çözülýänligi bilen häsiýetlendirilýär. Aýdyň-hereket pikirlenmesi taryhy we ontogenetik taýdan adamyň pikirlenmesiniň has irki görnüşidir.

*Aýdyň-obrazly pikirlenme.* Bu ýerde pikirlenme ýumşuň mazmunynyň obrazly materiala esaslanýanlygy bilen tapawutlanýar.

*Söz-logiki pikirlenme.* Pikirlenmäniň bu görnüşiniň aýratynlyklary bu ýerde ýumşuň sözleýiş (werbal) formasynda çözülýänliginden ybaratdyr.

**Akylyň hili.**

Akylyň hili, ozaly bilen, pikirlenmäniň dürli görnüşleriniň sazlaşygynyň aýratynlyklary we ösüş derejesi bilen baglanyşyklydyr.

Psihologiýada, köplenç, akylyň hili onuň çuňlugy, giňligi, çeýeligi, tankydylygy, özbaşdaklygy ýaly taraplary bilen ölçelýär.

*Göz öňüne getirme we onuň görnüşleri*

Göz öňüne getirme – munuň özi, birinjiden, predmetiň jemlenen obrazydyr, adamyň dünýä duýgy arkaly akyl ýetirmesiniň jemidir. Ikinjiden, göz öňüne getirme dünýäni dil arkaly şöhlelendirmegiň zerur bolan mazmun komponentidir. Baý duýgy tejribesine esaslanmazdan, diliň ösüşi öňe gidip bilmez. Üçünjiden, göz öňüne getirme duýmadan pikirlenmä geçmegiň derejesidir. Duýmanyň we logika laýyklygyň dialektikasy göz öňüne getirmäni takyklykdan abstraktlyga geçmegiň zwenosy hökmünde öz içine alýar.

Netijede, göz öňüne getirme – munuň özi häzirki pursatda duýgy organlaryna täsir etmeýän predmetiň ýa-da hadysanyň obrazydyr.

Göz öňüne getirmäniň obrazyny duýmanyň we kabul etmäniň obrazlary bilen deňeşdirip, ony ýatda saklanyp galan predmetiň ýa-da hadysanyň ikinji obrazydyr diýip aýtmak bolar.

*Göz öňüne getirmäniň görnüşleri.*

Daşky dünýäde bolup geçýän hakykatyň obrazda jemlenme derejesi boýunça göz öňüne getirmäniň ýekeleýin we umumy görnüşleri tapawutlandyrylýar.

Ýekeleýin göz öňüne getirme – bu bir anyk predmeti ýa-da hadysany göz öňüne getirmekdir. Ol real predmetiň ýa-da sungat eseriniň kabul etmesi esasynda ýüze çykyp biler.

Umumy göz öňüne getirmeler – bu meňzeş predmetler toparynyň umumy häsiýetleri barada göz öňüne getirmedir.

Göz öňüne getirmeleriň gymmaty onuň pikirlenme üçin maglumatlaryň düýbünden ýok ýerinde hem ýüze çykan

meseläni çözmekde we belli bir netijä gelmekde uly mümkinçilik berýänliginden ybaratdyr.

Göz öňüne getirmeleriň ýokarda belläp geçen görnüşlerimizden başga-da görnüşleri bardyr.

*Ýaňadan dörän göz öňüne getirmeler.*

Göz öňüne getirmäniň bu görnüşi ylmy-tehniki we çeperçilik önümleriniň original önümlerinde öz beýanyny tapýar. Netijede bolsa, özbaşdak, täze obrazlaryň döredilmesi göz öňünde tutulýar.

Arzuw – bu döredijilikli göz öňüne getirmäniň esasy görnüşidir. Ol entäk durmuşa geçmedik islegleriň görnüşidir.

Ökünç – bu başa barmadyk islegiň göz öňüne getirilmesidir.

**INTELLEKT, ONUŇ GURLUŞY.**

Dürli görnüşli meseleleri üstünlikli çözmekligi üpjün edýän akyl başarnyklarynyň umumy jemine intellekt diýilýär.

*Adam, indiwid, indiwiduallyk we şahsyýet.*

Adam ozaly bilen, süýt emdirijiler klasyna degişli mahlukdyr, ýagny, homo sapiýens – pähimli biologik jandardyr. Bu görnüşiň haýwanlardan tapawudy, onuň aňly-düşünjeli, daşky dünýä we hut özüne akyl ýetirip bilýän, şoňa laýyklykda, parasatly hereketlere ukyplylygyndan ybaratdyr.

Indiwid – bu adamzat nesliniň ýekelikde alnan, onuň ähli psihofiziki we sosial alamatlaryny göteriji bolan wekildir.

Indiwid aşakdaky alamatlary özünde jemleýär:

1. Bitewilik alamaty. Bu alamat indiwidiň amala aşyrýan gatnaşyklarynda durmuşa geçirýän köp görnüşli funksiýalarynyň we mehanizmleriniň gatnaşyklarynyň häsiýetiniň ulgamyny aňladýar.

2. Durnuklylyk alamaty. Indiwidiň hakykata bolan esasy gatnaşyklarynyň durnuklylygyny kesgitleýär. Şol bir wagtyň özünde bolsa çeýe, üýtgäp durýan, dürli ugurly pursatlaryň hem barlygyny nygtap geçýär.

3. Aktiwlik (işjeňlik) alamaty. Bu alamat aktiwligiň pursata bolan baglylygyny aradan aýyrmaklyk hem-de öz-özünden üýtgemäge bolan başarnygynyň bardygyny nygtaýar.

Indiwid diýip doglanyna ýaňy iki aý bolan çaga-da aýdyp bolar, derejesi boýunça ýabany adama-da, ösen döwletiň sowatly wekiline-de aýdyp bolar. Şol bir wagtyň özünde bolsa, fiziopsihologik faktorlaryň hereketlerini hem aradan aýryp bolmaz: ýaş aýratynlyklary, jynsy, temperamenti, başarnyklary we ş.m.

Indiwiduallyk – bu şahsyýetiň özboluşlylygynyň derejesidir. Indiwiduallyk şahsyýetden uly ýa-da ondan ýokardaky bir zat däldir. Indiwiduallyk hakynda gürrüň edilende, köplenç, onuň originallygy göz öňünde tutulýar.

Indiwiduallyk şahsyýetiň ony başga adamlardan tapawutlandyrýan haýsydyr bir esasy aýratynlygyny aňladýar. Her bir adam indiwidualdyr, ýöne käbir adamlaryň indiwiduallygy has aýdyň, ýiti ýüze çykyp, käbirleriniňki bolsa, çala göze ilýär.

Şahsyýet – bu jemgyýetçilik ösüşiniň subýekti bolup, ol belli bir orny eýeleýän we jemgyýetçilik roly ýerine ýetirýän aňly-düşünjeli indiwiddir. Şahsyýetiň pozisiýasy onuň gatnaşyklarynyň sistemasyndan ybaratdyr.

Başgaça aýdylanda, şahsyýet bu (belli bir derejede jemgyýetden özbaşdak) özbaşdak özüni dolandyryp bilýän, her bir zada aňly-düşünjeli garaýan, aktiw durmuş pozisiýasy, garaýşy bolan adamdyr.

Psihologlaryň ählisi, biragyzdan, şahsyýeti örän çylşyrymly, içerki gurluşly emele gelme diýen netijä gelýärler. Ýöne olar şahsyýeti emele getirýän elementleriň düzümi boýunça, dürli pozisiýalarda durýarlar. Şahsyýetiň içerki gurluşy onuň, ýagny şahsyýet diýen düşünjäniň düşündirilişine bagly bolup durýar.

Käbir psihologlar şahsyýete biososial jandar hökmünde garaýarlar hem-de onda iki sany düzümiň bardygyny nygtaýarlar:

*1. Endopsihika.* Endopsihika biologik, tebigy esasly bolup, şahsyýetiň podstrukturasy hökmünde psihiki elementleriň we funksiýalaryň içerki özara gatnaşygyny aňladýar. Ol adamyň şahsyýetiniň mehanizmi hökmünde aňladylýar. Bu bolsa, öz gezeginde, bolup geçýän nerw-psihiki täsirleriň netijesidir. Endopsihikanyň düzümine şahsyýetiň kabul edijilik, ýadyň, pikirlenmäniň, göz öňüne getirmeleriň aýratynlyklary, emosional-erk tagallalary we hyjuwlylyk girýär.

*2. Ekzopsihika.* Ekzopsihika sosial faktorlar tarapyndan kesgitlenýär we adamyň daşky gurşawa bolan gatnaşygyny şertlendirýär. Ekzopsihika adamyň tejribesini we gatnaşyklar ulgamyny özünde jemleýär. Bu gatnaşyk ulgamyna şahsyýetiň gyzyklanmalary (islegleri), ynamlary, ideýalary, bilimi degişlidir.

Rus psihology A.W. Petrowskiý (1924) şahsyýetiň gurluşyna bolan garaýşyny beýan etdi we oňa öz ylmy garaýyşlarynyň nukdaýnazaryndan kesgitleme berdi. Onuň gelen netijesine görä, adam sosial düşünjedir. Onuň bu düşünjesine salgylansak, adamda adatdan daşary duýgurlyk häsiýeti bardyr.

Şol pozisiýa laýyklykda şahsyýetiň gurluşynyň üç podsistemasy bardyr:

Birinji podsistema indiwidiň hususy ýaşaýyş durmuşy bilen baglanyşykly bolup durýanlygyny häsiýetlendirýär. Muňa intraindiwidual podsistema diýilýär.

Ikinji podsistema indiwidiň şahsyýetara gatnaşyklarynda bolup durýanlygyny häsiýetlendirýär. Muňa interindiwidual podsistema diýilýär.

Üçünji podsistema indiwidiň başgalar bilen gatnaşyklarda bolup durýanlygyny häsiýetlendirýär. Muňa nadindiwidual podsistema diýilýär.

Awstriýa-Amerikan psihoanalitigi Zigmund Freýd (1856-1939) şahsyýetiň gurluşynda üç sany esasy psihologik aspekti görýär:

1.,,Ol" (Id).

2.,,Men" (Ego).

3.,,Aşa-men" (Superego).

,,Ol" şahsyýetiň aňlanylmaýan ýerli düzüm bölegini aňlatmak bilen, onuň hökmany suratda çalt kanagatlanmaklyga gönükdirilen ýönekeý, instinktiw isleglerini, meýillerini göz öňünde tutýar.

,,Men'' hem şahsyýetiň gurluşynyň düzüm bölegi bolmak bilen, ol onuň aňy bilen baglanyşykly düşünjedir, şeýle ýagdaýda şahsyýet daşarky dünýä bilen baglanyşykly hereket edýär, özüniň gatnaşyklaryny dolandyrýar we kabul edilen kararlar üçin jogapkärçilik çekýär. ,,Ol''-dan tapawutlylykda, ,,Men" hakykatyň esas alnan ugruna (prinsipine) tabyn bolup durýar.

,,Aşa-men" hem şahsyýetiň gurluşynyň düzüm bölegi bolup, indiwidiň özleşdiren möhüm jemgyýetçilik kararlarynyň we standartlaşdyrylan häsiýetleriniň esasynda hereket edýär.

Freýd ,,Aşa-meni" şahsyýetiň içerki gözegçisi, tankytçysy, ahlak taýdan özüňi çäklendirmegiň çeşmesi diýip düşündirýär.

## SOSIAL STATUS WE SOSIAL ROL

Belli bir şertlerde, jemgyýetiň işläp düzen programmasyna laýyklykda, edýän hereketlerine psihologiýada adamyň sosial roly diýilýär. Bu programma indiwidiň sosial statusyna laýyklykda kesgitlenýär. Her bir indiwid ýaşaýşyň dowamunda beýleki indiwidler bilen özara baglanyşykda bolýar.

Jemgyýetde adamlaryň özlerini alyp baryşlary olaryň gatnaşyklary we özara hereketleri, köp babatda sosial toparlardaky we jemgyýetdäki eýeleýän ýagdaýlary (pozisiýalary) bilen ölçelýär.

*Sosial status.*

Indiwidiň jemgyýetde ýa-da sosial toparda eýeleýän belli bir pozisiýasyna onuň sosial statusy diýilýär. Onuň eýeleýän şol pozisiýasy hukuk we borç ulgamynyň beýleki pozisiýalary bilen hem berk baglanyşykly bolup durýar.

Adamyň sosial toparda berjaý etmeli funksiýalary, şeýle hem şol funksiýalary berjaý etmek üçin döredilen şertler, onuň eýeleýän sosial statusynda hasaba alynýar.

,,Sosial status" diýen düşünje şahsyýetiň jemgyýetçilik gatnaşyklary ulgamynda tutýan ornuny, onuň durmuşyň dürli sferasyndaky işini we jemgyýetiň onuň alyp batýan işlerine berýän bahasyny alamatlandyrýar.

Sosial status indiwidiň araýan içerki pozisiýasyny şöhlelendirýär, ýagny onuň gymmatlyklaryndan, gönükdirilmelerinden ugur alýar. Bu ýerde ýene-de bir zat anyklanylmalydyr, ýagny adamyň hukuklary we borçlary absolýut derejede onuň üstüne ýüklenenok. Ol beýleki adamlaryň hukuklarynyň we borçlarynyň oňa degişliligi bilen baglanyşykly göz öňüne getirilýär.

Adamyň statusynyň pozisiýasy iki hili bolýar:

1. Sosial-toparlaýyn;
2. Şahsy.

Sosial-toparlaýyn pozisiýa ullakan sosial toparlaryň (jynsy, milleti, gatlagy, dini, hünäri we ş.m.) wekili hökmünde indiwidiň jemgyýetde eýeleýän ornuny, ýagdaýyny göz öňünde tutýar. Bu status şol ýa-da beýleki sosial toparyň jemgyýetde tutýan ornuna bagly bolup durýar.

Indiwidiň kiçi topardaky (maşgalada, talyp toparynda, formal däl toparlar) statusyna şahsy status diýilýär.

*Şahsyýetiň ,,Men" konsepsiýasy, özüne berýän bahasy.*

Bu şahsyýetiň azda-kände özi baradaky aňlanylýan hereketleriniň, pikirleriniň ulgamy bolup, şolaryň esasynda

özüne baha berýär hem-de beýlekiler bilen özara gatnaşygyny ýola goýýar. Şahşyýetiň fenomeni hakyndaky bu teoriýany amerikan psihology I.Rojers (1902-1987) işläp düzdi.

„Men” konsepsiýasy guramaçylykly, dowamly, konsertrirlenen geştalt hökmünde kesgitlenýär. „Men” ýa-da „Meniň” kabul etmeleriniň häsiýetinden we olaryň kabul etmeleriniň durmuşyň dürli ugurlaryndaky özara gatnaşyklaryndan, şeýle hem, şol kabul etmeleriň gymmatyndan ybarat bolup durýar.

Psihologiýada „Men”konsepsiýasynyň iki görnüşi tapawutlandyrylýar:

1. Real (hakyky);
2. Ideal (bolmalysy).

Real „Men” konsepsiýada esasy zat onuň özi hakynda düşünje bermegi, öz mümkinçiliklerine düşünmegi, özüniň kimligini aňlamagy bolup durýar.

Ideal „Men” konsepsiýada esasy zat onuň özünde entäk ýok, ýöne bolmagy islenilýän alamatlaryň, häsiýetleriň, başarnyklaryň hakydada hasaba alynmagydyr. Bu konsepsiýa indiwidiň özüniň ýetilmesi göz öňüne getirilýän, maksat edinýän taraplaryny aňladýar.

„Men” konsepsiýanyň barabarlyk derejesi şahsyýetiň özüne berýän bahasy bilen baglydyr, ýagny şahsyýetiň özüne beren bahasy onuň öz mümkinçiliklerine, beýleki adamlaryň arasynda özüniň ornuna, hil aýratynlygyna berýän bahasydyr, öz-özüne baha berip bilmegidir.

Özüňe baha bermeklik şahsyýetiň gündelik işine, onuň gelejekki ösüşlerine uly täsir edýär. Işiň sosial tarapy, ýagny sosial özara täsirler özüňe baha bermegiň nokady (esasy) bolup durýar.

Özüňe baha beriş işinde, ony kämilleşdirmekde indiwid haýsydyr bir referent topara salgylanýar, ondan ugur alýar.

Referent topar durmuşy ýa-a göz öňüne getirilýän sosial topar bolup, indiwid şol toparyň kadalaryny, düşünjelerini, gymmatlyklaryny, ýörelgelerini we berýän bahalaryny özi üçin etalon hökmünde kabul edip alýar. Özüniň gündelik işlerinde, hereketlerinde we beýleki psihiki işlerinde olardan ugur alýar.

Referent topar öz gezeginde iki toparça bölünýär:

1. Bar bolan (hakykatda) referent toparça,
2. Ideal referent toparça.

Bar bolan referent topar indiwidiň öz real gatnaşyklaryny ýola goýan toparydyr. Ol bu topar we onuň agzalary bilen özüniň gündelik iş-aladalary boýunça hyzmatdaşlygyň dürli görnüşlerini amala aşyrýar.

Ideal referent topar bolsa, kadalary, düzgünleri, gymmatlyklary we baha beriş ülňülerini özünde jemleýän topar bolup, indiwid özüniň gatnaşýan ähli psihiki işlerinde olara salgylanýar we olardan görelde alýar, işlerini şoňa laýyk gurnaýar. Ýöne onuň özi bu topara girmeýär.

Ideal referent topar durmuşy topar hem-de göz öňüne getirilýän topar bolup biler. Göz öňüne getirilýän ideal topar indiwidiň durmuşyndaky möhüm isleglerini kesgitleýär.

Emele gelen ýagdaýda, indiwidiň özüne beren bahasynda, barabarlyk hem bolup biler, özüne aşa ýokary baha bermekligem, kembaha garamaklygam bolup biler.

**Şahsyýetiň sosiallaşdyrylyşy**

Bu bir proses bolup, şol prosesiň dowamynda şahsyýetde onuň ýaşaýan gurşawyna uýgunlaşmak bolup geçýär. Şol ýa-da beýleki bir sosial sredada ýaşaýan döwründe indiwidiň „Men”konsepsiýasy kemala gelýär. Şol kemala geliş prosesiniň dowamynda şahsyýet tarapyndan onuň düşen, ýaşaýan jemgyýetiniň nusgawy sosial gymmatlyklarynyň kadalarynyň, düzgünleriniň, häsiýetleriniň özleşdirilişi bolup geçýär. Bu

psihiki we sosial aktlar bolsa, şahsyýete şol jemgyýetde özüni oňaýly duýmaga amatly şertleri döredýär.

Şahsyýetiň sosiallaşmagynyň üstünlikli ýola goýulmagyny D.Smelzer aşakdaky üç faktoryň üsti bilen amala aşyryp bolar diýen pikiri orta atýar:

– garaşmak,

– hereketleri, häsiýetleri we

– ymtylyşlary garaşmaklyga laýyk ýola goýmaklyk.

D.Smelzeriň pikirine görä şahsyýetiň kemala geliş prosesi üç tapgyrda bolup geçýär:

1. Çagalaryň ulularyň hereketlerine, özlerini alyp baryşlaryna meňzemekleri, olary gaýtalamaklygy;

2. Oýun tapgyry.Bu tapgyrda çagalar ulularyň özlerini alyp baryşlaryny, häsiýetlerini olaryň roluna girip aňlaýarlar;

3. Toparlaýyn oýunlaryň tapgyry. Bu tapgyrda çagalar tutuş toparyň özlerinden nämelere garaşýandygyny öwrenip, oňa göz ýetirip ugraýarlar, düşünjeleri artýar.

Adamyň sosiallaşmagy onuň ömrüniň bütin dowamynda bolup geçýär. Ýöne bu uýgunlaşma çagalaryňkydan tapawutlylykda (P.Garold) proses hökmünde garalyp, onuň dowamynda çagalara mahsus bolan (awtoritetiň aýdan-diýeniniň hökmanylygy ýa-da biziň aýdanlarymyzyň beýlekiler üçin hem kanunylygy ýaly pursatlar) miflerden daşlaşylmagy bolup geçýär.

Amerikan psihology Ç.Kuliniň indiwidiň „Men” pozisiýasyny beýlekileriň „Men”-i bilen gatnaşykda goýup öwrenmegi, ösdürmegi, bu babatda birgiden gerekli maglumatlary berdi.

Indiwidiň öz „Men”-ine ýuwaş-ýuwaşdan düşünmegi onuň „Men”-iniň beýlekileriňkiden tapawutlanýandygyny görkezdi.

Köp sanly barlaglaryň geçirilmegi netijesinde, „Men” konsepsiýasynyň kemala gelmegi köp-köp garşylyklaryň we

çylşyrymly ýagdaýlaryň üstünden uzak ýoly geçýär. Şeýle hem ol beýleki şahsyýetleriň gatnaşmagynda, ýagny sosial gurşawda geçýär. Sebäbi, şol gatnaşyklarda onuň esasy taraplary aýdyňlaşdyrylýar.

Ç.Kuliniň pikirine görä, her bir adam özüniň ,,Men”-ini beýleki adamlar bilen bolan gatnaşyklarynda kabul edýän hereketlerinden ugur alyp gurýar. Mysal üçin, haýsydyr bir gyza onuň ata-enesi we ony gurşap alýan beýleki adamlar hemişe onuň oňatlygyny we gözelligini aýdyp, duýduryp dursalar, ol dogrudan hem, hemişe özüni oňat we owadan gyz hökmünde alyp barmaklyga çalşar. Ol şeýle hem bolar, beýlekilere hem şeýle ýaly bolup görüner. Ol hemişe hem özüniň hereketlerini, durkuny göze görkezer.

Emma, gözel, owadan bir gyza ýaşlykdan: ,,Sen betnyşan ördejik ýaly, owadan hem däl, häsiýetiň ýaman” diýip dursaň, gaýtalap dursaň, ol öz tebigy gözelligini duýmaz, hereketlerinde we pikirlerinde hem şeýle ýagdaýlara ýol berer.

,,Sosial aýna” hemişe bolupdy, hemişe bar we hemişe-de biziň öňümizde üýtgäp durýar. Bu üýtgemeler, esasan hem, haçan-da indiwid çaga wagtlarynda öz başarnyklaryna salgylananda, özüni gurşaýan, özüniň töweregindäkileriň pikirine eýeren wagtlarynda göze görünýär.

Soňra şol çaga ulalansoň, hünärmenleriň, bilermenleriň pikirine eýerip, öz başarnyklaryndan ugur alýar.

Şonuň üçin, kämillik ýaşyna ýetende, şahsyýet her bir işden oňat baş çykarýan bilermenleriň bahasy esasynda ,,Men” sosial obrazyny döretmäge girişýär.

*Temperament, onuň görnüşleri.*

Temperament – bu adamyň psihiki proseslериniň we häsiýetleriniň dinamiki yzygiderliginde ösüşini kesgitleýän onuň indiwidual aýratynlyklarydyr.

Temperament şahsyýetiň dinamiki ösüşini häsiýetlendirýär, onuň psihiki häsiýetlerini bezeýär, ýüze çykarýar. Ol emosiýalaryň we pikirlenmeleriň erkli hereketleriniň geçişine, sözleýşiň depginine we ritmine täsir edýär.Şol bir wagtyň özünde temperament şahsyýetiň gönükdirilmesine, sosial ýörelgelerine bagly däldir.Ýokary nerw sistemasynyň tipleri adamdaky dürli temperamentlere baglylykda ýüze çykýarlar. Ýokary nerw işiniň dört tipine dört temperament gabat gelýär:

1. Güýçli, deňagramsyz, çalt tip. Nerw işiniň bu tipi oýanma prosesiniň güýçlüligi we togtama prosesiniň bolsa, ondan pesligi bilen häsiýetlendirilýär (holerik temperamenti).

2. Güýçli, deňagramly, çalt tip. Oýanma prosesi togtama prosesi bilen deň bolýar (sangwinnik temperamenti).

3. Güýçli, deňagramly, haýal tip (flegmatik temperamenti).

4. Gowşak tip.Bu oýanma we togtama prosesleriniň gowşaklygy, nerw prosesleriniň çaltlygynyň pesligi bilen häsiýetlendirilýär (melanholik temperamenti).

Nerw prosesleriniň esasy hereketlerine onuň güýji, deňagramlylygy, çaltlygy degişlidir.

Nerw prosesiniň güýji nerw öýjükleriniň we tutuş nerw sistemasynyň iş ukybynyň görkezijisidir.

Deňagramlylyk oýanma we togtama prosesleriniň belli bir kesgitli balansydyr. Bu prosesleri nerw işiniň güýji bilen deňagramly, deňagramsyz ýa-da biriniň beýlekisinden güýçli bolmagy bilen tapawutlandyrmak bolar.

Güýçli tipler öz nobatynda deňagramly ýa-da deňagramsyz ýaly görnüşlere bölünýärler.

**GYLYK HAKYNDA DÜŞÜNJE**

Gylyk – bu psihiki işiň gurluşynyň özboluşlylygy bilen, ol şahsyýetiň sosial özüni alyp barşynyň aýratynlyklarynda , adamlara, işe, öz-özüňe bolan gatnaşyklarda ýüze çykýar.

Gylyk şahsyýetiň durnukly indiwidual aýratynlyklarynyň toplumy bolup, ol onuň gatnaşyklarynyň we olara laýyk bolan özüňi alyp barşyň birliginden durýar.

*Gylygyň tipleri hakynda E.Kreçmeriň taglymaty.*

E.Kreçmeriň taglymatyna laýyklykda, beden gurluşy we konstitusiýasy aýry-aýry bolan üç tip adam bar:

1. Astenik;
2. Atletik;
3. Piknik.

Kreçmer olaryň her birini adam häsiýetleriniň tipleri bilen baglanyşdyrýar.

*Astenik tip.* Orta we ortadan uzyn boýly, bedeni uly bolmadyk galyňlykly adam şeýle häsiýetlendirilýär. Adatça, uzyn hortaň adam, özüniň aýratynlygyna görä, öz bolmalysyndan uzyn görünýär. Astenigiň derisiniň we ýüzüniň derisi ýuka bolýar. Eginleri kiçi, elleri inçe görünýär. Döş kletkalary göni, myşsalary gowşak ösen bolýar.

*Atletik tip.* Muňa örän güýçli ösen muskully we süňkli adam degişlidir. Atletikleriň boýy orta we uzyn , eginlek, döş kletkalary kuwwatly bolýar. Kelleleri berk, dykyz, uzyn bolýar.

*Piknik tip.* Ösen garyn boşlukly bedenli, gowşak ösen muskully we opor dwigatel apparaty semremäge ýakyn, orta boýly, gysga boýny eginleriniň arasynda ýerleşýän adam.

Beden gurluşy, Kreçmeriň görkezişi we häzirki zaman psihogenetiki ylmynyň tassyklaýşy ýaly, belli bir derejede onuň psihiki keseller bilen kesellemegine ýakynlygyny görkezýär.

Astenikler we atletikler şizofreniýa keseli bilen kesellemäge golaý durýarlar.

Piknik tipli adamlar bolsa, köp halatlarda manikal-depressiw kesellere uçraýarlar.

Kreçmeriň pikirine görä, keseller şahsyýetiň belli bir tipli häsiýetlerine görä emele gelýär.

Şizofreniýa bilen kesellemäge ýakyn duran adamlary Kreçmer „şizotipler”, manikal-depressiw psihoz bilen kesellemäge ýakyn adamlary bolsa „siklotipler” diýip atlandyrýar.

Şweýsar psihology we psihiatry K. Ýung häsiýetleriň başga bir tipologiýasyny hödürleýär. Ol häsiýetleri şahsyýetiň gönükdirilmesi bilen baglanyşdyrýar we birnäçe psihososiotipleri tapawutlandyrýar.

Psihososiotip – bu dogabitdi psihiki gurluş bolup durýar we şahsyýetiň daşky gurşaw bilen anyk aragatnaşygyny (maglumat alyp-bermekligini) göz öňünde tutýar. Alym gylygyň aşakdaky dört görnüşini tapawutlandyrýar:

1. Ekstrowert-introwert;
2. Pikirleniş-emosional;
3. Rasional-irrasional;
4. Sensor-intuitiw.

Ýunguň bu taglymatyna görä, görkezilen tipleriň her birisi aýry-aýrylykda we beýleki tipler bilen baglanyşyklykda, gylygyň täze tiplerini emele getirip biler.

**UKYPLAR**

Ukyply adamyň gazanýan ýokary netijesi onuň nerw-psihiki aýratynlyklarynyň toplumynyň işiniň talaplaryna laýyk gelýänligi bilen düşündirilýär.

Şeýlelikde, ukyba adam şahsyýetiniň, onuň aýratynlyklarynyň, edýän işiniň talaplaryna laýyk gelýän we onda ýokary üstünlikleri üpjün edýän sintezi hökmünde kesgitleme berip bolar.

Ukyplaryň gurluşy şahsyýetiň ösüş derejesine bagly bolup durýar:

1. Reproduktiw başarnyklar,
2. Döredijilik başarnyklary.

Ukyplaryň ösüşiniň we ýüze çykyşynyň iň ýokary derejesi talant we geniý diýen terminler bilen atlandyrylýar.

Talantly adam hem, edil beýlekiler ýaly, döredýär, umumy işe öz hususy goşandyny goşýar. Ýöne ol eýýäm kesgitl ideýalaryň, ugurlaryň, barlaglaryň usullarynyň çäklerinde iş alyp barýar.

Genial adam ylmy-barlaglar babatynda, önümçilikde, edebiýatda we sungatda haýsydyr bir täze ýollary açýar, original zatlary döredýär.

**Zehinlilik**

Zehin – bu ukyplaryň heniz ösmedik, emma işleriň ilkinji synaglarynda duýulýan tebigy esaslarydyr.

Meýillilikler – bu täzeden döreýän ukybyň ilkinji we has irki alamatydyr.

Rus psihologiýa ylmynda, esasan hem, S.L.Rubinşteýniň we B.M.Teplowyň işlerinde ,,ukyplar", ,,zehinler" we ,,talant" düşünjelerini klassifikasiýa salmak synanyşyklary bar. Olaryň pikirlerini bir ýere jemläp aýtsak, zehinlilik işiň üstünligi nukdaý nazaryndan yzarlanylýar.

,,Ukyplar" indiwidiň indiwidual – psihologik başarnyklary, ýagny bir adamy beýlekilerden tapawutlandyrmak başarnyklary diýlip düşündirilýär. Şol ukyplaryň netijesinde bolsa, işiň üstünlikleri şertlendirilýär.

,,Zehinlilik" – bu ukyplaryň hil taýdan özboluşly utgaşmasy (indiwidual-psihologik utgaşma) diýlip düşündirilýär, işiň üstünligi, köp babatda, şoňa bagly bolup durýar.

Käbir ýagdaýlarda ukyplary dogabitdi, ýagny tebigy hasap edýärler. Emma, ylmy derňewleriň görkezişi ýaly, diňe meýiller dogabitdi bolup bilerler. Ukyplar bolsa, diňe meýilleriň ösmegi netijesinde ýüze çykarylýar.

Meýiller – bedeniň dogabitdi anatomo-fiziologik aýratynlyklarydyr. Ilkinji nobatda olara kelle beýnisiniň, duýgy we hereket organlarynyň gurluş aýratynlyklary, nerw ulgamyna degişli alamatlar degişlidir.

*Iş, onuň häsiýetnamasy*

Işe adamyň daşky gurşawy aňmagy we ony döredijilikli özleşdirmegi, şeýle hem, hut özüne hem-de öz ýaşaýyş şertlerine düşünmegine gönükdirilen işjeňliginiň ýörite görnüşi hökmünde kesgitleme berip bolar.

Adamyň işiniň döredijilikli häsiýeti oňa özüniň tebigy çäkliliginden çykmaklygyna, ýagny özünden öňküleriň şertli mümkinçilikleriniň duşundan geçip gitmekligine mümkinçilik berýär. Adam öndürijilikli zähmetiniň netijesinde belgi ulgamyny (söz, sanlar we ş.m.) ulgamyny, ýagny, özüne we tebigata täsir ediş ýaraglarynyň ulgamyny döretdi.

Adamyň işi aşakdaky esasy häsiýetnamalara eýedir:

Motiwler (sebäpler), maksat, predmet we gurluş aýratynlyklary.

Işiň motiwi diýip oňa iterýän, ýagny öňde goýlan maksada ýetmek üçin ediljek tagallalara aýdylýar.

Adatça, motiw bolup takyk talap öňe çykýar. Ol bolsa öz gezeginde şol işiň gidişinde we onuň kömegi arkaly kanagatlandyrylýar.

Motiwleriň aşakdaky ýaly görnüşleri bize mälimdir:

– organiki (janly) motiwler;
– material motiwler;
– sosial motiwler;
– ruhy motiwler.

Işiň maksady hökmünde onuň önümi öňe çykýar. Ol adam tarapyndan döredilen fiziki predmet, iş prosesiniň dowamynda ele alnan kesgitli bilimler, başarnyklar we endikler, döredijiligiň netijesi (pikir, ideýa) we ş.m. bolup göz öňüne gelýär.

Işiň predmeti bolup gönüden-göni onuň iş salyşýan obýekti durýar. Mysal üçin, aň ýetiriş işiniň predmeti hökmünde islendik maglumat, okuw işiniň predmeti bilim, başarnyk, endik bolup biler.

Islendik işiň belli bir gurluşy bolýar. Işiň gurluşy:

– hereketden;

– operasiýadan ybaratdyr.

Işiň görnüşleri:

1. Hyzmatdaşlyk;
2. Oýun;
3. Okuw we
4. Zähmetden ybaratdyr.

Hyzmatdaşlyk işiň ilkinji görnüşidir.Bu adamyň indiwidual ösüşiniň dowamynda ýüze çykýar. Şondan soň işiň beýleki görnüşleri herekete gelýär. Şol işiň herekete girizilmegi bilen çaganyň hususy we intellektual ösüşleri başlanýar. Iş ösüş häsiýetlidir. Hyzmatdaşlyk aragatnaşygy ýola goýan adamlaryň arasynda maglumat alyş-çalşygyny ýola goýmaklygy üpjün edýän işiň bir görnüşi hökmünde seredilýär. Hyzmatdaşlyk göni we gyýtaklaýyn, söz üsti we sözsüz bolup geçýär.

Oýun – bu işiň bir görnüşi bolup, onuň dowamynda haýsydyr bir material ýa-da ruhy önüm öndürilmeýär. Oýnuň birnäçe görnüşi bize mälimdir:

a) indiwidual we toparlaýyn;

b) predmetli we sýužetli;

ç) rolly we düzgün-tertipli;

d) garyşyk tipli oýunlar.

*Okuw işi.* Bu işiň bir görnüşi bolup, onuň dowamynda adam bilimleri, başarnyklary we endikleri yzygiderli we dowamly, ýagny üznüksiz almaklygy öz öňünde maksat edip goýýar. Zähmet işiniň netijesinde adam häzirki zaman jemgyýetini gurdy, maddy we ruhy medeniýetiň predmetlerini döretdi, durmuş şertlerini öz isleglerine laýyk özgertdi. Netijede bolsa, özi üçin çäksiz ösüşleriň gözýetimini açdy.

*Başarjaňlyk, endik we öwrendiklilik.*

Başarjaňlyk haýsydyr bir işi uly ussatlyk bilen berjaý etmeklige mümkinçilik berýän işiň elementidir. Mysal üçin, haýsydyr bir hereketi, operasiýany takyk we dürs ýerine ýetirmeklik başarjaňlykdyr.

Endikler hereketi ýerine ýetirmegiň kämilleşen, awtomatlaşan, instinkt derejesine ýetirilen, aňlanylman berjaý edilýän usulydyr.

Işiň ýene-de bir usuly – öwrendiklilikdir. Öwrendiklilik hereket etmek islegidir. Öwrendiklik emele geliş mehanizmi boýunça endikler bilen berk baglanyşyklydyr.

*Uýgunlaşma(adaptasiýa), onuň mehanizmi. Dezadaptasiýa.*

Uýgunlaşma – bu yzygiderli proses bolup, onuň netijesinde diri organizmleriň hereket edýän ulgamy, şertleriň hemişe üýtgäp durmagyna garamazdan, şol organizmleriň ýaşamaklygyny, ösüşini, köpelmeklerini dowam etdirmeklerini, durnuklylygy üpjün edýär, ony goldaýar. Adaptasiýa prosesi, onuň mehanizmi uzak ewolýusion ösüşleriň netijesinde gurşawyň hemişe üýtgäp durýan şertlerinde organizmiň ýaşamak ukybyny üpjün edýär.

Adamyň işiniň möhüm bölegini sosial adaptasiýa eýeleýär. Sosial adaptasiýa  şahsyýetiň sosial gurşaw bilen netijeli hyzmatdaşlygyny aňladýar. Eger-de, daşarky ýa-da içerki päsgelçilikler duýlan ýagdaýynda, adaptasiýa aşakdaky ýaly gorag mehanizmleriniň kömegi arkaly amala aşyrylýar:

1. Inkär etme – onuň manysy şikes ýeten maglumaty ykrar etmezlige gönükdirilýär.

2. Regressiýa ir döwürdäki sada hereketlere gaýdyp gelmek, dolanmak (çagalyga düşmek) ýa-da ýöntem hereketlere baş goşmakdyr.

3. Reaksiýanyň kemala gelşi kabul ederliksiz impulslaryň, emosional ýagdaýlaryň gapma-garşy tarapa geçmegi,

çalşyrylmagy emele getirýär (gödekligiň ýumşaklyk bilen çalşyrylmagy).

4. Gysyp çykarmak ýaramaz psihiki ýagdaýyň aňdan aňlanylmadyk ýagdaýynda gysyp çykarylmagy (adam, hamala diýersiň, ýaramaz zady „ýadyndan çykarýar”) bildirýär.

5. Basyp ýatyrmak ýakymsyz wakalary aňly-düşünjeli aradan aýyrmakdyr (ýaramaz maglumatlardan gaçmaklyk).

6. Üýtgetmek ýaramaz psihiki ýagdaýlara getirýän obýekti çalşyrmak, ony üýtgetmek ýa-da talaby üýtgetmekden ybaratdyr (äri başlygyndan eşiden käýinjini aýalyndan ýa-da çagalaryndan çykarýar).

7. Proýeksiýa özünde bar bolan kemçilikleri görüp bilmezlik, olary başga birinde görmek, olara geçirmek häsiýetidir.

8. Identifikasiýa isleýän, arzuw edýän zadyňy, häsiýetleriňi, sypatlary özüňde görmek maksady bilen özüňi ýasama ýa-da real personažlara deňeme usulydyr.

9. Rasionalizasiýa ýaramaz psihiki ýagdaýlary şol ýa-da beýleki bir hereketleriň bilen aklamagyň üsti bilen aradan aýyrmakdyr.

10. Sublimasiýa instinktiw islegli häsiýetleriňi(seksual, gödek) jemgyýet tarapyndan kabul ederlikli iş başarnyklary bilen çalşyrmaklyk, üýtgetmeklik, özgertmeklikdir.

11. Dezadaptasiýa bu bir proses bolup, onuň netijesinde gurşaw bilen bolup geçýän gatnaşyklarda kanundan çykmalara ýol berilýär.

*Sözleýiş, onuň funksiýalary. Sözleýşiň görnüşleri.*

Sözleýiş – bu adamlaryň arasyndaky aragatnaşyk serişdesidir. Pikirleniş prosesi sözleýiş bilen baglanyşyklydyr. Birinjiden, adamlar özleriniň pikirlerini sözleýşiň kömegi bilen biri-birlerine aýdýarlar. Ikinjiden, adamlar sözleýşiň kömegi bilen pikirlenýärler. Şunlukda, sözleýiş pikirlenmäniň formasydyr. Sözleýşiň esasy funksiýalary aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Belgilemek. Bu funksiýa adamyň sözleýşini haýwanlaryň aragatnaşygyndan tapawutlandyrýar.

2. Umumylaşdyrmak. Bu funksiýa arkaly söz pikirlenme bilen berk baglanyşýar.

3. Aragatnaşyk. Bu sözleýişiň üçünji funksiýasy bolmak bilen, onuň esasy funksiýasy bolmagynda galýar. Aragatnaşyk funksiýasy başga adamlar bilen baglanyşyk saklamaga gönükdirilen daşky sözleýşiň tertibi hökmünde çykyş edýär. Daşky sözleýiş arkaly täsir etmek käbir hünärdäki adamlaryň, ýazyjy-şahyrlaryň, agitatorlaryň, mugallymlaryň işiniň esasy görnüşidir.

*Sözleýşiň görnüşleri.* Sözleýşiň görnüşleri aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Daşky sözleýiş;
2. Içki sözleýiş.

Psihologiýada sözleýşiň daşky we içki görnüşlerini tapawutlandyrýarlar. Daşky sözleýiş başgalar üçin bolup, içki sözleýiş bolsa, bir özüň üçindir.

Daşky sözleýiş dilden we ýazuw üsti bilen bolup biler. Ondan başga-da, dilden sözleýşiň çäklerinde iki görnüşi tapawutlandyryp bolar:

1. Dialogiki sözleýiş hem-de
2. Monologiki sözleýiş.

Sessiz sözleýiş (hereketleriň üsti bilen), sesli sözleýiş, dilden we ýazuw üsti, daşky we içki sözleýiş – bularyň ählisi-de sözleýşiň görnüşleri bolup durýarlar.

**ARAGATNAŞYK, ONUŇ GURLUŞY.**

Aragatnaşyk – bu bilelikdäki işiň talaplaryndan gelip çykýan, adamlaryň arasyndaky aragatnaşygy ýola goýmagyň köp planly prosesidir.Şol bitewi aragatnaşyk prosesiniň dowamynda onuň üç tarapy tapawutlandyrylýar:

– kommunikatiw (maglumatlary alyp-bermek);

– interaktiw (özara aragatnaşyk);
– perseptiw (özara kabul ederlikli).

Habar berýän adamyň maglumaty iki tipli bolup, olar gönükdiriji we takyklaýjy ýaly tiplere bölünýärler.

Gönükdiriji maglumatlar buýruk, maslahat, haýyş görnüşlerinde aňladylýar.

Ol haýsydyr bir işi, hereketi höweslendirmek maksadyndan ugur alýar. Höweslendirmek hem öz gezeginde dürli-dürli bolup biler. Ilkinji nobatda ol bellenilen ugur boýunça işleri ýaýbaňlandyrmak, işjeň ýagdaýa gönükdirmek bolup durýar.

Interdiksiýa islenilmeýän işiň , herketliň gadagan edilmegini aňladýar.

Destabilizasiýa ylalaşylmazdan, özbaşdak edilen işiň, herketiň netijesinde emele gelen ýagdaýdyr.

Takyklaýjy maglumat habar görnüşinde öňe çykyp, dürli bilim ulgamynda bolup biler.Ýöne ol hereketlerde, özüňi alyp baryşda hiç hili üýtgemeleri göz öňünde tutmaýar.

Islendik maglumat diňe belgileriň, has takygy belgiler ulgamynyň üsti bilen berlip bilner, amala aşyrylýar. Olar werbal we werbal däl belgiler ulgamy bolup, biri-birinden tapawutlanýarlar hem-de aragatnaşyk prosesinde giňden ulanylýarlar.

Werbal kommunikasiýa belgiler ulgamy hökmünde adamyň sözleýşini, tebigy sesli dili, ýagny iki prinsipi özünde jemleýän fonetiki belgiler ulgamyny görkezip bolar: leksiki we sintaktiki prinsipler. Sözleýiş aragatnaşygyň iň bir uniwersial serişdesi bolup hyzmat edýär.

Werbal däl kommunikasiýa özüne şu aşakdaky belgiler ulgamlaryny birleşdirýär:

1. Optiko-kinetik,
2. Para-we ekstralingiwistik,
3. Organiki giňişligi we kommunikatiw prosesiň wagtyny,

4. Wizual kontakty (gatnaşygy).

Bu prosesleriň ählisi birigip, aşakdaky funksiýalary berjaý etmeklige gönükdirilendir: sözleýşiň üstüni doldurmak, sözleýşiň ornuny tutmak, kommunikatiw proses boýunça garşydaşyň emosional ýagdaýyny üýtgetmek we ş.m.

Belgileriň optiko-kinetik ulgamy özüne sözsüz hereketleri, mimikany we pantomimikany birleşdirýär.

Paralingiwistik we ekstralingiwistik belgiler ulgamy werbal kommunikasiýanyň üstüni ýetirýär(temp, sözleýşiň ritmi we ş.m.).

*Aragatnaşygyň funksiýalary.*

Aragatnaşygyň aşakdaky alty görnüşi bize mälimdir:

1. Pragmatiki funksiýa. Bu funksiýa aragatnaşygyň motiwasion-talap sebäplerini şöhlelendirýär we bilelikdäki iş prosesiniň dowamynda adamlar tarapyndan amala aşyrylýar. Şol bir wagtyň özünde aragatnaşygyň özi iň möhüm talap bolup öňe çykýar.

2. Ösmek we kämilleşmek funksiýasy. Aragatnaşyk döwründe şahsyýet öz hyzmatdaşyna täsir etme başarnygynyň çäklerinde täsirini ýetirýär. Bu prosesiň dowamynda ol öz başarnyklaryny ösdürýär we kämilleşdirýär. Beýleki adamlar bilen aragatnaşygy ýola goýmak bilen adam taryhy şertlerde emele gelen umumadamzat tejribesini, sosial normalary, ruhy we maddy gymmatlyklary, bilimleri we iş başarnyklaryny özleşdirýär, şeýle hem şahsyýet hökmünde kemala gelýär.

3. Subutnama funksiýasy. Bu funksiýa adamlara özlerini aňlamaklaryny, ykrar etdirmeklerini, subut etmeklerini üpjün edýär.

4. Birleşmeler we dargamalar funksiýasy.

5. Şahsyýetara gatnaşyklaryny guramak we goldamak funksiýasy.

6. Şahsyýetiň içki gatnaşyklary funksiýasy. Bu şahsyýetiň özünde bolup geçýän içerki gatnaşyklary (içki we daşky sözleýiş) bildirýär.

*Gatnaşyklaryň kommunikatiw stili we görnüşleri.*

Adatça, aragatnaşyk prosesinde bolup geçýän adamlaryň özara gatnaşyklarynyň on sany stili hakynda gürrüň gidýär:

1. Dominant (agalyk ediji) stili. Kommunikasiýanyň bolup geçýän pursatynda beýlekileriň täsirini peseltmek strategiýasy;

2. Drama stili. Aragatnaşygyň mazmunyna emosional reňk bermek we ony ulaldyp görkezmek stili.

3. Jedelli, wawwaly ( gazaply ýa-da subut ediji) stil;

4. Rahatlandyryjy stil (söhbetdeşiň tolgunmasyny gowşatmak maksady bilen aragatnaşygyň manerasyny ýumşadýan stil);

5. Täsir galdyryjy stil (beýlekilere täsir etmek maksatly strategiýa);

6.Takyk ( gatnaşygyň takyk we abat bolmaklygy) gatnaşyk stili;

7. Ünsli bolmaklyk (beýlekileriň gürrüň edýän zady bilen gyzyklanma);

8. Ruhgöterijiligiň stili (werbal dil hereketler-žest, žestikulýasiýa, göwre hereketleri);

9. Ýoldaşlyk gatnaşyklary stili beýlekileri açyk höweslendirmek we olary gatnaşyklarda gyzyklandyrmak;

10. Açyk stil. Gorkman, çekinmän öz pikirlerini, duýgularyny, emosiýasyny, özüniň ,,meniniň” şahsy aspektini aňlatmaga ymtylyş stili.

*Aragatnaşygyň görnüşleri:*

Köpçülikleýin kommunikasiýa,

Toparara kommunikasiýa,

Milletara kommunikasiýa,

Milli kommunikasiýa.

*Aragatnaşygyň interaktiw tarapy*

Aragatnaşygyň interaktiw tarapy şertli bir adalga bolup, ol bilelikdäki işleri guramakda adamlaryň arasynda bolup geçýän aragatnaşygyň komponentleriniň häsiýetnamasyny aňladýar. Bu ýerde aragatnaşyk adamlaryň arasyndaky şahsyýetara gatnaşyk bolup hyzmat edýär, ýagny ol olaryň bilelikdäki işleriniň netijesinde emele gelýän gatnaşyklaryň we özara täsirleriň jemi bolup durýar. Bilelikdäki şahsyýetara hereketler adamlaryň arasynda bolup geçýän giňişleýin yzygiderli gatnaşyklara bolan reaksiýa bolup durýar: „B” indiwidiň hereketlerini üýtgedýän „A” indiwidiň hereketleri soňky tarapyň garşylyklaýyn reaksiýasynyň bolup geçmegine getirýär, ol bolsa öz gezeginde „A”- nyň herketlerine täsir edýär.

Aragatnaşyk we bilelikdäki iş jemgytýet tarapyndan nusgalyk hökmünde kabul edilen sosial ülňeleriň esasynda bolup geçýär we adamlaryň arasynda bolup geçýän bilelikdäki hereketleri we gatnaşyklary kadalaşdyrýar. Her bir kadadan çykma sosial gözegçiligiň mehanizmini herekete getirýär. Ol bolsa, öz gezeginde, kadadan çykylmany dogry ýola salýar, ony düzgüne laýyk ýola goýýar. Bu bolsa, düzgün-nyzamlylygyň bardygyna, adamlaryň her bir düzgünden çykma nägilelik bildirýändigine, ony hasaba alýandygyna güwä geçýär.

Sosial ülňüleriň diapazony adatdan daşary giňdir: zähmet düzgün-nyzamlylygynyň talaplaryna laýyk gelýän görelde, harby borç, watançylyk düşünjelerinden başlap, tä ýönekeý mylakatlylyk düzgünlerine çenli (kada-kanunlary berjaý etmek) öz içine alýar.

Adamlaryň sosial ülňülerden ugur almaklary, oňa ýüzlenmekleri olary edýän hereketleriniň öňünde jogapkär edip goýýar, edýän işlerini we ýüz urýan hereketlerini kadalaşdyrmaga mümkinçilik berýär, edýän işleriniň dogrulygyna ýa-da dogry däldigine baha bermäge esas döredýär. Şol ülňülerden ugur alýan, edýän her bir işini olara deňeýän adam beýlekiler bilen ýola goýýan aragatnaşyklarynda

olardan özlerine geregiçe peýdalanýarlar, gatnaşyklaryň etalon görnüşlerini saýlap alýarlar. Bilelikdäki hereketlerde sosial gözegçilikler aragatnaşykda bolýan adamlaryň repertuaryndaky rollara esaslanyp amala aşyrylýar. Psihologiýada rol diýip hereket edýän düzgün-kada laýyk gelýän nusgalyk hereketlere düşünilýär.

Jemgyýetde şol bir adam dürli roly berjaý edip biler.Rol gatnaşyklarynyň köp bolmaklygy olaryň arasynda çaknyşmanyň, ýagny rol konfliktiniň emele gelmegine getirýär. Adamlaryň arasynda dürli rollarda bolup geçýän arabaglanyşyklar garaşylýan netijä laýyk ýola goýulýar. Adam islesin-islemesin, barybir adamlar onuň hereketinden nusgalyk ülňä laýyk geljek alamatlara garaşýarlar. Ol ony hökmany suratda şol talaplara laýyk berjaý edäýmeli. Kazydan adalatly hereketlere, eneden çagasyna bolan söýgä, mähire, stýuardessadan mylakatlylyga, ýaşuludan pähim-paýhasa garaşylyşy ýaly. Şol ýerine ýetirilýän rollara adamlar, jemgyýet degişli baha berýärler: ýagşy hereketler goldaw tapýar, ýaman hereketler bolsa ýazgarylýar.

Gatnaşyklaryň dowamynda diňe oňyn netijelerine gözüň düşmeýär. Käbir ýagdaýlarda özara düşünişmezlik hem ýüze çykýar. Muňa şahsyýetara konfliktem diýýärler.

**ŞAHSYÝETARA PERSEPSIÝA**

Özara düşünişmeklik bolmasa, bilelikdäki hereketler bolup bilmeýär. Şunlukda, biz bir zada anyk göz ýetirýäris:aragatnaşyk mahaly hyzmatdaşyň beýleki bir hyzmatdaşy kabul edişine, ýagny bir adamyň beýleki bir adamy kabul edişine akyl ýetirýäris. Bu proses aragatnaşygyň hökmany elementleriniň biri bolmagynda, biz ony şertli ýagdaýda, aragatnaşygyň perseptiw tarapy diýip atlandyrýarys. Bu ýerde gürrüň şahsyýetara persepsiýanyň aýratynlyklary hakynda gidýär, ýagny adamyň adamy kabul edişi hakynda. „Kabul ediş” bu ýerde psihologik manyny aňlatmaýar diýip aýdyp bileris. Sebäbi, bu ýerde bir adamyň beýleki bir adamy öwrenmegi, oňa göz ýetirmegi bolup geçýär.

Aragatnaşyk prosesiniň dowamynda adam şahsyýet hökmünde hereket edýär, beýleki bir adam tarapyndan hem ol şahsyýet hökmünde kabul edilýär.Adamyň özüni alyp barşynyň daşky görkezijileri boýunça, S.L. Rubinşteýniň sözleri bilen aýtsak, biz onuň daşky keşbini okaýarys. Şonuň netijesinde emele gelýän täsirleriň esasynda aragatnaşygyň möhüm taraplary açylýar. Başga bir adama aň ýetirenimizde, oňa emosional taýdan baha bermek hem bolup geçýär. Bu prosesiň dowamynda azyndan iki adam aragatnaşykda bolup, olaryň her birisi aktiw subýekt hökmünde öz hereketini beýleki subýektiň hereketleri bilen deňeýär.

**Şahsyýetara attraksiýa**

Şahsyýetara kabul etmelerde problemalaryň aýratyn toplumy ýüze çykýar. Adamlar diňe bir biri-birlerini kabul etmek bilen çäklenmeýärler, eýsem, şol gatnaşyklaryň dowamynda biri-birlerine bolan kesgitli gatnaşyklary hem kemala getirýärler. Şol gatnaşyklara berilýän bahalardan çen tutsak, onda adamlarda biri-birlerine bolan aýratyn duýgynyň kemala gelýändigine güwä geçýäris. Kabul edýän adamyňa bolan emosional gatnaşyklaryň derejesi dürli-dürli bolýar.

Bu mehanizm psihologiýa ylmynda attraksiýa diýlip atlandyrýarlar.

Attraksiýa – bu kabul edýän adam tarapyndan kabul edilýän haýsydyr bir adamyň özüne çekijiliginiň kemala geliş prosesidir.

Attraksiýanyň bize mälim bolan dürli derejeleri bardyr. Olara simpatiýa, dostluk we söýgi ýaly düşünjeler degişlidir. Simpatiýa – bu adamyň haýsydyr bir zada bolan oňyn (položitel) bahasy, oňa ýakyn durmagydyr.

Durmuş ssenariýesiniň ösüşiniň belli bir derejesinde simpatiýa dostluga, hatda söýgä hem ösüp geçip biler, ýa-da şol öňki görnüşinde, ýagny simpatiýalygynda hem galyp biler.

Bu gatnaşyklaryň esasynda hoşgylawlyk ýatmalydyr. Bu bolsa hökmany faktor bolup durýar.

Dostluk – bu bilelikdäki hereketkeriň we gatnaşyklaryň durnukly indiwidual-seçiji ulgamydyr.Dostlugyň esasyny iki tarapyň hem biri-birine bolan hoşniýetli simpatiýasy düzýär. Dostlar öz gatnaşyklarynda sözsüz hem biri-birlerine düşünip, goldap bilýärler. Olar mimikanyň, pantomimikanyň, sesiň modulýasiýasynyň, belgileriň üsti bilen hem aragatnaşygy ýola goýup bilýärler. Dürli durmuş situasiýalarynda hem dostlaryň hereketleri, gatnaşyklary, häsiýetleri birmeňzeş bolup biler. Sebäbi, köp babatda, olaryň ahlak ülňüleri golaý gelýär.

Söýgi – bu emosional-duýgy gatnaşyklarynyň iň ýokary formasy bolup durýar. Söýginiň görnüşlei dürli-dürlüdir. Olara:

– doganlyk söýgüsi;
– ene söýgüsi;
– erotik söýgi;
– adamyň özüne bolan söýgüsi;
– hudaýa bolan söýgi;
– köre-kör söýgi we ş.m. degişlidir.

**TOPAR, TOPARLARYŇ KLASSIFIKASIÝASY**

Topar möçberi , düzümi we häsiýeti boýunça uly bolmadyk durnukly, agzalary umumy maksatlary boýunça baglanyşdyrylan we agzalarynyň arasynda gös-göni gatnaşyk saklanylýan (işi, etnik düzümi, sosial we synp aýratynlygy bolan) adamlaryň birleşmesine ilkinji topar diýilýär. Ilkinji toparda adamlaryň sany ikiden az we 30-40 adamdan köp hem bolmaly däldir.

Durmuşda uly we kiçi toparlar tapawutlandyrylýar.

Uly toparlar şertli ýagdaýda şeýle atlandyrylyp bilner. Olaryň agzalary bolup durýan adamlaryň biri-birini tanap, ýakyndan aragatnaşykda bolup durmaklygy hem hökman däldir. Hatda, olar hiç mahal bir-birlerini görmän hem bilerler. Bu toparlary birleşdirýän umumy häsiýetli sosial we psihologik aýratynlyklar

bolup, şolaryň esasynda uly toparlary göz öňüne getirip bolar (milli, dini, syýasy,ýaş, jynsy we ş.m.häsiýetli aýratynlyklary boýunça).

Kiçi toparlar diýip düzümi boýunça uly bolmadyk, agzalaryny umumy sosial iş birleşdirýän hem-de gönüden-göni şahsy aragatnaşykda bolýan toparlara kiçi toparlar diýilýär. Kiçi toparlarda emosional gatnaşyklar, toparyň düzgünleri, normalary we umumy maksatly işleri emele gelýär.

Toparlar öz gezeginde şertli we real toparlara bölünýärler. Real toparlary kiçi we uly, resmi we resmi däl, durnukly we pursatlaýyn, guramaçylykly we özakymly, galtaşýan we galtaşmaýan toparlara degişli edip bolar.

Kämähallar kiçi toparlaryň düzümi çylşyrymly häsiýete eýe bolýar. Mysal üçin, uly synplarda 4-5 adamdan ybarat , golaý aragatnaşykda ýören ýetginjek okuwçylary görmek bolar. Şeýle toparlaryň içgin öwrenilmegi ýola goýulýan çylşyrymly aragatnaşyklaryň ulanylmagynda öz beýanyny tapýar.

Kiçi toparlary hem öz içine alýan uly toparlaryň düzümi dürli görnüşe eýedir:

1. Sosial synplar (daýhanlar, işçiler,bogema (durnukly mümkinçilikleri bolmadyk intelligensiýa wekilleri), prosloýka we ş.m.);

2. Dürli etnik toparlar (aziýalylar, ýewropalylar, afrikalylar we ş.m.);

3. Profesional toparlar (mugallymlar, lukmanlar,menežerler we ş.m.);

4. Ýaş toparlary (çagalar, ýetginjekler, ýaşlar, garrylar we ş.m.);

Häzirki zaman psihologiýa ylmynda toparyň 10 sany hili-sypaty tapawutlandyrylýar:

1. Integratiwlilik – topar agzalarynyň biri-birleri bilen umumylygyny, birligini, bütewiligini görkezýän ölçeg birligi (integratiwlililgiň ýoklugy-dagynyklyk, dezintegrasiýa);

2. Referentlilik – toparyň etalonlaryny onuň agzalarynyň kabul ediş derejesi;

3. Liderlik – toparlaýyn meseleleri berjaý etmek işinde toparyň agzalaryny öz yzyna düşürip bilmek başarnygy;

4. Introtopar işjeňlik (aktiwlik) – bu topary emele getirýän agzalaryň beýleki toparlara edýän işiniň derejesi, ölçegi;

5. Intertopar işjeňlik – şol toparyň täsiriniň beýleki toparlara edýän täsiri.

6. Toparyň gönükdirilmesi – bu indiwid tarapyndan edilýän işleriň motiwleri, toparlaýyn ülňeleri we ugur alýan gymmatlyklary;

7. Guramaçylyklylyk – toparyň öz-özüni dolandyrmaklyga bolan real başarnygy;

8. Emosionallylyk – emosional häsiýetli şahsyýetara aragatnaşyklar, ýagny toparda agdyklyk edýän emosional joşgunlylyk;

9. Intellektual kommunikatiwlilik – toparda höküm sürýän şahsyýetara gatnaşyklarda özara düşünişmekligiň we kabul etmekligiň, umumy dil tapmaklygyň häsiýetli taraplary;

10. Erk kommunikatiwligi – adatdan daşary ýagdaýlarda toparyň kynçylyklara we päsgelçiliklere garşy durup bilmek başarnyklary, onuň ygtybarlylygy.

**Konformizm we nonkonformizm.**

Kiçi toparyň emele geliş prosesi iki podprosesi özüne birikdirýär. Olaryň ilkinjisinde topara täze agzanyň gelip goşulyşmagy bolup geçýär.

Olaryň ikinjisi bolsa toparda jebisligiň, agzybirligiň, biri-birlerine golaýlaşmaklygyň bolup geçýänligini nygtaýar.

Birinji ýagdaý öwrenilende konform fenomeni ýüze çykaryldy, ýagny täze gelip goşulyşan agzanyň toparyň täsirine, onuň talaplaryna tabyn edilýänligi anyklanyldy. Bu fenomen Solomon Aşyň we onuň egindeşi Kurt Lewiniň geçiren eksperimentlerinde hasaba alyndy. Soňky eksperimentlerde bellenişi ýaly,täze gelip goşulyşan agzanyň intellektual derejesi näçe ýokary bolsa, şonça-da onda konformizm problemasy pes duýulýar.Uly ýaşlylarda konform meselesi kiçi ýaşlylara garanyňda az duýulýar.

Ýaş toparlarynyň arasynda iň gowşak, konform taýdan çalt üýtgeýän, toparyň tabynlygyna tiz uýgunlaşýan topar ýetginjeklik ýaş topary bolup çykdy.

Konform üç görnüşde bolup biler:

1. Içerki – bu ýerde ynandyrmak hadysasy yzarlanylýar. Toparyň täze agzasy bolup geçýän wakalary, obýekti toparyň gözi bilen kabul edip ugraýar;

2. Daşarky – topar bilen formal ylalaşyk gazanylýar, ýöne agzanyň situasiýa, waka bolan öz hususy garaýşy saklanylyp gaýar;

3. Negatiwlik – bu ýerde toparyň agzasy toparyň beýleki agzalarynyň yzyna düşmeýär, olaryň aýdýanlaryny gaýtalamaýar, ýöne olardan daşda durmaklyga ymtylýar. Bu görnüşli täsirdäki adam toparynda bar bolan, bolmadyk ýagdaýda toparyň daşyndaky ýokary sosial statusly adamyň pikirine, düşünjesine tabyn bolmak meýli bolýar, ýagny awtoritetiň diýeni bilen bolmaklyk onuň durmuşyna ornaşýar.

Amerikan psihology S.Milgremiň pikirine görä, bu ýerde jogapkärçilikden gaçma, bolup geçen ýaramaz ýagdaýyň netijesini başga biriniň üstüne atma ýaly ýagdaý öňe çykýar.

*Nonkonformizmde* konformizmiň tersine, indiwidiň toparyň pikirini iňkär etmesi bolup geçýär.Indiwid bu ýerde toparyň

tabyn ediji hereketlerini ýazgarýar, oňa garşy durýar, ol öz özbaşdaklygyny gorap çykyş edýär.

*Sosiometriýa*

Kiçi topar sosial ylymlar ulgamynda derňew obýekti hökmünde esasy orny eýeleýär. Ol sosial-tejribe, nazary-derňew we dolandyryjylyk häsiýetli meseleleriň ençemesini özünde jemleýär. Adamyň sosial mikrosredasyny döredýän, gönüden-göni kiçi toparda bolup geçýän bilelikdäki prosesler şahsyýeti terbiýelemek we kemala getirmek işinde adatdan daşary güýçli faktor bolup durýar. Şahsyýetiň işini sosial-psihologik jähtden höweslendirmek we dolandyrmak meselesi hem sosiometriýanyň meselelerine degişlidir.

Kiçi topar, tutuşlygyna alnanda, sosial ulgamda möhüm element bolup durýar. Bu gatnaşyklaryň mehanizmini bilmeklik ylmy esasly gurnalan işi dolandyrmagyň sosial tarapyny aňladýar.

Kiçi toparyň içinde gatnaşyklary emosional taýdan gönüden-göni derňemegiň netijeli görnüşi hökmünde sosiometriýa (sosietas-jemgyýet atly latyn hem-de ölçeýärin diýen grek sözlerinden) öňe çykýar. Sosiometriýa toparda onuň agzalarynyň sanyna laýyklykda, şahsyýetara gatnaşyklaryň gurluşyny anyklaşdyrmaga mümkinçilik berýän sosial-psihologik görnüş hökmünde ykrar edilýär.

Sosiometriýa prosedurasy şu aşakdaky üç wezipäni berjaý edýär:

1. Toparyň agzybirlik/agzalalyk derejesini ölçemek;

2. Simpatiýa-antipatiýa alamatlaryna laýyklykda, toparyň agzalarynyň sosiometriki pozisiýasyny anyklamak. Bu işiň gidişinde toparyň lideri we ýüz dönderilen agzasy belli edilýär;

3. Toparyň içindäki mikro toparlary we olaryň liderlerini ýüze çykarmak. Bu ugra daýanyp, topar agzalarynyň içinde

meşhur we meşhur däl, aktiw we aktiw däl agzalaryny ýerbe-ýer goýup bolýar.

Sosiometriýa ugry özünde bar bolan kemçiliklerine we artykmaçlyklaryna garamazdan, oňat ylmy-derňew netijelerini berýär. Şonuň üçin hem, bu usul sosial psihologiýa pudagynyň möhüm usullarynyň biri bolmagynda galýar.

*,,Lider" düşünjesi*

Islendik topar özüniň gurluşyna eýedir. Şeýle gurluş basgançak görnüşinde bolup, onuň çür depesinde toparyň lideri durýar. ,,Lider" (iňlis dilinde leader-alyp baryjy, ýolbaşçy) diýip toparyň garamatyny öz üstüne alan, beýlekileri yzyna düşürip bilýän, inisiatiwaly, iş başarýan, edýän işine düşünýän, toparyň agzalarynyň isleg-arzuwlaryny berjaý etmekde gujur-gaýratyny gaýgyrmaýan, olaryň ynamyna giren adama aýdylýar.

Lider bolup resmi taýdan belli bir wezipä formal saýlanan (synp ýolbaşçy, toparyň starostasy, syýasy partiýanyň lideri, zawodyň direktory we ş.m.) we hukugy hiç bir ýerde kesgitlenmedik, emma sözi geçýän formal däl ýagdaýdaky adam hem bolup biler.

Kiçi toparlarda (bu talyp topary hem bolup biler) toparyň agzalaryny birleşdirmek, jebisleşdirmek hem-de olaryň işlerini ugrukdyrmak toparyň lideriniň paýyna düşýär. Ol toparyň her bir agzasy bilen işjeň gatnaşyklarda bolmalydyr, şeýle gatnaşyklary ýola goýmaklyga borçludyr. Şol bir wagtyň özünde, onuň guramaçylyk ukyplary, aýry-aýry taraplary ýüze çykýar hem-de şahsy häsiýeti aýdyňlaşýar: emele gelen situasiýadan baş alyp çykyp bilmek başarnygy, netije çykaryp bilmek, jogapkärçiligi öz üstüne almak, dogry ugry saýlap-seçip bilmek we ş.m.

Liderçiligiň esasy şertleriniň biri az wagtyň içinde köp maglumata eýe bolup bilmek başarnygydyr.

Topar bilen ýola goýlan gatnaşyklarda lideriň özüni alyp barşynyň şahsy stili möhüm rol oýnaýar (awtoritar, berk ýa-da

demokratik). Lideriň üstünligi ýa-da onuň işiniň paşmazlygy toparyň emosional ýagdaýyna uly täsir edip biler. Şonuň üçin, lideriň toparyň keýpini öz wagtynda duýmagy, olaryň isleglerini we matlaplaryny bilmegi, bähbitlerini arap çykyş etmegi uly ähmiýete eýedir. Diňe şonda ol köpçülikleýin hereketiň, partiýanyň, jemgyýetiň simwolyna öwrülip biler.

*Agzybirlik (jebislik) we agzalalyk (jedel).*

Agzybirlik diýip toparyň agzalaryny saklamak üçin, olaryň ählisine deň derejede täsir edip biljek güýje aýdylýar. Toparda agzybirlik prosesi topar agzalarynyň birleşmeginde bolup geçýär. Ol toparyň agzalarynyň iş-aladalarynyň, matlaplarynyň sazlaşygynda döreýär, ösýär we kemala gelýär.

Sygyşmaklyk – bu adamlaryň aragatnaşyk prosesinde olaryň häsiýetleriniň amatly sazlaşygy bolup, işiň bilelikde üstünlikli ýerine ýetirilmegine ýardam edýär.

Sygyşmaklykda adamlaryň şahsyýetara gatnaşyklary ýüze çykýar. Başgaça aýdanymyzda, sygyşmaklyk adamlaryň bilelikde hereket etmek we düşünişmek başarnyklarynyň jemidir.

Sygyşmaklygyň üç görnüşi bolup, olar: fiziki, psihologik we sosial-psihologik sygyşmaklykdyr.

Fiziki sygyşmaklyk bile işleýän iki ýa-da birnäçe adamyň fiziki taraplarynyň sazlaşygynda (güýçleriniň we çydamlylygynyň sazlaşygynda) ýüze çykýar.

Psihofiziki sygyşmaklygyň esasynda analizator ulgamynyň aýratynlyklary, şeýle hem temperamentiň häsiýetleri ýatýar. Sygyşmaklygyň bu görnüşinde adamlaryň bilelikdäki hereketleriniň dowamynda olaryň özara gatnaşyklarynda ýa-da beýleki analizator ulgamynyň çäklerinde duýgurlyk düşünjesi aýgytlaýjy bolýar.

Sygyşmaklygyň şu görnüşiniň çäklerinde temperamentiň has hem uly ähmiýeti bardyr.

Sosial-psihologik sygyşmaklyk adamlaryň sosial rollary üstünlikli ýerine ýetirmegine ýardam edýän şahsy aýratynlyklary bolan adamlaryň özara gatnaşygyny göz öňünde tutýar. Şeýle ýagdaýda häsiýetleriň, ukyplaryň meňzeş bolmagy hökman däl, ýöne olaryň sazlaşykly bolmagy welin hökmany şertdir.

Konfliktler şahsyýetara gatnaşyklarda döräp bilerler. Konflikt – munuň özi sosial we şahsy durmuşyň haýsydyr bir meselesini çözmek bilen baglanyşykly adamlaryň arasynda döreýän gapma-garşylykdyr. Konflikt döredýän situasiýalarda adamlaryň häsiýetlerinde, meýillerinde, hereketlerinde, maksatlarynda, isleg-arzuwlarynda, temperamentlerinde gapma-garşy duýgular, emosialar, hereketler ýüze çykyp ugraýar.

Konfliktiň ýüze çykmagynyň köpsanly sebäpleriniň arasynda fiziki, psiho-fiziologik we sosial-psihologik babatlardaky sygyşmazlyklar belli bir orun tutýarlar.

Öz ösüşiniň dowamynda konflikt hökmany bolmadyk birnäçe basgançagy geçýär.

Şol basgançaklaryň dowamlylygy dürli-dürli bolup biler. Ýöne onuň dowamlylygy her bir ýagdaýda-da birmeňzeşdir.

Konfliktiň döremeginiň öňüsyrasyndaky situasiýa konflikte girişjek subýektleriň arasynda emele gelen gapma-garşylyklaryň dartgynly ýagdaýa geçip ugramagy ýa-da şeýle alamatlaryň göze ilip başlamagy bilen baglanyşykly ýagdaýdyr.

Ýöne gapma-garşylyklaryň konflikte ösüp geçmedik ýagdaýlary hem bolýar.

Insident – taraplaryň arasynda gapma-garşylykly ýagdaýlaryň ýüze çykmagyna, başlanmagyna sebäp bolan çaknyşykdyr. Insident tarp ýerden hem döräp biler, onuň ýörite, emeli ýol bilen döredilýän pursatlaryna hem duşulýar. Insidenti göz öňünde tutulýan konfliktden öz maksatlaryny araýan üçünji bir adam ýa-da tarap hem döredip biler.

*Taraplaryň açyk gapma-garşylyklarynyň başlanýan döwri.*

Bu döwürde taraplaryň açyk hereketleri başlanýar. Tarap öz maksatlaryna ýetmek üçin garşylykly tarapyň tekliplerini ret edip, özüniňkini öňe sürýär.

Kulminasiýa – bu konfliktiň iň ýokary nokadydyr. Bu ýagdaýda taraplaryň gapma-garşylygynyň çözülişi bolup geçýär (topar dargaýar, är-aýal aýrylyşýar).

*Emosiýalar we duýgular.*

Emosiýalar we duýgular – munuň özi adamyň töwerekdäki zatlara we öz-özüne bolan özboluşly gatnaşyklarydyr.

Duýgularyň we emosiýalaryň esasy funksiýalary:

1. Signal berijilik,
2. Dolandyryjylyk.

Duýgularyň signal berijilik funksiýasy gynançlaryň daşky sredada we adamyň organizminde bolup geçýän özgerişlere laýyklykda döreýänligi bilen baglanyşyklydyr.

Duýgularyň dolandyryjylyk funksiýasy durnukly gynançlaryň şahsyýetiň özüni alyp barşyna täsir etmekden ony goldaýandygyndan, duş gelen päsgelçilikleri ýeňip geçmäge ýardam edýändiginden ýa-da işiň gidişine päsgel berip, öňüne böwet bolýandygyndan ybaratdyr.

*Duýgularyň görnüşleri*

Psihologiýada manysy boýunça aşakdaky duýgulary tapawutlandyrýarlar:

*Moral duýgular*

Adamda beýleki adamlara, jemgyýete bolan gatnaşyklarynda emele gelýän içerki ahlak gatnaşyklaryň görkezijisi.

*Intellektual duýgular*

Adamda onuň akyl ýetirijilik başarnyklarynyň netijesinde ýüze çykýan duýgy.

*Estetik duýgular*

Adamda jemgyýetçilik durmuşyny, tebigatda bolup geçýän hadysalary we sungat eserlerini kabul eden wagtynda ýüze çykýan duýgularyň jemi.

*Durmuşy duýgular*

Adamyň ýaşaýşy bilen bagly ýüze çykýan duýgular toplumy.

Adamyň aladalary bilen baglylykda iki sany düşünje orta çykýar:

*Duýgy we emosiýa.* Bu iki düşünje manysy boýunça birmeňzeş düşünje ýaly bolup görünse-de, olary derejesi boýunça tapawutlandyryp bolar.

*Emosiýa* – bu bolup geçýän hadysa adamyň şol pursatdaky gatnaşygydyr. Emosiýa, adatça, pursatlaýyn (situatiw) häsiýete eýedir. Iş prosesiniň dowamynda adamda emele gelen emosional ýagdaý onuň şähdini , işjeňligini üýtgedip biler: ýagşy-ýaman, ýokary-pes we ş.m.

*Wäşilik we kinaýa*

Wäşilik duýgusy hoşniýetli, durmuşy söýýän we gowy zatlar bilen bir hatarda, kiçijik ýetmezçilikleri we gowşaklyklary ýüze çykaryp bilýän adamlara mahsusdyr.

Kinaýa duýgusy dünýä, adamlara we öz-özüňe bolan ýiti tankydy garaýyşlaryň aňlatmasydyr. Kinaýa adamyň durmuşda goýberen haýsydyr bir kemçiligini, hatasyny we ýalňyşyny rehimsiz paş edýän baha beriş garaýyşlaryň mazmunynda çykyş edýär. Kinaýa hiç kimi we hiç zady gaýgyrmaýar.

*Emosional ýagdaýlar*

Şahsyýetiň durmuşynda emosional ýagdaýlaryň ähmiýeti uludyr. Olar belli bir wagtyň dowamynda adamyň bütin psihiki işini bezeýärler we intensiwlik derejesi boýunça tapawutlanýan keýplerde we göçgünli (affektiw) ýagdaýlarda ýüze çykýarlar.

*1. Hyjuwlar.* Ymtylyşyň ýeke-täk maksadyna, predmetine ýetmäge gönükdirilen gowşamaýan energiýany emele getirýän,

güýçli, durnukly, uzak wagtlaýyn duýgulara hyjuw diýilýär. Hyjuwyň predmeti dürli-dürli bolup biler.

*2. Keýp.* Keýp-munuň özi adamyň ähli beýleki başdan geçirmelerini we işlerini bezeýän has köp ýa-da az durnukly emosional ýagdaýdyr.

*3. Göçgünlik (effekt) ýagdaýy.* Göçgünlik ýagdaýy kem-kemden ýokarlanýan emosional dartgynlyk arkaly ýüze çykýar.

*4. Stress.* Stress – munuň özi garaşylmadyk we dartgynly şertlerde döreýän emosional ýagdaýdyr.

*5. Frustrasiýa.* Bu durnukly otrisatel tolgunmasyny döredýän, aşa närazylyk, meýilleriň gabalmagy, aňyň we hereketleriň bozulmagy bilen utgaşýan emosional ýagdaýdyr.

*Erk*

Erk – munuň özi öňde goýlan maksada ýetmek ýolundaky kynçylyklary ýeňip geçmeklige zerur bolan güýç sarp etmeklik bilen utgaşýan aňly hereketdir. Şahsyýetiň ýönekeý we çylşyrymly erk hereketlerini tapawutlandyrmak bolar. Ýönekeý erk hereketleriniň iki basgançagy bolup, olar: a) maksat goýmak we b) ýerine ýetirmekdir.

Çylşyrymly erk hereketlerinde dört bölümçe göze ilýär:

– maksat goýmak,
– motiwleriň görnüşi,
– netijä gelmek,
– ýerine ýetirmek.

Isleg – munuň özi talabyň oý-pikirde bar bolan mazmunydyr. Isleg hereketiniň sebäbi bolup biler. Isleg artdygyça we onuň meýline akyl ýetirildigiçe, ol arzuwa öwrülýär. Isleg bildirmek entek hereket etmek däldir.

*Netijä gelmek.* Çylşyrymly erk prosesinde motiwleriň göreşiniň yzy bilen, öňde goýlan maksada ýetmegiň ýollaryny planlaşdyrmak dowam edýär. Käte netijä gelmegiň we ony

ýerine ýetirmegiň umumy usullary maksadyň döremegi bilen bir wagtda döreýär. Bu ýagdaý, haçan-da, motiwleriň göreşi ýok bolan wagtynda ýüze çykýar.

Bulardan başga-da, erkiň ýerine ýetirmek we erk tagallalary ýaly basgançaklary hem bardyr.

Adamyň erkli häsiýetleri aşakdakylardan ybaratdyr:

*1. Maksada gönükdirmeklik.* Maksada gönükdirmeklik diýip şahsyýetiň jemgyýetçilik ähmiýetli maksatlary öňde goýmagy we oňa ýetmek ugrundaky ýüze çykýan erkli häsiýetlerine aýdylýar.

*2. Aýgytlylyk.* Şahsyýetiň bir maksady çalt we paýhasly saýlamaklygynda we şol maksada ýetmegiň tärlerini kesgitlemeginde ýüze çykýan erkiň häsiýetine aýgytlylyk diýilýär. Aýgytlylyk şahsyýetiň erkiniň ýokary derejede ösenliginiň şaýatnamasydyr.

*3. Tutanýerlilik.* Şahsyýetiň özüni alyp barşyny bellenilen maksadalaýyklykda durnukly gönükdirmäge we oňa gözegçilik etmäge bolan ukybynda ýüze çykýan erkli häsiýetine tutanýerlilik diýilýär.

*4. Çydamlylyk.* Bu şahsyýetiň erkli häsiýeti bolup, ol maksada ýetmäge päsgel berýän psihofiziki hadysalara garşy durup, olary saklap bilmek ukybynda ýüze çykýar. Çydamlylyk şahsyýetiň häsiýeti bolup, onda erkiň saklamak funksiýasy ýüze çykýar.

*5. Özbaşdaklyk.* Şahsyýetiň hususy inisiatiwasy boýunça öz öňünde maksat goýmak, oňa ýetmegiň ýollaryny tapmak we kabul edilen kararlary praktikada ýerine ýetirmek başarnyklarynda ýüze çykýan erkiň häsiýetine özbaşdaklyk diýilýär.

*6. Erki terbiýelemek.* Erki terbiýelemegiň usullary örän köpdür. Ýöne olaryň ählisi üçin hem şu aşakdaky şertler mahsusdyr:

1. Belli bir maksada ýetmek üçin, kynçylyklary we päsgelçilikleri ýeňip geçmeklik erki terbiýelemegiň birinji şertidir.

2. Öz hereketleriňe baha bermek, olaryň netijelerini aňlamak, keseden seretmek endigini emele getirmek erki terbiýelemegiň ikinji şertidir.

3. Içki we daşky päsgelçilikleri ýeňip geçmegi hemişe özüňe öwretmek erki terbiýelemegiň üçünji şerti bolup durýar.

4. Erki terbiýelemegiň dördünji şerti, kabul edilen kararlaryň, öňde goýlan maksadyň amal edilmeginden ybaratdyr.

# EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Eserler ýygyndysy. – Aşgabat: TDNG, 2007.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. – Aşgabat: TDNG, 2007.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. – Aşgabat: TDNG, 2007.

4. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Täze Galkynyş eýýamy. – Aşgabat: TDNG, 2007.

5. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Döwlet adam üçindir. – Aşgabat: TDNG, 2008.

6. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I tom. - Aşgabat: TDNG, 2008.

7. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. II tom. - Aşgabat: TDNG, 2009.

8. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. III tom. - Aşgabat: TDNG, 2010.

9. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. I tom. -Aşgabat: TDNG, 2010.

10. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. II tom. -Aşgabat: TDNG, 2010.

11. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Älem içre at gezer. Roman. – Aşgabat: TDNG, 2011.

12. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Janly rowaýat. – Aşgabat: TDNG, 2011.

13. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Döwlet guşy. Roman. – Aşgabat: TDNG, 2014.

14. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ynsan kalbynyň öçmejek nury. – Aşgabat: TDNG, 2014.

15. *Atdaýew Ýe.* we başgalar. Mugallymçylyk mekdepleri üçin synag okuw kitaby.-A.: Ylym neşirýaty, 2010.

16. *Басаров Б.* Вопросы психологии характера. – А., 1977.

17. *Басаров Б.* Проблемы психологии устойчивости личности. – А., 1981.

18. *Basarow B.* Gysgaça psihologik sözlük. – A.: Türkmenistan, 1993.

19. *Basarow B.* Sosial psihologiýa. Aşgabat: Ylym, 2010.

20. *Батышев А.В.* Темперамент и характер (психика идея всех) М.,2001.

21. *Бруслинский А.В.* Психология мышления и проблемное общение. - М., 1983.

22. *Фрейд З.* Психология бессознателного. - М., 1989.

23. *Фрейд З.* Введение в психоанализ. - М., 1991.

24. *Гамеза М.В. Домашенка А.* Атлас по психологии. -М., 1986.

25. *Гирренрейтер Й.Б.* Введение в обшую психологию. - М., 1988.

26. *Галперин П.Я.* Введение в психологию. М., 2000.

27. *Халджанов Ш.* Гарашсызлык педагогикасы. – А., 1995.

28. *Ждан А.Н.* История психологии. От античности до наших дней. -М., 1990.

29. *Крутеский В.А.* Психология. М., 1990.

30. *Немов Р.С.* Психология. М., 1990.

31. *Nohurow A., Nohurow A.A.* Umumy psihologiýa. Lukmançylyk ýokary okuw mekdebi üçin okuw gollanma. – A.: TDNG 2007.

32. *Pirliýew G.* Türkmen halk pedagogikasy. – Aşgabat, 1981.

33. *Pirliýew G.* Türkmen halk döredijiligi. – Aşgabat, 1992.

34. *Pirliýew G.* Etnopedagogika we häzirki zaman terbiýesi. – Aşgabat, 1995.

35. *Paşalakow., B.Basarow, Hydyrowa H.* Umumy psihologiýa. A., 1992.

36. *Панкратов В.Н.* Искусство управлять собой. – М., 2001.

37. *Сеченов И.М.* Рефлексы головного мозга. – М., 1987.

38. *Смирнов А.А.* Избранные психологические труды. В 2-х т. – т. 1 - М., 1987.

39. *Вертгеймер М.* Продуктивное мышление. – М., 1987.

40. *Ярошевский М.Г.* История психологии. – М., 1985.

# MAZMUNY

GIRIŞ . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 7
PEDAGOGIKANYŇ UMUMY MESELELERI . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 9
PSIHOLOGIÝANYŇ UMUMY MESELELERI . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 96
EDEBIÝAT . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 175

*Ç. Ýusupow, Ş. Hudaýberdiýew*

# PEDAGOGIKA WE PSIHOLOGIÝA

(Umumy düşünjeler)


| | |
|---|---|
| Redaktory | *S. Ärnazarow* |
| Teh. redaktor | *T. Aslanowa* |
| Kompýuter bezegi | *A. Nurmuhammedowa* |

Çap etmäge rugsat edildi 28.08.2014.
Ölçegi 60x84 $^{1}/_{16}$. Edebi garnitura. Çap listi 11,25.
Hasap-neşir listi 6,85. Neşir № 92. Sargyt № 94. Sany 500.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň "Ylym" neşirýaty.
744000. Aşgabat, Türkmenbaşy şaýoly, 18.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň "Ylym" çaphanasy.
744000. Aşgabat, Bitarap Türkmenistan şaýoly, 15.